**TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY**

**TARYH WE ARHEOLOGIÝA INSTITUTY**

# BEÝIK MAGTYMGULY WE TÜRKMEN DURMUŞY

*(Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan ylmy makalalar ýygyndysy)*

Aşgabat
«Ylym» neşirýaty
2023

UOK 001:82+394(575.4)
B 55

**B 55 Beýik Magtymguly we türkmen durmuşy.** Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan ylmy makalalar ýygyndysy. – Aşgabat: Ylym, 2023. – 232 sah.

TDKP № 131, 2023 KBK 72+84 Tür 1

© Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy, 2023
© Taryh we arheologiýa instituty, 2023
© «Ylym» neşirýaty, 2023



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ
# DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Gahryman Arkadagymyz**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*«Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň iň çylşyrymly döwründe ýaşan, agzybirlik, garaşsyzlyk, özbaşdak döwlet gurmak ýaly beýik maksatlara öz döredijiligi bilen gulluk eden ynsanperwer şahyrdyr».*

# SÖZBAŞY

Hormatly Arkadagymyz, Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň hem-de Arkadagly Serdarymyzyň uly tagallasy hem irginsiz aladasy bilen türkmen jemgyýetiniň hertaraplýyn ösüşi barha öňe ümzük atýar. Munuň öz taryhy sebäpleri hem-de şertleri bardyr. Soňky ýyllarda halkyň medeni derejesiniň, ylmy kuwwatynyň görnetin ýokarlanmagy, hemme zatdan owal, onuň sosial-ykdysady ösüşinden gözbaş alýar. Şoňa görä, islendik halkyň ylym, medeniýet, intellektuallyk taýdan ösüşi, kemala gelşi, ýeten derejesi hemişe, ähli döwürde endigan hem birsydyrgyn bolmaýar. Jemgyýetçilik aňynyň aýratynlyklaryna, derejesine laýyklykda, ol dürli üýtgeýişleri, öwrümleri başdan geçirýär. Aýry-aýry döwürlerde onuň ösüşi ilerlemek bilen bolýar, käte bolsa yzagaýdyşlar duýlup ugraýar, käte-de ol öz ösüşiniň röwşen belentligine çykýar. Şeýdip, onuň durmuş-ýaşaýşynyň, sözüň doly manysyndaky medeniýetiniň, aňyýetiniň hem etniki aýratynlyklarynyň taryhy kemala gelýär. Taryhy nukdaýnazardan seredilende, bu halkyň kesgitli döwürde başdan geçirýän sosial-ykdysady, jemgyýetçilik, syýasy, harby şertleri bilen kesgitlenilýär.

Ol biziň halkymyz babatda-da şeýle boldy. Onuň ylmy hem estetiki derejesi, medeniýeti, umuman, milli aňyýet babatda XVII asyryň tamamlanmagy bilen başlanan Täze döwrüň

röwşen belentlige çykan ösüşini taryha girizmek, XVIII asyryň paýyna düşdi. Bu asyr türkmen halkyna öň taryhyň hiç bir döwründe başdan geçirmedik milli ösüşini, aňyýetiň baş ölçegi bolan estetiki pikiriň – edebiýatyň iň ýokary derejedäki nusgasyny bagyş etdi, intellektual ösüşi irden gelýän ösen, estetiki pikiri ýene has kämil, büs-bütin başgaça derejede hem-de häsiýetde goýandygy bilen tapawutlandy. Şunda geň galdyrýan bir ýagdaýy aýratyn bellemek gerek. Gürrüňi edilýän döwürde türkmen halkynyň taryhy ykbaly çendenaşa ýitileşen etniki gapma-garşylyklara, sosial kynçylyklara duçar boldy, takdyryň ýowuz synaglary bilen aýgytly göreşe girmek, onuň paýyna düşdi. Hertaraplaýyn agyr şertlerde milli aňyň ösüşiň görlüp-eşidilmedik derejesine çykmak hadysasynyň sebäplerini gutarnykly hem anyk seljermek, elbetde, ýeňil-ýelpaý iş däl. Ýöriteleýin ylmy barlagy talap edýän bu meseläni aýdyňlaşdyrmak üçin, XVIII asyr türkmen durmuşyny her taraplaýyn, jikme-jik öwrenmeklik hem seljermeklik zerur bolup durýar.

XVIII asyrda beýik Magtymgulynyň ýiti paýhasyndan hem ideýa, hem poetika taýdan kämil şygryýet kemala geldi. Ýöne şol kämilligiň düýp mazmuny nämede? Onuň şygryýetiniň, pähim-paýhasynyň hem şahsy kämilliginiň syry nirede? Bir söz bilen aýdanda, bu mazmunam, syram, hemme zatdan owal onuň Beýik Biribary, Onuň kämilligini kabul ediş ýollarynda, ondan soň bolsa, öz ideýa-estetik taýdan işläp düzen sosial, syýasy-jemgyýetçilik, moral-ahlak, filosofik garaýyşlar ulgamynda (sistemasynda) – onuň bütewi dünýägaraýşynda. Şularyň ählisiniň akyldaryň ýiti paýhasynda jemlenmeginiň, onuň ähli döwürleriň beýik şahsyýeti bolup taryha girmeginiň, elbetde, öz predposylkalary (ýüze çykmagy talap edýän ýagdaýlary), taryhy şertleri bardyr.

Türkmen halkynyň XVIII asyra gadam basyşy, halkyň tutuş geçmişini hasaba alanyňda-da, onuň geljekki ykbaly üçin örän agyr, çylşyrymly hem agyr pursat bolup taryha girdi. XVIII asyr türkmen halkynyň öňünde taryhyň hiç bir pursatynda goýulmadyk agyr synagy hem şerti goýdy. Öň çünki, mälim bolşy ýaly, "türkmen halky mundan beýlägem dürli meseleleriň çäginde tükeniksiz kynçylyklara döz gelmelimi?" diýen sorag gün tertibine çykypdy. Sebäbi ol döwürde halk özüniň tutuş gahrymançylygy, ýanbermezekligi, özboluşly intellektual-medeni aýratynlyklary bilen ençeme feodal döwletleriň, hanlyklaryň, emirlikleriň harby ekspansiýasynyň hem syýasy awantýurasynyň girdabynda bolup çykdy. Beýik akyldaryň işläp düzen örän kämil intellektual-estetiki sistemasy şulardan gözbaş alýan jemgyýetçilik bitertipligine hem büdür-südürligine garşy goýlan bütewi estetik-filosofik sistema hökmünde şineledi hem-de kemala geldi. Ol özüniň bütewi dünýägaraýşy üçin Ýakyn hem Orta gündogar, Orta Aziýa halklarynyň uzak asyrlaryň dowamynda gazanan ylmy hem estetiki ulgamyndan gözbaş aldy. Onuň filosofik-poetik taglymatynyň döremeginde, eýýäm ýatlanylyşy ýaly, özbaşdak hem jemgyýetçilik kämilligi, päkize ahlak baradaky ideýalar şamçyrag boldy. Ol sosial-jemgyýetçilik meseleleriniň çözgüdini sagdyn garaýyşlardan, döwrüň öňdebaryjy, örän çylşyrymly filosofik-psihologik, sosial-estetiki ylmy bolan sufistik-mistiki taglymatyň, orta asyrlar bilen XVIII asyry birleşdirip duran ideýa köprüsi bolup hyzmat eden atasy Döwletmämmet Azadynyň ideýalaryndan gözledi.

Ine, şu häsiýet onuň ylmy-poetiki ulgamynyň baş aýratynlygy bolupdy. Şoňa görä, Magtymgulynyň bütewi paýhasy XVIII asyr bilen bilelikde türkmen halkynyň taryhynda orta asyrçylyk sosial-ykdysady tertip-düzgünlerinden düýpli ta-

pawutlanýan täze bir eýýamyň – taryh ylmynda «Täze döwür» diýlip atlandyrylýan aýratyn bir döwrüň başyny başlady diýip hasap etmek dogry bolar. Başgaça aýdanda, Magtymgula gelip, türkmen taryhynyň ençeme babatda umumylyklar bilen häsiýetlenýän orta asyrçylyk eýýamy öz ömrüni paýawlady. Klerikal-sufistik pikiri goldanan Döwletmämmet Azadynyň, beýik Magtymgulynyň, taryhçy hem mistik-romantik Şeýdaýynyň, orta asyrçylyk umumygündogar däplerine ýykgyn eden Nurmuhammet Andalybyň we beýlekileriň intellektual-jemgyýetçilik arena gelmegi bilen, ähli sosial-jemgyýetçilik nogsanlyklarynyň, moral-ahlak meseleleriniň goýy dumanynyň arasy bilen türkmen durmuşy täze, heniz görülmedik taryhy şertleriň çäklerine tarap gadam basdy. Diýmek, türkmen taryhynyň täze döwrüni orta asyrlaryň jümmüşine tarap yza çekmek, ylmy nukdaýnazardan dogry bolmaz. Şeýdip, beýik akyldaryň ägirt uly taryhy ähmiýeti, ilkinji nobatda, halkyň taryhynda Täze döwrüň başyny başlandygynda ýüze çykdy.

Akyldaryň bütewi ideýa-estetiki hyzmatyny bir ýere çugdamlap, onuň çylşyrymly hem agyr ruhy ahwalatyny kesgitläp duran bir ýagdaý bardy, ol – syýasy-jemgyýetçilik pikirdi. Bu Magtymgulyda juda özboluşly ruhy, ylmy hem estetiki sistema görnüşinde kemala gelipdi. Akyldaryň işläp düzen şu sistemasy örän giňdi we düýplüdi. Ol XVIII asyr türkmen jemgyýetiniň öňe çykaran ähli sosial meselelerini, ahlak kadalaryny, gözellik hem söýgi duýgularyny bitewi häsiýetde özünde jemläpdi.

Şu meseläni akyldar halal hem haram, ýagşy hem ýaman, ak hem gara, nebis hem ynsap, dogruçyllyk hem ýalançylyk, pelegiň çarhy hem ol dünýä ýaly gapma-garşylykly düşünje-obrazlaryň üsti bilen konseptual pikire öwrüpdir. Aslynda, beýik akyldaryň ylmy-estetiki sistemasy gapma-garşylykly pikirleriň netijesine esaslanýan sistemadyr.

Territorial-geografik aratapawutlardan, has hem bütewi milli döwlet sistemasynyň bolmazlygyndan ýüze çykýan tire-taýpalaryň etniki bitewülige ösüp geçmek şertleriniň örän gowşak ýagdaýynda, olaryň arasynda milli-etnik jebisligi wagyz etmek, merkezleşen döwlet gurmagy göz öňünde tutmasa-da, iň bolmanda, tire-taýpa konfederasiýasyny ýola goýmak mümkinçiligi we bu babatdaky ideýalar hem wagyzlar Magtymguly Pyragynyň syýasy-jemgyýetçilik garaýyşlarynyň bir ugruny emele getirýär.

Beýik Pyragynyň öz eserlerinde öňe süren, ine, şunuň ýaly ideýalary şu ýygynda giren ylmy makalalarda mümkingadar öz beýanyny tapdy. Ýygyndynyň Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh we arheologiýa institutynda taýýarlanylandygyna görä, oňa girizilen makalalaryň aglabasynda beýik akyldaryň şygyrlaryna, olaryň ideýalaryna, esasan, taryhy nukdaýnazardan çemeleşilýär, beýik akyldaryň türkmen çeper aňyny, şonuň bilen bitewülikde-de türkmen halkynyň abraýyny arşa götermekdäki hyzmatyna taryhçy alymlaryň garaýyşlary bilen baha bermeklige synanyşylýar, onuň belent ideýalary baradaky gürrüňlere, ylmy seljermelere häzirki – Garaşsyz hem baky Bitarap döwletimiziň gazanan üstünlikleriniň, Gahryman Arkadagymyzyň – Milli Liderimiziň, Arkadagly Serdarymyzyň ýiti paýhaslarynyň hem öňdengörüjilikli, ynsanperwer syýasatlarynyň halka beren eşretlerini, parahatçylykly hem döredijilikli zähmetden gelip çykýan gymmatyny nazara almak bilen çemeleşilýär.

**Baýrammyrat Taganow,**
**Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň**
**Taryh we arheologiýa institutynyň direktory,**
**filologiýa ylymlarynyň kandidaty.**

# MAGTYMGULY PYRAGY: “ŞAHSY HEM JEMGYÝETÇILIK KÄMILLIGINIŇ GÖZLEGINDE”

**Baýrammyrat Taganow**

Beýik Magtymguly türkmen halkynyň gahrymançylykdan hem gaýduwsyzlykdan püre-pür doly uzak taryhy geçmişinde türkmen ylmy-estetiki pikiriniň aýratyn bir sütüni bolup öňe çykdy. Beýik Ýaradanyň baky ideýalaryny milli ahlagyň esasynda goýmaklyga jan çekmekde, döwrüň türkmen jemgyýetine moral-ahlak, sosial, jemgyýetçilik-syýasy taýdan ylmy-poetik taýdan seljermekde, ugur-ýol salgy bermekde, VII asyrdan – yslamyň ýaňy bir şineläp ugran döwründen bäri Gündogar hem Günbatar filosofiýasynyň taryhynda aýratyn hadysa hökmünde kemala gelen sufistik-mistiki taglymaty XVIII asyr türkmen jemgyýetiniň öňe çykaran meseleleriniň çözgüdine laýyk gelýän konsepsiýalarda işlemek bilen, ony türkmen topragyna ornaşdyrmakda beýik akyldar ýeňil bolmadyk ýüki öz üstüne aldy.

Akyldaryň belent ideýalaryny öwrenmek babatda soňky geçen bir asyrlyk döwrüň dowamynda, ylmy işleriň uly tapgyry ýazylyp, halka ýetirildi. Şol işleriň arasynda hormatly Milli Liderimiz, Türkmenistanyň Gahrymany, akademik Gurbanguly Berdimuhamedowyň beýik Magtymguly Pyragy, onuň gaýtalanmajak genisi, pähim-paýhasy, eserleriniň taryhy ähmiýeti baradaky pikirleri Magtymgulyny öwreniş ylmynda ýerine ýetirilen düýpli işleriň hataryny bezeýär we öňe saýlanýar. Gahryman Arkadagymyzyň öz kitaplarynda [1] beýik akyldaryň eserlerine ýygy-ýygydan ýüzlenmegi, pikir-garaýyşlaryna hormat goýmagy hem alym arkadagymyzyň Magtymgulynyň ideýalaryna düýpli düşünýändigine güwä geçýär. Hatda hor-

matly Ýazyjymyzyň öz «Döwlet guşy» [2] romanynyň bir bölümini Magtymgulynyň «Ýeldim tut» şygrynyň ady bilen atlandyrmagy [3, 52] hem şundan gelip çykýar.

Beýik Magtymgulynyň şygryýetiniň düýp mazmuny nämede diýen sowal onuň dünýägaraýşyna düşünmeklige, oňa mynasyp baha bermeklige ymtylýan magtymgulyşynaslygyň baş maksadyndan gelip çykýar. Onuň şygryýetiniň, pähim-paýhasynyň, XVIII asyr türkmen intellektual aňyndaky täzelenişiň, ruhy ösüşiň, şeýle hem onuň şahsy kämilliginiň syry, dogrudan-da, haýsy ugurlarda ýüze çykdyka? Haýsy pikirlerde, haýsy garaýyşlarda kemala geldikä? Akyldary öwrenen alymlaryň esasy ünsüni çekmeli şu mesele, iň bolmanda, belli derejede aýdyňlaşdyrylsa, onda onuň intellektual hem umumy jemgyýetçilik hyzmatynyň düýp mazmunyna nähili-de bolsa, akyl ýetirip bolar. Bir söz bilen aýdaňda, bu örän uly aýratynlyk onuň öz öňünde goýan sosial, syýasy-jemgyýetçilik, ahlak-gözellik idealynda. Şu idealy tutuş jemgyýete gulluk etdirmek, XVIII asyryň şertlerinde ägirt uly intellektual derejäni, ösen graždanlyk (raýatlyk) duýgularyny, olardanam öň belent ahlak ölçegleriniň kemala gelmegini talap edýärdi. Elbetde, bularyň ählisi üçin döwrüň taryhy keşbiniň, syýasy-jemgyýetçilik şertleriniň uly ähmiýeti bardy.

XVIII asyrda türkmen jemgyýetiniň gurluşy sada gurluş däldi. Bitewi etniki birligiň üýtgewsiz saklanýan şertlerinde, her niçik hem bolsa, tire-taýpa psihologiýasynda, dünýägaraýşynda, intellektual häsiýetlerinde käbir aýratynlyklar, käte nähilidir bir çaprazlyklar göze ilmän durmaýardy. Bu döwrüň Magtymguly ýaly beýik şahsyýetiniň üstüne agyr ýüki ýükländigi, onuň tutuş şygryýetinden belli. Ýöne bu babatda ýene bir ýagdaý bar: şu agyr taryhy ýüki götermekde Magtymguly ýeke däldi. Gaty köp derejede bolmasa-da bu asyr türkmen halkyna şahsyýet babatda, nähili-de bolsa, gülüp bakypdy.

Döwletmämmet Azady, Şeýdaýy, Nurmuhammet Andalyp, Mahmyt Gaýyby, Abdylla Şabende, Gurbanaly Magrupy ýaly şahyrlaryň hemmesi hut şu asyrda, türkmen topragynda kemala gelipdi. Şeýdaýy babatda aýdylanda bolsa, Muhammetnazar Annamuhammedowyň adalatly belleýşi ýaly, ol ähli babatda Magtymgulynyň söbügini basyp barýan taryhçy, mistiki hem-de şahyr-romantikdi. Ine, döwrüň taryhy-jemgyýetçilik keşbi barada gürrüň edilende, şu hakykaty-da ünsden düşürmek bolmaz.

Taryhy işlerden, iki bilen, öňde atlary agzalan şahyr-akyldarlaryň eserlerinden, şeýle hem taryhy çeşmelerden mälim bolşy ýaly, XVIII asyr türkmen halkyny synaga salmak kemini goýmandyr. Taryhy döwürler biziň halkymyzy öňem az synaga saldy diýip bolmaz. Muňa orta asyrlar taryhy çeşmeleri şaýatdyr. Ýöne onuň Magtymgulynyň döwründäki synagy hiç döwürdäkä meňzemeýän, sözüň doly manysyndaky, hakyky taryhy synag boldy. Ine, şu synagyň çäklerinde-de Magtymgulynyň belent şahsyýeti kemala geldi. Magtymgulynyň örän ýokary poetika esaslanýan şygryýeti şol jemgyýetçilik hem syýasy nogsanlyklaryň gönüden-göni garşysyna goýlan özboluşly ylmy-estetiki taglymat hökmünde kemala geldi. Beýik Biribaryň baky ideýalary, Mukaddes Gurhanyň ahlak ündewleri, öz öňünde örän ýiti sosial hem moral meseleleri goýan sufistik filosofiýa, sopuçylyk-mistiki edebiýat, öz atasy Azadynyň jemgyýetçilik, ahlak garaýyşlary ony gandyran çeşmeler boldy; geçen pygamberleriň durmuş ýollarynyň, agyr ykballarynyň Magtymgulynyň öz idealyny halka äşgär etmeginde ägirt uly ähmiýeti bolupdyr:

Ýakup ogly ol Ýusupnyň käkilinden tutdular,
Urdular, aglatdylar «Gurt iýdi» diýip satdylar,
Niçe ýyl Eýýup pygamber tenni gurt iýip ýatdylar,
El-aýagyn baglaýyp, Ýunusny derýa atdylar,
Niçe wagt tagat çekip, «Hüw!» diýdi bir balyk bile.

Bardy Turuň dagyna, hak birle boldy ol Kelim,
Ötdi anlar, galdy dünýä, geçdi eýýamul-kadym,
Ýatsa ýer boldy düşek, örtgünjesi parça kilim,
Bakdy goýnun Şuaýbnyň ýedi ýyl Musa-kelim,
Çölde gezdi daýyman raz aýdyşyp Halyk bile.

Eý, aty ýüwrük ýigit, özi goçak, gülgün geba,
Munda jebr etgen kişi, ol günde bolgaý rusyýa,
Her kişi zor eýleýip, alsa bu gün, bergeý saba,
Ol weliler serweri Soltan Weýis dek öwlüýä,
Düşegi, örtünjesi boldy gara halyk bile.

Akyldar öz baş ylmy çeşmeleriniň biri hökmünde kabul eden atasy Döwletmämmet Azadyny hem, onuň tutuş intellektuallygy bilen bilelikde, pygamberiň bäri ýanynda goýýar. Akyldaryň «Pygamber destidir desti atamyň» diýip ýazmanka hertaraplaýyn, düýpli oýlanandygyna şübhe bolup bilmez. Onuň şu setiri öz içine alýan «Atamyň» atly ýokary poetikaly şygrynyň mazmun esasynda ýatan zat hem ýokary ahlak bilen döwrüň öňe çykaran jemgyýetçilik meseleleridir. Ýeri gelende bellenilse, Azady Magtymguly üçin ýokary poetiki çeşmeleriň hem biri bolupdy.

Diýmek, ahlak meseleleri babatda-da, syýasy-jemgyýetçilik, sosial-durmuş meseleleri babatda-da, galybersede, poetika-estetika babatda-da ol atasy Azadyny öz intellektual aňynyň kemala gelmegindäki baş çeşmeleriň biri hasap edipdir.

Şu ýerde gepiň gerdişine görä, ýene bir ýagdaýy belläp geçmek ýerlikli bolar; bu poetika hem dil meselesi. Dil, usul, poetika meselesinde Döwletmämmet Azadyny Magtymguludan pesde goýsak ýalňyşarys. Onuň eserleriniň, has-da «Wagzyazat» traktatynyň dili esasan, diňe türkmen diliniň öz içki baýlygyna esaslanýar. Emma şol bir wagtyň özünde Magtymguluda

formal (görnetin) poetiki serişde hökmünde arap hem-de pars dilleriniň leksikasyna agram berilýän ýagdaýlar seýrek däl, hatda beýik akyldarda «ýa miftahu-l jinan» ýa-da «nä hastaýäm, nä bimar, nä mordeäm, nä zände» diýen ýaly arap hem pars dilindäki setirler ýa-da jümle-düzümler seýrek duşmaýar. Emma Azadyda, öňde ýatlanylyşy ýaly, esasan, köne türkmen leksikasyna agram berilýär, poetiki usul babatda-da şeýle; «Wagzy-azatda» Hoja Ahmet Ýasawynyň hikmetleriniň, Nowaýynyň umumygündogarçylyk poemalarynyň, hatda kökleri antik eýýamynyň giçki asyrlaryna baryp ýetýän «Gorkut atanyň kitabynyň» yzlaryny hem saýgaryp bolýar [8].

Ýöne, muňa garamazdan, setirlerden görnüşi ýaly, Azady orta asyrçylyk estetiki däplerine köre-körlük bilen kökerilip, olardan çykman oturan şahsyýet däl, ol ýörgünli däplere eýermek bilen bir hatarda türkmen aňyna örän özboluşly estetiki nusgalary beren alym hem şahyrdyr.

Poetika babatda-da Azada, daşyndan seredäýmäge o diýen aýdyň görünmeýän, ýöne hakykatda irki türkmen estetiki pikirine mahsus bolan, başgarak derejedäki, örän ýiti hem güýçli poetiki ulgam (sistema) mahsusdyr.

Ine, şu we şuňa meňzeş ýagdaýlara görä, Magtymgulynyň atasyna tapylgysyz adam hökmünde garamagyny, diňe onuň öz atasy bolandygy bilen baglamak asla dogry bolup bilmez. Bu ýerde, dogrusyny dogry aýtsaň, ol halypalygy ilkinji orunda goýupdyr (muny «ylym öwreden ussat kyblam pederdir» diýen sözlerine salgylanmak bilen, öňki alymlar hem tassykladylar). Diýmek, akyldaryň «Atamyň» şygrynda atasyna berýän bahasynyň sebäplerini genetika bilen däl-de, ilkinji nobatda, onuň intellektual derejesi bilen baglamak dogry bolar.

Ine, şuňa görä, Magtymgulynyň bitewi paýhasy XVIII asyr bilen bilelikde türkmen halkynyň taryhynda orta asyr-

çylyk sosial-ykdysady gurluşlardan düýpli tapawutlanýan täze bir eýýamyň – taryh ylmynda atlandyrylyşy ýaly, Täze döwrüň başyny başlady diýip hasap etmek dogry bolar. Başgaça aýdanda, Magtymgula gelip, türkmen taryhynyň köp babatda, has hem, intellekt gatnaşyklarynda özara meňzeşlikler hem umumylyklar bilen häsiýetlenýän orta asyrçylyk eýýamy öz ömrüni büs-bütin tamamlapdy. Döwletmämmet Azadynyň, Magtymgulynyň, Şeýdaýynyň, Nurmuhammet Andalybyň we beýlekileriň intellektual-jemgyýetçilik meýdan-giňişligine (arena) gelmegi bilen, ähli sosial-jemgyýetçilik tozgunçylyklarynyň we moral-ahlak göýdükliklериniň goýy dumanynyň arasy bilen, türkmen durmuşy täze, heniz görülmedik taryhy şertleriň çäklerine tarap gadam basdy. Diýmek, gepiň gerdişine görä aýdylsa, onda taryhy nukdaýnazardan, türkmen taryhynyň täze döwrüni orta asyrlaryň jümmüşine tarap yza çekmek dogry bolmaz. Ine, şunda beýik Magtymgulynyň türkmen taryhyny döwürleşdirmek meselesi babatdaky uly hyzmaty ýüze çykýar we akyldary türkmen taryhy bilen berk baglap, usulyýetçilik taýdan onuň taryhy ähmiýetini arşa göterýär.

Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-azat» kitabyndaky Ýakyn hem Orta Gündogar halklarynyň etniki hem sosial geçmişi baradaky gürrüňleriniň, Magtymgulynyň öz döwrüniň taryhy şertlerine zamananyň öňe çykaran ölçegleri nukdaýnazaryndan baha bermeginde, gymmatly ylmy çeşmelik hyzmatyny ýerine ýetirendigine şübhe bolup bilmez. Onuň intellektual aňynyň esasy aýratynlyklarynyň birini kesgitleýän sopuçylyk-mistiki garaýyşlary-da gönüden-göni türkmen halkynyň döwrüň taryhyndan, sosial-jemgyýetçilik şertlerinden, halkyň taryhy ykbalyny kesgitlän şol şertleriň adalatsyzlygyndan hem ýowuzlygyndan gözbaş aldy. Şu mistiki ylmy taglymaty türkmen topragyna getiren Döwletmämmet Azadynyň [9] taryhy-jemgyýetçilik missiýasy bilen bagly bolupdy.

Hakykatdan-da ýiti sosial mazmuny, moral-etiki häsiýetleri, estetiki gymmaty öz baş şerti edip goýýan sopuçylyk taglymatyny uly alym, şu setirleriň awtorynyň doktorlyk temasynyň ylmy konsultanty Muhammetnazar Annamuhammedowyň dogry kesgitleýşi ýaly, eýýäm XVIII asyryň başlaryn-da türkmen topragyna ençeme asyrdan soň gaýtadan getiren meşhur Azady bolupdy. Bu jemgyýetçilik hadysasy asla sada hadysa bolmandy we sebäpsiz-şertsiz ýüze çykmandy. Şeýle ýagdaý – çylşyrymly filosofik-psihologik taglymatyň uzak taryhy arakesmeden soň, türkmen inetellektual aňynda ýene-de gaýtadan dikeldilmegi, döwrüň ýowuz gurluşynyň berk talaplary astynda bolup geçipdi.

Şeýdip, beýik akyldaryň ägirt uly taryhy ähmiýeti, ilkinji nobatda, türkmen halkynyň taryhynda Täze döwrüň başyny başlanlygynda ýüze çykdy.

Akyldaryň bitewi ideýa-estetiki hyzmatyny bir ýere çugdamlap, onuň çylşyrymly hem agyr ruhy ahwalatyny kesgitläp duran bir ýagdaý bardy, ol – syýasy-jemgyýetçilik pikirdi. Ol Magtymguluda özboluşly ruhy, ylmy hem estetiki sistema görnüşinde kemala geldi. Akyldaryň işläp düzen şu sistemasy örän giňdi hem düýplüdi. Ol XVIII asyr türkmen jemgyýetiniň öňe çykaran ähli sosial meselelerini, ahlak kadalaryny, gözellik hem söýgi duýgularyny bitewi häsiýetde özünde jemläpdi. Şunda ol jemgyýetçilik ahlagyny ähli gymmatlykdan ýokarda goýýar. Şu meseläni akyldar Rahman hem şeýtan, ýagşy hem ýaman, ak hem gara, nebis hem ynsap, dogruçyllyk hem kezzaplyk, rehim-şepagat hem zabunlyk, pelegiň çarhy hem ahyrzamana ýaly kontrast düşünje-obrazlaryň üsti bilen konseptual pikire öwrüpdir. Aslynda, beýik akyldaryň ylmy-estetiki ulgamy (sistemasy) gapma-garşylykly pikirleriň netijesine esaslanýan ulgamdyr (sistemadyr).

«Dünýe» nämäni aňladýar? Beýik akyldaryň dünýä berýän şu häsiýetnamasy örän dogrudy. Ol (dünýe) hakykatdan-da, garyby agladyp, ili dyndarmadyk dünýädi. Şu ýerde bir zada üns bermek gerek: «dünýe» – sözüň doly manysynda, giňişligi aňladýan düşünje. Ýöne, Magtymgulynyň diýýän dünýäsi-de şeýle manydaky, ýagny giňişlik manysyndaky dünýemi? Ýok, ol beýle däl. Akyldar öňde mysal alnan şygrynda bolşy ýaly, köplenç, «dünýäni» başga bir manyda ulanýar: jemgyýet, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň jemi, sosial şertler, galyberse-de, taryhy-syýasy ýagdaýlar. Ine, Magtymgulynyň dünýä diýýäniniň manysy şeýle. Şygryň dowamyndaky ýa-da umumy tekstdäki «zulum», «zalym», «rehimsizlik», «ýamanyň ody» ýaly garaýyşlar hem pikirler XVIII asyr jemgyýetiniň real (hakyky) taryhy keşbini çekýär.

Beýik akyldaryň taryhy garaýyşlary türkmen halkynyň XVIII asyrdaky ýaýraýyş ýagdaýlaryndan sowa geçip bilmez. Onuň döwründe şu mesele ýönekeý mesele däldi. Türkmen tire-taýpalarynyň ýaýrawy hem mesgen tutan ýerleri, syýasy hem harby nukdaýnazardan örän oňaýsyz bolup çykypdy. Taryhdan mälim bolşy ýaly, türkmenleriň bu döwürdäki belli derejede gysby oturymly ýerleri XIII–XV asyrlardaky demirgazyk-günbatar, ýagny Maňgyşlak ýarym adasy, günbatarda Balkanlar hem-de Horezmiň günorta-günbatar çäkleri [11, 43] bolmagyndan Türkmenistanyň örän giň çäklerine – günorta (Kürendag, Kesearkaç töwereklerine), Köpetdag eteklerine, gündogara – Lebaba, Amyderýanyň orta hem, ýokary akym kenarlaryna, günorta-günbatara (Etrek, Gürgen derýalarynyň kenarlaryna), Gürgen sähralyklaryna, Maşady-Missariana, Hazar deňziniň kenarlaryna çenli bolan uly giňişlige ýaýraýar . «Eýýäm, täze döwürde, XVIII–XIX asyrlarda tutuşlygyna Ahal, Etek çäklerine, Tejen, Murgap derýalarynyň kenarlaryna, şeýle hem, uly möçberde

hut Horezmiň öz çägine hem-de günorta-gündogarda onuň bilen goşulyşýan Amyderýa çäklerine aralaşýarlar» [11, 43–44].

Öňde ýatlanylyp geçilişi ýaly, şunuň ýaly giň çäklere ýaýran halkda nähilidir bir aratapawutlaryň ýüze çykmak mümkinçiligi hem aradan aýrylmaýardy. Beýik akyldaryň bitewülik konsepsiýasy, ine, esasan, şu ýagdaýlardan gözbaş alýardy.

Territorial (giňişlik)-geografik aratapawutlardan, has hem bitewi milli döwlet sistemasynyň (ulgamynyň) bolmazlygyndan ýüze çykýan tire-taýpalaryň gutarnykly etniki bitewülige ösüp geçmek şertleriniň örän gowşak ýagdaýynda, olaryň arasynda milli-etniki jebisligi wagyz etmek, merkezleşen döwlet gurmagy göz öňünde tutmasa-da, iň bolmanda, tire-taýpa konfederasiýasyny ýola goýmak mümkinçiligi, bu babatdaky ideýalar hem wagyzlar Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik garaýyşlarynyň, döwrüň taryhy şertlerine hem ýagdaýlaryna ylmy-estetiki seljerme berşiniň bir ugruny emele getirýär. Şeýle taryhy şertleriň beýik akyldaryň ýaşan döwründe hakykatdan hem türkmen jemgyýetinde dowam edendigini, üns berseň, onuň pikirlerinden aňmak kyn däl.

Akyldaryň türkmen tire-taýpalarynyň agzalalygy babatdaky ýanjamalary hem şertli häsiýetdedi. Dürli häsiýetli ownuk-uşak, wagt nukdaýnazaryndan, döwürleýin sosial-durmuş meselelerini halkyň taryhy ykbaly o diýen ýokary derejeli ýagdaý hökmünde kabul etmeýär, ýöne olar, Magtymgulynyň ýaňzydyşy ýaly, harby şertlere ösüp geçäýse, onda ol, hakykatdan-da, «şeýtany» işe, «körlüge» öwrülýär. Magtymgulyny alada goýan ýagdaýlaryň biri, ine, şu bolupdy. Çünki akyldaryň pikiriçe, munuň daşarky duşmanlar babatda-da öz çygryny giňeltmek howpy ara düşse-de, düşübermelidi; hemme zatdan owal, şahyr-akyldar şundan ätiýaç edýärdi.

Magtymguly şeýle meselä öz işläp düzen ylahy-ylmy, ahlak-estetiki gurluşda uly ähmiýet berýär. Ol bolsa onuň

pikir-garaýyşlarynda tire-taýpa serdarlaryna ýüzlenmekligiň, şeýle hem, dürli syýasy düşünjeleriň üsti bilen, ylahy-ruhy başlangyçlaryň, Beýik Biribaryň ahlak-etiki talaplarynyň fonunda işlenilýär. Akyldaryň muňa kämil jemgyýetçilik ahlagyny gazanmak ideýasy bilen örän utgaşykly çemeleşişi, XVIII asyra çenli bolan umumytürki hem umumygündogar, şonuň bilen bir hatarda-da, türkmen estetiki pikirine düýbünden ýatdy.

Magtymgulynyň bitewi konsepsiýasy oňa çenli bolan intellektual gurluşlar bilen deňeşdireniňde, uly täzelik bolup ýaýrady. Onuň dünýägaraýşy Beýik Ýaradan, ynsan hem pelek-jemgyýet, olaryň özara bölünmeýän gatnaşygy baradaky dünýägaraýyş bolup kemala gelipdir. Şu dünýägaraýşy akyldaryň heniz görlüp-eşidilmedik täze bir estetiki gurluşa salmagy, onuň adyny arşa göteren esasy şertleriň biri boldy.

Ýene bir zat: Magtymgulynyň kämil ynsan hem kämil jemgyýet baradaky konsepsiýasy, ägirt uly iki taglymatyň – ortodoksal ylahy taglymatyň hem-de sopuçylyk-mistikanyň konseptual ideýalarynyň çäklerinde kemala gelipdi. Akyldaryň garaýyşlarynda şu iki gurluşyň wagt babatda esasan, aýry-aýry pursatlarda ýüze çykýandygyny synlamak bolýar. Ýöne, her niçik hem bolsa, XI asyrdan, meşhur filosof Abu Hamid al-Gazalynyň filosofiki umumylyk konsepsiýasynyň yzlary, Magtymgula çenli bolan filosofiki pikirde-de, Magtymgulyda-da mese-mälim saýgardýar. Elbetde, bu ýagdaý Magtymgulynyň pikir öwrüşinden görnüşi ýaly, olaryň ideýa umumylyklaryndan gelip çykýar. Ýöne, her niçik hem bolsa, olary Magtymguly aýry-aýry taglymatlar hökmünde kabul eden hem bolsa, olaryň ikisinem deň derejede öz baş idealyna öwrüpdir.

Gysgaça aýdanda, beýik akyldaryň moral-ahlak, syýasy-jemgyýetçilik, sosial ideýalaryna esaslanýan konsepsiýalar toplumyny, şonuň bilen baglylykda-da onuň ahlagy hem kämil-

ligi wada berýän dünýägaraýşyny, beýik şahsyýet hökmündäki taryhy hyzmatyny şunuň ýalyrak göz öňüne getirmek bolar.

Beýik Magtymguly Pyragynyň eserleri XVIII asyr türkmen jemgyýetiniň tutuş tebigatyndan, onuň bitewi, sistematik şertlerinden syzylyp çykdy. Akyldaryň dürli ylmy sistemalara belet bolan ylmy-estetiki aňynyň gapma-garşylykly, çylşyrymly häsiýete eýe bolmagy-da, döwrüň öňe çykaran şol ýönekeý bolmadyk, halk hem-de tire-taýpa jemgyýetini emele getiren ahlak-etiki ýagdaýlar, harby-syýasy hem sosial-ykdysady şertler bilen bagly bolupdy we döwrüň jemgyýetçilik gurluşynyň çylşyrymlylygyndan hem-de jemgyýetçilik aňynyň gapma-garşylyklylygyndan gelip çykypdy. Türkmen edebiýatynyň XVIII asyrdan gözbaş alan millileşmek hadysasynyň kerwenbaşysy bolmak, onuň paýyna düşüpdir.

XVIII asyr türkmen topragyna özi bilen bile ahlak, estetiki hem jemgyýetçilik aňynyň formalarynyň goşulyşan halyny alyp geldi. Jemgyýetiň tutuş tebigatynda döwülme bolup geçýärdi we ol tire-taýpa agzalalygy bilen şertlenýän ykdysady hem syýasy tozgunçylygyň, köneçil patriarhal düzgün bilen täze döreýän syýasy pikirleriň arasyndaky gapma-garşylyklaryň barha ýitileşmek şertlerinde bolup geçýärdi. Şu döwülmäniň merkezinde syýasy dagynyklyk hem durnuksyzlyk durýardy. Şonuň bilen aýrylmaz baglanyşyklylykda, ykdysady-durmuş şertleriniň egbarlamagy, ahlak kadalarynyň sagdynlygyna howp salýardy. Şahyryň pikirlerinden çen tutsaň, onuň döwründe türkmen jemgyýetiniň dürli mazmunly sosial gatlaklara bölünendigini görmek bolýar. Möwriti geçip barýan patriarhal hem-de gitdigisaýy barha möwç alýan feodal gatnaşyklarynda agalyk etmeklige dyrjaşýan hanlar, begler, aksakgallar, töreler, tire-taýpalaryň syýasy durnuklylygyny saklamaga dalaş edýän halk serdarlary ýa-da hanlary (mysal üçin, gökleňle-

riň arasynda Çowdur han, Döwletaly han we başgalar), galp hem-de milli bähbitlerden ugur alýan sagdyn pikirli ruhanylar topary (mekdep-medreseler hem şu topara degişlidir), mistikler-sopular hem derwüşler topary, milli buržuaziýanyň käbir iň sada elementlerini ýatladýan ownuk täjirler, hünärmentler, ahlak taýdan pese gaçan aýratyn sosial toparlar ýaly gatlaklar hem-de köpçülik – ýönekeý halk, jemgyýetiň sosial gurluşyny emele getiren bolsa gerek. Magtymguly Pyragynyň çeper aňynyň adatdan daşary çylşyrymly häsiýete eýe bolmagy, ine, şu ýagdaýlar bilen şertlenýärdi. Onuň ideýa-estetiki ulgamyna üçleýin häsiýet – ySk, gözellik hem-de ahlak häsiýeti mahsusdy. Akyldar bularyň üçüsini-de estetiki konsepsiýa derejesinde işläpdi. Şol bir wagtyň özünde-de ýatlanan sosial hem syýasy-ykdysady şertlerde türkmen topragyna mistiki-sopuçylyk hem düýp ylahy taglymatyň ylmy konsepsiýa hökmünde aralaşmak hadysasy bolup geçýärdi. Şu ýagdaýlar, ilki bilen, Pyragydan, Şeýdaýydan we beýleki klassyklardan öň, şol wagtlarky türkmen röwşen pikirli adamlarynyň (intelligensiýasynyň) öňdebaryjylary bolan Döwletmämmet Azadynyň hem-de sagdyn garaýyşly (progressiw) ruhany toparynyň aňynda täzelenişiň başlanmagyna şert döredipdi.

Şunlukda, döwrüň talaplaryna syýasy-jemgyýetçilik, sosial hem ahlak taýdan ylmy-estetiki seljerme bermekde, beýik Magtymgulynyň hem-de onuň atasy Döwletmämmet Azadynyň ägirt uly ideýa gymmaty ýüze çykdy. Azady öz oglundan öň jemgyýete irki intellektual däpler arkaly Mukaddes Gurhana hem-de mistika esaslanýan hertaraplaýyn seljerme bermäge synanyşypdy. Elbetde, ol munda, eýýäm ýatlaýşymyz ýaly, Gündogar çeperçilik ulgamynyň köp asyrlyk gazananlaryna arka diräpdi. Ýöne, her niçik hem bolsa, ol Ýakyn hem Orta Gündogar ylmy-estetiki sistemasyny ele alan uly alym hökmünde

dowam edýän däplere özboluşly täzeçillik bilen, jemgyýetçilik hem-de sosial-syýasy talaplardan gelip çykýan garaýyşlardan ugur almak bilen ýüzlenipdi. Şeýdip, heniz Magtymguly beýik şahsyýet, alym hem şahyr hökmünde kämilleşýänçä, Azady eýýäm «Wagzy-azat», ýagny «Azatlygyň wagzy» diýip at beren ylmy-çeper traktatynyň hem-de «Behiştnama» eseriniň üsti bilen türkmen ylmy-estetiki pikirini berk silterläpdi. Bu eserler türkmen ylmy-çeper pikiriniň taryhynda öň görülmedik täze bir ýörelgäniň hem ideýanyň ýüze çykyp başlandygyny buşlapdylar. Onuň taryhy, mifiki-hyýaly hem mistiki merdanalaryň, aýratyn hem, ylahy garaýyşlaryň üsti bilen jemgyýetiň syýasy süňňüne aralaşmagy, türkmen jemgyýetçilik aňynda täze başlangyçdy hem uly täzelikdi. Azady syýasy pikiri ahlak-moral gatnaşyklary bilen utgaşdyrmaga synanyşyp, munda uly üstünlige ýetipdi. Diňe çeper dil hem usul meselesinde onuň däpleşen ýörelgelerden daşlaşmajak bolandygyny görüp bolýar. Bu, esasan, Gündogaryň çeper pikiriniň süňňüne ornan romantiki pikirlenişden gelip çykýardy. Onuň intellektual aňy şu ulgamyň däplerinden ganypdy. Her niçik bolanda-da, alym-şahyryň keşplere (obrazlara) ýüzlenişi, olara dürli many öwüşginlerini berşi we öz idealyna gulluk etdirişi özboluşly ideýa-estetiki güýje eýedi.

Azadynyň ylmy-çeper garaýyşlarynyň hem poetika-usul aýratynlyklarynyň köki, geçmiş türkmen we umumy türki edebiýatdady hem-de umumygündogar filosofiýasyndady. Onuň ideýa-estetiki aýratynlyklarynda hemme zatdan öň, meşhur şahsyýetler Hoja Ahmet Ýasawynyň, Nyzamy Genjewiniň, Nejmeddin Kubranyň, Bahaweddin Nagyşbendiniň, Alyşir Nowaýynyň, aýratyn hem, türkmen halkynyň sagdyn folklor çeşmeleriniň ideýalar hem poetiki mekdebiniň däplerini görüp bolýar. Ýöne, elbetde, Azadynyň ideýa gözbaşlary, jemgyýetçilik-syýasy garaýyşlary, jemgyýeti poetiki özleşdirişi,

«Wagzy-azadyň» «Behiştnamanyň», gazallarynyň hem-de rubagylarynyň estetiki gymmaty ýörite, düýpli işi talap edýär. Onuň beýik Magtymgulynyň öňüsyrasyndaky türkmen intellektual aň-pikirine täze syýasy hem sosial-ykdysady döwrüň öňe çykaran şertleri esasynda badalga berendigini aýtmak, heniz deslapky pikirler bolup biler. Şoňa görä, beýik Magtymguly XVIII asyrda türkmen ylmy-intellektual dünýägaraýşyň çür başyna çykaran hem bolsa, ol diňe bir milli däl, eýsem Gündogaryň, şeýle hem, Günbataryň beýik akyldary hem şahyry hökmünde ykrar edilen hem bolsa, ol munda öz işläp düzen özboluşly ylmy-estetiki sistemasynyň orta asyrlar filosofik pikiriniň ösüşi üçin uly ähmiýete eýe bolan ideýa gözbaşlaryndan ugur alypdy, olary ýokary derejede ösdürmek bilen, ynsan kämilliginiň hyzmatynda goýupdy.

Beýik akyldaryň döwrüň ylmy-intellektual sistemasynyň (ulgamynyň) çäklerinde, şonuň bilen birlikde, asyryň meşhur alymy hem şahyry Döwletmämmet Azadynyň, Orta hem Ýakyn Gündogaryň meşhur düýp ylahy hem-de sopy-mistiki alymlarynyň ylmy, estetiki hem syýasy mekdebinde, milli folklor ideýalarynda bişişmek bilen, türkmen jemgyýetine beren köpugurly ylmy-çeper seljermesi, umumylaşdyrylyp aýdylanda, ine, şunuň ýaly häsiýetlenýärdi.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. – Aşgabat, 2011.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet guşy. Roman. – Aşgabat, 2013.

3. *Geldiýew G.* Magtymguly diýip adym tutsalar. Aşgabat, 2014.

4. *Дөвлетмәммет Азады.* Эсерлер. – Ашгабат, 1982. (Teksti arap hatynda).

5. *Магтымгулы*. 1 kitap. – Ашгабат, 1992.

6. *Магтымгулы*. 2 kitap. – Ашгабат, 1994.

7. Түркменистан ССР-ниң тарыхы. I том. – Ашгабат, 1959.
8. *Taganow* B. Gorkut atanyň oguz durmuşy baradaky belent aýdymy // «Garagum». 2015, № 10.
9. *Аннамухаммедов М.* Магтымгулы, гизлин сырың бар ичде. 1-китап. – Ашгабат, 1993.
10. *Бекмурадов А.* Поэтический мир Махтумкули. – Ашхабад, 1993.
11. *Демидов С.* Суфизм в Туркмении. – Ашхабад, 1978.

## SOPUÇYLYK TAGLYMATY, MAGTYMGULYNYŇ SUFISTIK-MISTIKI HEM-DE DÜÝP YLAHY KONSEPSIÝALARY BARADA

**Baýrammyrat Taganow**

Jemgyýetçilik ylymlary bolan edebiýaty öwreniş, taryh, filosofiýa her döwre öz aýratyn düzgünleri, ýol-ýörelgeleri bilen gadam basýar, döwrüň talaplary esasynda öz ösüş ýoluny dowam etdirýär. Jemgyýetde bolup geçýän öwrülişikler, ösüşler ylym babatda-da döwre mahsus bolan aýratynlyklary talap edýär. Häzirki döwürde edebiýat, taryh, filosofiýa ylymlary aýratyn häsiýete eýe boldy. Şu günlerdäki türkmen halkynyň syýasy, ykdysady, medeni durmuşyndaky öňegidişlikler hem ösüşler türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Arkadagly Serdarymyz tarapyndan alnyp barylýan sagdyn ylmy syýasatyň netijesidir. Magtymgulynyň alym hem şahyr hökmündäki beýikligine mynasyp baha bermekde hem alym Arkadagymyzyň kitaplary nusga alarlykdyr. Halkyň Milli Lideri hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Älem içre at gezer» [1] atly eserinde beýik akyldaryň taryhy hyzmatlaryna uly baha berilýär.

Häzirki zaman ösen ylmynyň hem-de jemgyýetçilik aňynyň ösen talaplary, türkmen estetiki pikirini hem halkyň taryhyny öwrenmegiň esasy ugurlaryny kesgitleýär. Şonuň bilen baglylykda, häzirki döwür halkyň uzak hem çylşyrymly geçmişini, köp asyrlyk edebiýat taryhyny ylmy taýdan öwrenmekde, çeper pikiriň taryhy ähmiýetini, aýratynlyklaryny, onuň hertaraplaýyn ösen jemgyýeti kemala getirmekdäki hyzmatlaryny anyklamakda düýpli meseleleri öňe çykardy. Türkmen halkynyň umumy, etniki taryhynyň egsik sahypalaryny doldurmak, halkyň dünýä siwilizasiýasyndaky mynasyp ornuny birkemsiz kesgitlemek, onuň çeper aňyna gazananlaryny çuňňur, her taraply öwrenip, oňa dogruçyl ylmy baha bermek, onuň halkyň ruhy ýaşaýşynyň baş sütünleriniň biri bolandygyny täze ylmy talaplara görä ýene bir gezek tassyklamak, şol meseleleriň on iki süňňüni düzýär.

Türkmen ylmy hem estetiki pikiriniň täze belentlige galmagynda uly hyzmaty bitirmek, zamanalaryň jümmüşinden gözbaş alýan türkmen estetiki pikirini umumylaşdyrmak, onuň öňkä büs-bütin meňzemeýän täze bir ugra gönükmeginde yhlas bildiren şahsyýetleriň başy bolmak, beýik Magtymgulynyň paýyna düşdi. Şeýdip, milli ylmy-estetik pikiri arşa göterjek täze bir däp, ýol şineläp başlady. Bu ýoly, elbetde, oňa öz atasy, uly alym hem-de şahyr Döwletmämmet Azady salgy beripdi[1]. Ol öz eserlerinde Magtymguly Pyragydan öň eýýäm şu ýoly başlapdy. Ýöne, munda çeper pikiriň ýüze çykarylyşy, ideýanyň berlişi başgaçarakdy, millilikden birneme daşrakdy.

[1] Bahaweddin Nagyşbendiniň tarykatyndan gözbaş alýan, halal zähmete ganat bermek ideýasyny hem Magtymguly, meniň pikirimçe, Nagyşbendiden däl-de, Azadydan alypdyr. Başga bir türkmen akyldar şahyry Şeýdaýy özüniň halal lukma (halal gazanç) baradaky pikirlerini, sopuçylygyň buhara mekdebine golaý duransoň, Nagyşbendiden alandyr diýip çak edip bolar.

Ýöne her niçik hem bolsa, şu ýoluň – Magtymgulynyň başda durmagynda türkmen ideýa-estetiki pikirinde amala aşyrylan öwrülişigiň sakasynda Azadynyň durandygy hakykatdyr [7; 3, 87]. W.G.Belinskiniň «W.Lomonosow edebiýata şahyr däl-de, alym bolup geldi» [3, 87; 11, 23] diýip, örän ýitilik bilen tassyklaýşy ýaly, ilki bilen, şahyr atasyndan mistiki ylmyň syrlaryny öwrenipdi, dünýä, tebigata, jemgyýete syrly ýollar bilen garamaklygy oňa Azady salgy beripdi. Azadynyň tutuş dünýägaraýşy, biziň pikirimizçe, ony millilige alyp baran ilkinji basgançak bolan bolsa gerek.

Şu makala beýik Magtymguly Pyragynyň dünýägaraýşynyň sopuçylyga, şeýle hem düýp ylahy taglymata bolan gatnaşygy, onuň syrlary, akyldaryň sopuçylyk konsepsiýalaryna hem olaryň ähmiýetine dogry düşünmek barada bolansoň, ilki bilen sopuçylyk-mistiki pikir, onuň tebigaty hakda gysgaça durup geçmek zerurlygy bar.

Soňky ýyllarda sopuçylyk-mistiki taglymatyň bütindünýä alymlarynyň nazaryny gitdigisaýy özüne ýiti çekýändigi duýulýar. Muňa ösen gündogar sopuçylyk-filosofik pikiriniň dünýä ylmy jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilmegi hem, bu taglymatyň uzak taryhy döwrüň dowamynda gazanan ägirt uly sosial-jemgyýetçilik ähmiýetine mynasyp baha berilmegi diýip düşünmek dogrudyr. Dogrusyny aýtsaň, özüniň taglymat hökmünde ymykly ýola düşüp başlan döwürlerinden bäri onuň ylmy taýdan öwrenilme kemi galmady. Işde rus hem Ýewropa alymlary has erjellik görkezdiler. Sopuçylygyň ösmeginde hem kämilleşmeginde halkymyza esli hyzmat degişli-de bolsa, ony filosofik akym hökmünde öwrenmekde-de onuň bilen bagly dörän mistiki edebiýatyň däplerini öwrenmekde hem türkmen ylmynyň öňünde keserip duran, öz çözgüdine garaşyp duran meseleler heniz az däl. Akyldary öwrenijiler tarapyndan

onuň sopuçylyk dünýägaraýşy barada käbir düýpli işler edilen hem bolsa, ylmyň häzirki zaman ösüşi onuň başga-başga jähetlerini ýüze çykarýar.

Magtymgulynyň hem düýp ylahy taglymata, hem sufistik taglymata şol bir wagtyň özünde eýerişi, onuň şu iki uly taglymatyň arasynda jöwlan urşy, bularyň hersine laýyk poetiki uşlyplar gözleýşi, adam ahlagyny, durmuş meselelerini, ynsanýetiň ruhy hem fiziki dünýäsini şu iki taglymatyň ideýalary bilen berk baglanyşyklylykda hem sazlaşykda estetiki beýan edişi, şu setirleriň awtory tarapyndan ençeme ýylyň dowamynda ylmy barlaga çekilen hem bolsa, bu ýerde öz çözgüdine garaşýan meseleler heniz az däl.

Şunlukda, ilki bilen, akyldaryň sopuçylyga eýerýän garaýyşlary barada durup geçmek maksadalaýyk bolar.

Musulman dünýäsinde rowaçlyk gazanan sufistik taglymatyň türkmen topragynda ylmy-filosofik häsiýete geçmändigini, onuň bize diňe ylmy-estetik akym hökmünde gelendigini bellemelidir. Uzak asyrlaryň dowamynda sufizmiň filosofik-psihologik taglymat hökmünde ýüze çykmagy, sopuçylyk edebiýatynyň kemala gelmegini şertlendiripdi, şeýdip, bu taglymatyň ahlak arassalygy, sosial adalatlylygy, söýgini hem gözelligi ündeýän ideýalary çeper sözüň tebigatyna barha mäkäm ornaşmak bilen bolupdy. Netijede, Gündogar edebiýatynda sufistik konsepsiýalara esaslanýan mistiki-panteistik akym özboluşly edebi tär hökmünde peýda bolýar we heňňamlaryň dowamynda ideýa-çeperçilik ösüşiniň uzak ýoluny geçirýär. Sopy şahyrlar Ýaradany, Oňa bolan söýgini, Onuň kämilligini, ruhy gözelligini teoretiki taýdan işlenen pikir-garaýyşlar esasynda poetiki özleşdiripdirler, belli sopular, pirler hem olar baradaky garaýyşlara rowaçlyk berip, olaryň şahsyýetini keramatlaşdyrypdyrlar, halk arasyndaky abraýyny arşa göteripdirler, olara

mistiki mazmun beripdirler. Şeýle mazmunyň esasynda Ýaradana bolan söýgi duransoň, filosofik edebiýat özüniň düýp idealy edip, yşk-söýgini alypdyr. Şol esasda-da adamyň Ýaradana bolan gatnaşyklaryndaky hem olaryň özara gatnaşyklaryndaky aýratynlyklara göz ýetirmegiň çeper konsepsiýalaryny işläp düzüpdirler, olary feodal jemgyýetiň tutuş gurluşynyň, onuň adalatsyz kada-kanunlarynyň, döredýän sosial tozgunçylyklarynyň, jebir-zulumlarynyň garşysyna goýupdyrlar.

Ýoluň kynçylygyny mistika XVIII asyra, hatda ondan has irräk döwürlere çenli ylmy taýdan kesgitläpdi. Kynçylyk, tutuşlygyna alanyňda, sopuçylyk gnoseologiýady – yslam mistikasynyň akyl ýetiriş teoriýasydy. Onuň «dili – guşuň dili, suraty – ynsanyň suratydy», keşbidi. Diýmek, «guş dili» bilen «ynsan suraty» – filosofiýanyň baş konsepsiýasyny emele getirýärdi. Şu iki aňlatma dogry düşünmek bu teoriýanyň düýp mazmunyna, şonuň bilen birlikde-de beýik Magtymgulynyň özboluşly mistiki pikirleriniň düýp mazmunyna göz ýetirmeklige ýardam eder. Sopuçylygyň öz köküni, esasan, ilki dörän yslam obşinasynyň garaýyşlaryndan, has soňrak bolsa Mukaddes Gurhandan alyp gaýdýandygy ylma mälim. Ýatlanan konsepsiýa musulman mistisizmi Eýrana, Orta Aziýa gelenden soň, esasan, bu ylymdaky iki uly alymyň – Ferideddin Attaryň hem-de Alyşir Nowaýynyň ýiti zehini bilen has taplanypdyr. Olaryň birinjisi (Attar) bu teoriýany «Mantyku-t-taýr» («Guş logikasy») atly eserinde işlän bolsa, Nowaýy ony «Lisanu-t-taýr» («Guş dili») atly eserinde has kämilleşdiripdir.

Sopuçylyk taglymatynyň Hudaýa akyl ýetirmeklige barýan ýoldugyny biz eýýäm bilýäris. Şu sözüň leksiki hem terminologik manylary nämeden ybarat? Arap dilinde «Tarykat» «ýol» diýmekdir. Diýmek, ol ylahy mazmunda-da, sopuçylyk – mistiki mazmunda-da şu manydan daşlaşmaýar. Onuň sopuçy-

lykda Ýaradana akyl ýetirmeklige alyp barýan filosofik hem mistiki mazmunda düýpli işlenen kadalaryny hem düzgünlerini özünde jemleýän aýratyn häsiýetli ugur, ýörelge, ýol diýen manysy bardyr. Sopularyň düşündirişine görä, bu ýol örän özboluşly ýoldur, şonuň bilen bir hatarda-da, çylşyrymly psihologik düşünjedir. Çünki bu taglymatyň görkezişine görä, ol ýol kalbyň üstünden geçýär. (Magtymgulynyň «Köňül gözgüsine ýaryň adyny hekgaklyk eýleýip, gazmaly boldy» diýmegi-de şunuň bilen bagly). Şol ýol barada düýp ylahy taglymat babatda-da, sopuçylyk filosofiýasy babatda-da musulman alymlarynyň arasynda uly meşhurlyk gazanan, musulman ylmynyň süňňüni sarsdyran Abu Hamid al-Gazaly öz meşhur «Azaşmakdan halas ediji» diýen işinde şeýle ýazypdyr: «Şu ýoly geçen wagtymda, maňa ýazyp beýan etmek mümkin bolmadyk bir ahwalat açyldy. Men bulary size haýyr getirsin diýip ýazýaryn. Bular meniň şübhesiz göz ýetiren zatlarymdyr. Şular bilen sopular Allanyň ýolunda hemmelerden ozdurdylar we olaryň ýoly ýollaryň içinde iň dogrusydyr, iň arassa (ahwal) häsiýetem şolaryňkydyr. Özlerini alyp baryşlary nämedir bir zady dil, öňkä derek başga has kämil bir zady goýmak üçin ähli alymlaryň hem akyldarlaryň, şeýle hem şerigata kämil derejede akyl ýetirenleriň ählisiniň akylyny birleşdireniňde-de, olar şol derejä ýetip bilmezdiler, çünki olaryň daşky hem içki hereketleriniň ähli̇si pygamberiň nurundan alnandyr» [2].

Uzaga çeken taryhy döwürden soň, sopuçylygyň kem-kemden edebiýata has çuňňur aralaşmak hadysasy başlanýar. Sopuçylyk-mistiki pikir häsiýet taýdan beýleki edebi tärleriňkä asla meňzemeýän poetiki keşpleri döredip ugraýar. Bular häsiýeti boýunça örän syrly keşiplerdir. Şu syrlylygyň çäklerinde-de onuň dürli häsiýetliligi döreýär. Galyberse-de, onuň häsiýetleri yzygiderli-de däl. Ol käte romantiki keşbi ýatladýan sus,

gamly hem agras, käte-de göçgünli hem gaty şadyýan häsiýetli. Şeýle ýagdaý näme bilen bagly bolup biler? Ol, ilkinji nobatda, sopuçylygyň Iň Beýik Kämillik bilen birleşmek ýolundaky – tarykatdaky ruhy kämilleşiş basgançaklary – makamlary bilen bagly. Has anygy, şol basgançaklaryň hersiniň ýolagçy-mistigiň öňünde goýýan talaplary bilen bagly. Eýýäm, bellenilişi ýaly, poetiki nukdaýnazardan, mistiki obraz (keşp) käte romantiki keşbe örän golaýdyr hem olar özara meňzeşdirler. Ýöne «mistisizm romantizme garanda has gazaply, agras filosofiýa daýanýar. Ol öz gahrymanynyň öňünde düýpli sosial talaplary goýupdyr, ony ylmy galypa salypdyr. Onda hiç hili arzuwçyllyk ýokdur. Çünki onuň öňünde goýlan wezipäniň talaby agyrdyr. Alla aşyk bolmak, ony gözlemek we tapmak meselesinde hiç hili arzuwçyllygyň bolmagy mümkin däldir. Hut şu sebäbe görä, bu gahryman gaty agrasdyr» [3]. Iň ýaman ýeri-de, indi onuň magşugy romantiki söýgüde bolşy ýaly, taýýar halda däldi, ol ony indi tapmalydy. Ony tapmak üçin bolsa, mistikanyň – sopuçylygyň öz öňünde keserdip goýan ençeme synaglaryndan aman-esen geçmelidi. Mahlasy, «hapysa» şahsy özüňi inkär etmek arkaly «päklenen» şahsy–özüňi tapmalydy. Başgaça aýdanda, «täzeden döremelidi». Ine, sopuçylygyň – Haka aşyk bolup, Onuň kämilligine gowuşmagyň, Onuň substansiýasyna ruhy taýdan siňmegiň sadaja düşündirilişi şunuň ýalydyr. Göräýmäge romantiki keşbe çalym edýän hem bolsa, ol özüniň düýp häsiýeti boýunça öňki edebi akymlaryň hiç birininkä meňzemeýän, ruhy dünýäsi babatda-da, dünýäni estetiki özleşdirişi, kabul edişi, sosial mazmuna hyzmat edişi babatda-da aýratyn häsiýetli, büs-bütin täze keşpdi. Özi-de ol jemgyýetçilik tertip-düzgünleriniň çalyşyş, özgeriş häsiýetine laýyklykda döwürleýin ösüşi başdan geçirýärdi. Mazmun babatda ol öz ösüşinde esasan iki ugur bilen – ahlak, hem-de sosial, syýa-

sy-jemgyýetçilik ugurlary bilen ýöreýär. Ýöne ol bularyň ikisiniň hem esasynda ylahy mazmuny goýýardy. Başgaça aýdanda, ol ahlagy-da, sosiallygy-da şu mazmunyň çäklerinde işleýärdi, çünki bu estetik ulgam öz tebigaty boýunça ylahy edebiýatdy. Ol material dünýäni-de şu tebigat (häsiýet) bilen aýrylmaz baglanyşyklylykda ýa-da bitewi bir göwre hökmünde göz öňüne getirýärdi. Şoňa görä-de, bu sözüň doly manysyndaky edebiýat bolupdy. Edebiýaty dini hem dünýewi diýen toparlara bölmek manysyzlykdyr. Edebiýat ýa-ha dini, ýa-da antidini dine garşy bolup biler. Ol filosofik mazmunda-da şeýle. Käbir filosoflaryň edişi ýaly, «diniň ýa-da dini edebiýatyň ýüze çykyşy» diýen pikiriň özi ters pikirdir.

Mistiki edebiýat öz uzak taryhynyň dowamynda adamyň Ýaradan bilen, ruhy hem material dünýä bilen arabaglanyşygyny işledi. Ol öz gahrymanynyň häsiýeti babatda şu arabaglanyşyga esaslanýardy we şol esasda-da ol ylmy-çeper usulyny, çeper dilini hem keşpler sistemasyny kesgitläpdi. Liriki hem liro-epiki keşipler, olaryň ahlak hem sosial-jemgyýetçilik mazmuna hyzmat etdiriliş aýratynlyklary, bu edebiýatyň düýp mazmunyny we estetiki gymmatyny emele getirýärdi. Ol feodal zulumyň astynda ýagyr düşen adamyň içki harasatlaryny, arzuw-hyýallaryny, söýgüsini, ýigrenjini, jemgyýetiň işläp düzen ahlak kadalaryna bolan gatnaşyklaryny açyp görkezýärdi. Edebiýatyň keşp-gahrymanlaryny hakyky däl keşp hasap etmeklik büs-bütin nädogry bolar. Hakykatda, onuň getirýän keşpleri hakyky, taryhy şahslardy, ýöne bir aýratynlygy – gizlin, syrly häsiýetlilikdir. Çünki onda tarykata – mistiki ýola düşen sopy-akyldaryň öz keşbi bardyr; ol öz aýagyny ylmy garaýyşlara, ylmy pikire direýär. Şoňa görä-de, ol feodal-jemgyýetçilik külpetleriň arasynda azaşyp, özüni oda-suwa urup ýören, irki asyrlaryň ýowuz jemgyýetçilik gurluşy bilen ýiti ideýa garşylygyna giren, sosial oýlanýan,

belent ahlakly hem ideal garaýyşly alym-şahsyýetdir. Ine, şu häsiýetleriň ählisini – öz düýp ideýasyny keşipleriň uly tapgyry bilen özboluşly edebi usul hem çeper dil donuna büräp beýan edýärdi. Ine, şeýdip, türkmen estetiki pikirinde örän özboluşly edebiýat – sopuçylyk-mistiki edebiýat kemala gelipdi. Şeýle hem, onuň ähli pikir garaýyşlary, gozgaýan meseleleri döwrüň taryhy aýratynlyklaryndan hem şertlerinden gözbaş alansoň, ol taryhy edebiýatdy. Ol öz ösüşiniň dowamynda ýazuwly edebiýatdan folklora geçmek bilen, meşhur mistik – sopularyň şahsy hereketleri, durmuşy, mistiki ylymdaky abraýy barada gürrüň berýän rowaýatlaryň uly tapgyryny döredipdir.

Şunlukda, tutuş sopuçylyk taglymatynyň ondan gelip çykan sufistik edebiýatyň hem folkloryň ündän garaýyşlaryndan, şonuň bilen birlikde-de, “Magtymguly Pyragynyň sopuçylyk-mistiki oýlanmalaryndan gelip çykýan düýp pikir näme?” diýen soraga jogabyň gözlegi türkmen ylmynyň häzirki etapynda Pyragynyň tutuş Gündogar edebiýatynyň taryhyndaky elýetmez belentligini ylmy taýdan düýpli açmagyň, onuň şygryýetiniň pikir hem çeperçilik çuňluklaryna aralaşmagyň baş ugry hökmünde orta çykdy. Döwrüň hem uly sosial-ykdysady ösüşlere tarap barýan jemgyýetiň talaby.

Sopularyň tutuş dünýäni, ideal hem material barlygy, adam tebigatyny, onuň ruhy älemini kabul edişleri hem olary ylmy-çeper özleşdirişleri özboluşlydy. Şol özboluşlylyk esasynda-da olar öz jemgyýet-pelek, ynsanyň täleýi hem ahlagy baradaky garaýyşlar ulgam ybarat bolan taglymaty işläp düzüpdirler. Şu taglymatyň konsepsiýalary boýunça irki asyrlar feodal jemgyýetiniň döreden düşünjeleriniň halk bähbitlerinden ugur almaýandygyna, onda kemala gelen ahlagyň bozuklugyna esaslanýardy. Ol şol bozuklygy kalp hapalygy bilen baglaýardy[2]. Munda

[2] Magtymgulynyň ruhy dünýäniň baş alamaty hökmünde kalby kabul edip almagy şundan gelip çykýar.

adama diňe pese gaçyş garaşýar. Şoňa görä, ol öz öňünde şol ýagdaýdan nähilidir bir çykalga tapmak baradaky meseläni goýýar. Şu meseläniň çözgüdiniň gözleginde, ol ägirt uly iki ruhy dünýäniň üstünden barypdyr: yşk hem gözellik. Ýöne ol nämäniň yşky hem gözelligidi? Ol nireden gözbaş alýardy? Ol Ýaradanyň yşky hem gözelligidi, ol şol Kämillikden hem gözbaş alýardy. Ine, şol kämillige bolan yşk hem Onuň ahlak gözelligine ýetmäge bolan yhlas tutuş sopuçylyk taglymatynyň esasyny kesgitläpdir. Olar – sopular şol yşk hem gözellik bilen kalbyňy arassalap bolýar diýip hasap edipdirler. Şu düşünje örän düýpli hem çylşyrymly gurluşyň hamyrmaýasy bolupdyr. Şol gurluş uzaga çeken feodalçylygyň irki asyrlarynda jemgyýetiň turuzýan ýowuz tupanlaryna garşy göreşde uly intellektual hem estetiki kuwwata eýedi. Ol özünden öň dowam edip gelýän dürli taglymatlaryň baş pikirleri esasynda, özüniň mizemez ahlak, yşk hem gözellik ýörelgelerini işläp düzüpdir. Magtymguly Pyragy öz döredijiliginiň belli bir basgançagynda (mistiki pikirde) öz ahlak, gözellik, şeýle hem sosial konsepsiýalarynda (düýpli pikir toplumlarynda), ine, şu gurluş aýak diräpdir. Akyldar çeper pikirlenişiň hem ahlak meselesine çemeleşişiň şu ýoly bilen agalyk ediji feodal jemgyýetiň biadyl hem gazaply düzgün-tertipleriniň astynda ýegşeren döwürdeş adamyň ruhy dünýäsine söýget berip boljakdygyna berk ynanypdyr. Ine, akyldaryň ol baradaky pikiri: «Sopulyk esbaby hoşdur, geý içiňni sap edip». Içiňi saplamak, bu – bütin ruhy dünýäňi saplamak. (Ol şu pikiri soňra sopuçylyk ylmyndan boşan garaýyşlarynda, ine, şeýle beripdi: «Içiň şerden sakla, diliň gybatdan, / Saklamasaň köňül gözgiň zeň bolar. Ýagşy gylyk duşmanyňy dost eýlär, / Gylygyň bet bolsa, işiň jeň bolar») Magtymguly şu ynanç, şu nazar bilen özüniň bize miras goýan şygyrlarynyň tas ýarysyny ýazypdyr. Şol berk ynanç

onuň heniz Gündogarda görlüp-eşidilmedik äheňdäki hem çeperçilikdäki mistiki şygryýeti döretmegine alyp barypdyr.

Magtymguly öz ideýa-çeperçilik gurluşynyň kämilleşmek döwründe dürli taglymatlara ýüz urup görüpdir. Jemgyýetiň syýasy gurluşynda we sosial-ykdysady şertlerde ýüze çykan özgerişlikler, şahyry ideýalary bermegiň has kämil ýollaryny gözlemeklige alyp barypdyr. Elbetde, çeper usul, çeper dil, pikir öwrümleri hem olaryň sazlaşygy babatda baý türkmen halk döredijiligi egsilmez hazynady. Ýöne jemgyýetiň ruhy, sosial ýagdaýlaryna analiz bermekde çeper pikirlenişiň dürli görnüşleri (ýollary) bolup biljekdi. Munda esasy aýak direlmeli zat keşplerdi. Akyldaryň şuny ýitiligi bilen duýmagy, onuň şygryýetiniň tutuş ruhuna täzeçe öwüşgin çaýypdy. Munuň özi çeper pikirde ägirt uly açyşdy. Onuň indi jemgyýetçilik aňyna analiz berip bilmeýändigine göz ýetirmek, akyldar şahyra nähilidir başga bir ýol gözlemäge ýeterlikdi. Şeýdip, ol perişdelerdir pygamberler baradaky kyssalaryň hem rowaýat-gürrüňleriň, olary halk taslamasynyň çeper özleşdiriş tilsimleriniň üstünden barypdyr. Akyldar şahyryň şu pikire kem-kemleýin häsiýetde barandygyna ynanmak kyn. Meniň düşünişime görä, pikir birden döräpdir. Şahyryň ünsüni çeken keşpler hem düşünjeler oňa öň hem nätanyş däldi, ýöne olar öň onuň mistiki duýgularynda ýaşaýardy, sopuçylyk-mistikanyň olara çemeleşişi-de başgaçady. Indi ol baş ideýa ýüküni göterjek pygamberleriň – Ybraýymyň, Yshagyň, Musanyň, Isanyň, Muhammediň, taryhy şahslaryň – Dawudyň, Süleýmanyň, Rüstem Zalyň, Jemşidiň, Nowşirwanyň, hatda Isgenderiň keşiplerine, halallyk, arassalyk, ynsap, sabyr, takat, jennet, dowzah, şeýtan, äjit-mäjitler ýaly düşünjelere takyk durmuş wakalary bilen gönüleýin baglanyşykda ýüzlenýärdi. Şahyr bulary sosial mazmunyň jümmüşinde göz öňüne getiripdir. Şu pikirleriň çäginde Pyragynyň

garaýşyça, şu keşplere sosial mazmun berip, olar bilen aýratyn alnan adamyňam, jemgyýetiňem kalbyna aralaşyp, olaryň ruhuny gozgap boljakdy. Irki asyrlar Gündogar edebiýatynyň süňňüne ornan, Döwletmämmet Azady tarapyndan belli derejede milli mazmuna salnan adyl patyşa baradaky garaýyşlary jemgyýetçilik aňynyň öňünde çeperçilik bilen goýmak zerurdy. Bu babatda umumygündogar, şonuň bilen bir hatarda türkmen edebiýatynda uzak taryhy döwrüň dowamynda Dawudyň hem Süleýmanyň çeper keşbi döredilipdi. Olar adyllyk baradaky pikire söýget bolup biljekdiler.

Kämil ynsan ýa-da kämil ahlak baradaky mesele XVIII asyr türkmen jemgyýetiniň gün tertibine çykaran baş meseleleriniň biri bolupdy. Akyldaryň pikiriçe, kämil jemgyýeti diňe kämil ahlak bilen gurmak mümkinçiligi bardy. Şu meseläni öňde ýatlanan pygamberler, perişdeler, jennet, dowzah, kyýamat, ahyrýet we beýleki düşünjeleri sada dilde halkyň aňyna ýetirmek şu meseläni oňyn çözmäge ýardam edip biljekdi, şolaryň üsti bilen kämillik baradaky düşünjäni döwrüň talabyna laýyk derejede çeper işläp, şonuň ýaly-da, Gündogar edebiýatynda ýörgünli bolan Ýusubyň keşbiniň üsti bilen tutuş jemgyýeti hem aýratyn alnan adamy içki, ruhy gözellige çagyryp boljakdy. Ine, beýik akyldar öňde ýatlanan ideýa garaýyşlary ol zamanlarda merkezleşen milli döwlete birleşmedik, syýasy hem tutýan çägi taýdan dagynyk ýagdaýda bolan türkmen tire-taýpalarynyň ählisine düşnükli bolan sada hem owazly, özboluşly, ýokary poetika bilen beripdir.

Öňde ýatlanan keşpleri, düşünjeleri hem ideýalary akyldar tutuş ulgamy bilen XVIII asyryň türkmen jemgyýetiniň pese gaçan ahlagynyň garşysyna goýýar. Magtymguly munda romantiki pikirlenişiň hem mistikanyň ündeýän yşkyndan hem gözellik konsepsiýasyndan ugur alýar. Ol, şeýdip, ynsanyň

öz ömrüni bagyş eden dünýäsiniň – pelegiň düýp mazmunyny, adamyň onuň bilen baglanyşygyny ýönekeý, çeper dilde düşündirýär. Akyldar adam ömrüniň düýp özeninde Ýaradany, Onuň kämilligini goýýar, ömrüň bütin dowamlylygyny Onuň bilen baglaýar. Magtymgulynyň pikiriçe, adam ömri Rahmana bolan söýgüden hem şeýtanyň garşysyna goýlan göreşden ybarat; ol munda sabyr bilen gahary baş kriteriý hökmünde alýar.

Şu ýerde ýene bir zady ýüz ugruna bellemek ýerlikli bolar: Bu setirleriň awtorynyň Magtymgulynyň eserleri boýunça geçiren köp ýyllyk düýpli ylmy barlaglary netijesinde, beýik akyldarda taryhy-jemgyýetçilik şertler bilen kesgitlenilýän iki uly ideýa akymynyň bardygy ýüze çykaryldy; olaryň hronologik taýdan ilkinjisi ýa-da Magtymgulynyň ilki göwün bereni sagdyn ideýaly sopuçylyk-mistiki taglymatyň ýollary, ikinjisi mizemez düýp ylahy taglymatyň ideýalary hökmünde kesgitlenilipdi, ýöne onuň soňky barlaglary şu ideýa akymlarynyň taryhy hronologiýa boýun egmeýändigini görkezdi; eserleriň bitewi konsepsiýasynda olary käte biri-birinden aýyl-saýyl etmek mümkinçiliginiň örän azalýandygy mälim boldy; şol bir keşbiň ýa-da düşünjäniň çeper kontekste laýyklykda, kä mistiki mazmunda, käte-de ortodoksal mazmunda gelýändigi. Diýmek, XVIII asyryň milli etniki aýratynlyklarynyň çäklerinde ýatlanan iki ideýa akymynyň keşipleriniň mazmun hem pikir taýyndan örän ezberlik bilen özara goşulyşýandygy äşgär boldy. Şoňa görä, akyldardaky bu ideýa akymlaryny aýry-aýrylykda, ýagny yzygiderli gelýän akymlar däl-de, özara goşulyşyp gelýän akymlar hökmünde kesgitlenilmese, nädogry netijeleriň üstünden baryljakdygynyň ujy iki däl.

Muňa diňe ylmy-filosofik aspekden däl-de, eýsem etniki jähtden hem göz ýetirip bolýar. Türkmenistanyň çäklerinde ýaýran alym-derwüşleriň (babalaryň, atalaryň) şol bir wagtyň özünde düýp ylahy däplere-de hyzmat edipdirler.

Magtymgulynyň Kubraçylyk tarykatynyň ideýa-pikir gurluşyny beýan edýän, syrly mazmunyň ýitiligi bilen aýratyn ünsi çekýän «Çykyp oturmyş» [4, 56] atly şygry gönüden-göni gürrüňi edilýän meseläni gozgaýar.

Sufizmiň Türkmenistanda ýaýraýşy barada belli etnograf Sergeý Demidowyň «Türkmenistanda sopuçylyk» («Суфизм в Туркмении») atly düýpli hem-de ylmy taýdan ähmiýetli barlaglary bar. Ol bu kitabynda sopuçylygyň Türkmenistandaky merkezleri, taglymatyň türkmen topragyna ýaýraýyş aýratynlyklaryny barlag astyna alýar. S. Demidow bu işinde Türkmenistanyň çäklerindäki sopuçylyk merkezleriniň iň ähmiýetlisi hökmünde Horezm mekdebini görkezýär [5, 45]. Şu pikir nädogry däl bolsa gerek. Belli rus-türkmen alymy Aleksandr Nikolaýewiç Samoýlowiç hem sopuçylygyň Merkezi Aziýadaky iň iri merkezleriň biri bolan Buhara mekdebine garanda, horezm mekdebiniň has ähmiýetli bolandygyny belläpdir [6, 28]. Şu garaýyş dogry bolsa gerek, çünki Nejmeddin Kubra Horezmi tarapyndan Ürgençde esaslandyrylan Kubrawiýa mezhebi Horezmşalar döwleti döwrüniň ylmy-mistiki ideologiýasy hökmünde ýüze çykypdy hem dowam edipdi. Mälim bolşy ýaly, ol Hoja Ahmet Ýasawynyň esaslandyran ilkinji türkmen tarykatynyň dowamy hökmünde örän çylşyrymly, metod-aýratynlyklary taýyndan beýleki mezhepleriň hiç birine meňzemeýän taglymat bolup kemala geldi. Köneürgençdäki «Üç ýüz altmyş» diýlip atlandyrylýan öwlüýä Nejmeddin Kubranyň esaslandyran tarykatynyň ýedi gizlin topara esaslanýan, basgançakly syrlylyk-gizlinlik konsepsiýasynyň netijesinde dörän öwlüýädir[3]. Ol watançylygyň uly nusgasyny görkezip, mongol ýykgynçylygyna bütin halk bilen bile gaýtawul bermäge dyrjaşan we-

[3] Elbetde, bu toparlar baradaky düşünjeler has irden gelýär, ýöne Nejmeddin Kubra Horezmi bulary ylmy sistema salmak bilen, öz tarykatynyň bir konsepsiýasyna öwrüpdir.

lileriň aramgähleridir. Ol sopuçylyk tarykatynyň ylymda heniz ýöriteleýin hem düýpli öwrenilmezligi, kadaly ýagdaý däl. Her niçigem bolsa, şygryň mazmun gurluşyny düýpli yzarlamak hem giňişleýin açyp görkezmek, uly ylmy aladany, giň ýeri talap edýär. Şoňa görä, bu ýerde onuň diňe käbir taraplary barada gürrüň etmek bilen oňmaly bolar. Diýmek, öňde eýýäm ýatlanylyşy ýaly, ýöriteleýin bolmasa-da, soňabaka Orta Aziýa sopuçylygynyň ojagyny emele getiren, Nejmeddin Kubranyň adyny äleme dolduran şol tarykatyň hem düýp özeni barada, hem Magtymgulynyň bu ulgama (sistema) nähili hem-de näme üçin ähmiýet berendigi barada käbir düşünjeleri almak üçin, şygyr baradaky deslapky maglumatlary, has anygy, onuň formal gurluşy baradaky pikirlerimi gysga görnüşde şu ýerde getirýärin.

«Çykyp oturmyş» öz mazmun hem poetiki gurluşy taýyndan özboluşlylygy bilen häsiýetlenýär. Ilki bilen bellenilmeli hem üns berilmeli zat – şygyr etnografik taýdan Köneürgençde ýerleşýän, halk tarapyndan «üç ýüz altmyş» diýlip atlandyrylýan aramgähler toplumyndan gözbaş alýan etnik däpler bilen bagly bolsa, ylmy-filosofik nukdaýnazardan, Magtymgulynyň mistisizminiň bir äheňini emele getirýär.

Şygryň mazmun gurluşy adaty okyjy ýa-da bu uly akyldaryň tarykaty bilen ýeterlik tanyşlygy bolmadyk adama dumanly görner. Magtymguly bu şygrynda, etniki däplerde bolşy ýaly, üç ýüz altmyş däl-de, üç ýüz altmyş alty eren barada gürrüň gozgaýar. Aslynda, şu iearhiýa girýän erenleriň sany beýleki käbir çeşmelerde-de dürlüçe berilýär, ýöne olaryň ählisi-de üç ýüz altmyşyň çäginde. Aslynda, teoriýa boýunça üç ýüzem bolsa, üç ýüz altmyşam bolsa – ol erenler-pirler kimler, olaryň kesbi-käri, maksady, mistiki wezipesi näme? Olaryň üsti bilen Kubranyň tarykaty hem-de beýik Magtymguly nähili pikir-garaýyşlary nazara alýar?

Öňünden aýtsam, astronomiki hasapdan ugur alýan teoriýa Kubrada-da, Magtymguluda-da orta asyrlar feodal jemgyýetiniň moral-ahlak gurluşyny hem kada-ölçeglerini göz öňünde tutýar. Ilki bilen, bir ýagdaý göze ilýär: olaryň mazmuny adam janynyň mysalynda simwoliki kabul edilendir:

Olar jahana – jan, jahan göýä ten,
Aýdaýyn beýanyn gulak bergin sen...

Olar jahanyň – dünýäniň mistiki hereketlendiriji güýji bolup hyzmat edýändirler. Umuman sopuçylyk taglymaty boýunça ten bilen jan (diýmek, nepes) biri-biri bilen garşylyklaýyn hereketdedir, biri guş, beýlekisi kapasa:

Jeset bir menzildir, ten bir kapasdyr,
Jan bir gözi bagly guşdur, ýaranlar!
Ýük agyr, ýol yrak, garaňky gije,
Jan hem jöwlan urar çykmaga tenden.

Şygyrdaky mistiki welileriň düýp mazmunynda-da şu pikir goýlupdyr.

Şunlukda, ilkinji basgançak **Gows**:

Gows äre barabar bir kimse ýokdur,
Terkidünýä bolup, çykyp oturmyş.

«Gows» kim? Onuň üstüne ýüklenen borç näme? Ol Nejmeddin Kubranyň ýedi basgançakly sopuçylyk teoriýasynyň ylmy kuwwatyny düzýän üç ýüz altmyş ýa-da üç ýüz altmyş alty weliniň başynda duran we olary dolandyran ýagşyzadadyr. Ol «terkidünýä bolup çykyp oturan», diýmek, material-fiziki

dünýäden belli-külli örküni üzen we şu garaýyş esasynda gurluşa girýän ähli beýleki ýagşylaryň (agzalaryň) işine esewan edip oturan, wezipesi boýunça iň ýokary mistiki weli bolmaly. Bu söze (Gows) başgaça düşündiriş berilýän ýagdaýlar-da duşýar, mysal üçin, A.Meredowyň «Magtymgulynyň düşündirişli sözlügi» diýen kitabynda onuň kutuplaryň sagynda hem çepinde ýerleşen iki kişiniň biri diýlip maglumat berilýär [12, 210–211]; ýöne Magtymgulynyň Kubranyň ylmy mekdebiniň ideýalaryny ýokary derejede özleşdiren alym adamdygyny nazara alsaň hem, akyldaryň «oňa taý gelip biljek bir kimse-de ýokdur» diýen sözlerinden çen tutsaň, onda mundan başgaça many agtarmak, ony iki şahs hökmünde görkezmek artykmaç bolar; grammatiki taýdan birlik sanda getirilmegem onuň mukdar taýdan ýekedigini tassyklaýar.

Ikinji basgançak – **«Aktap»**:

Aktap bir menzildir, manzar-y Hakdyr,
Ol perş-i aglaýa çöküp oturmyş.

«Aktap» kim? Ol arap dilindäki «kutup» sözüniň köplük sany bolup, «polýus», «merkez» diýmekdir. Gürrüňi edilýän basgançakly ulgamda mazmun taýyndan Hakyň nazar salan menzilini aňladan bu ýagşyzada, Gowsdan soň ikinji merkezi orun rowa görlüpdir. Kutuplar öz möçberi boýunça iki (kä çeşmelerde üç) adam diýlip hasap edilýär.

Üçünji basgançak – **«Öwtad»**:

Aňladygym işi eýlesem ezhar,
Bab-y Hakdan keşp olmuşdyr bu esrar,
Ýene öwtad diýrler tört kimerse bar,
Dünýäniň dört künjün çekip oturmyş.

Bu ýerdäki «Öwtad» arap dilindäki «watad» (sütün, direg) sözüniň köplük sanydyr, ýagny «sütünler», «diregler»[4] diýmekdir. Şygyr setirinden görnüşi ýaly, öwtadlar san taýdan dört adamdyr.

Dördünji basgançak – **«Budela»**:

Şunça ary, şunça päkdir zatlary,
Jahan içre ýakar andak otlary,
Ýedi är bar budeladyr atlary,
Bolajak şer işi kakyp oturmyş.

«Budela» arap dilindäki «abdal» (ýa-da «bedil») sözüniň köplük sanydyr. Ol «hormatly, sylagly» diýen manyny aňladypdyr. Şoňa görä, olara «abdallar» hem diýilýär. Bu söze käbir sözlüklerde Hudaýyň ýerdäki wekilleriniň bir toparydygy, Ýaradanyň tutuş ýer ýüzüni ýedi ýurda bölüp, ýedi abdalyň hersini şolaryň birine belläp, şolar arkaly dolandyrýandygy ýa-da olaryň sanynyň ýetmişe barabardygy baradaky maglumatlar ýa-ha soň dörän, ýa-da üýtgedilen nusga bolup biler. Çünki şunuň ýaly bulaşyklyklar sopuçylykda başga-da az duşmaýar. Magtymgulynyň ýaňsa alýan «Altmyş ýaşan ýetmiş ýylky sopulary» ýaly galp sopular bu taglymatyň irki taryhynda-da bolan däldir diýip bolmaz. Her niçik bolanda-da, bu maglumatlar Kubranyň üç ýüz altmyş sopuçylyk gurluşyna degişli bolup bilmeýär.

Ýöne olary käbir etnograflar tarapyndan III–VI asyrlarda Sogdiýanada, Baktriýada, Owganystanda, Demirgazyk Hindistanda hökümdarlyk eden, kä çeşmelerde Ak Hunlar diýlip atlandyrylýan, türkmen etnogenezinde belli bir hyzmaty ýerine ýetiren [8, 142], käbir türkmen tirelerinde (çowdur, ata, ärsary, saryk) [9, 11] duş gelýän eftalitler-abdallar bilen bulaşdyrmak bolmaz.

[4] Arap dilinde daga göçme manyda «öwtadu-l-ard» («ýeriň diregi, sütüni») diýlişi hem bar.

Bäşinji basgançak – **«Rukaba»**:

Hakykat ýolundan habarly ärler,
Bu sözüm eşitgen, çyn gulak biýrler,
On iki är bardyr, rukaba diýrler,
Onki işi boýnuna dakyp oturmyş.

«Rukaba» arap dilindäki «rakyb» (ünsde saklaýjy, gözegçilik ediji) sözüniň köplük sanydyr[5]. Bu söz ata-enä, dosta-ýara «rakyply bolmak» görnüşinde türkmen dilinde-de ulanylýar). Magtymgulynyň habar berşi ýaly, olar san taýdan on iki adam. Bu ýerde olaryň boýnuna dakylan on iki işe anyk haýsy işleriň girýändigi barada filosofik sözlükler, kitaplar hiç hili maglumat bermeýär, A. Meredowyň «öwlüýäleriň on iki uly pirine berlen at» [10, 688] diýen düşündirişinden anyk many çykaryp bolmaýar. Şoňa görä olara diňe jemgyýetçilik durmuşy hem ahlak bilen bagly on iki zerur iş-hereketiň syrly aňladylmasy diýip düşünmeklik dogry bolar.

Altynjy basgançak – **«Nujeba»**:

Bular jahana jan, jahan göýä ten,
Aýdaýyn beýanyn gulak bergin sen,
Atlary nujeba, özleri çilten,
Arbagynda mydam okyp oturmyş.

«Nujeba» arap dilindäki «nejib» (asylly, pähimli, päk ýürekli, wyždanly, zehinli) sözüniň köplük sanydyr. Olar sany boýunça kyrk adamdan ybarat bolupdyrlar («özleri çilten»; çilten (çehel tän – kyrk adam). «Arbagyn» arap dilinde «kyrk» diýmekdir. Sopuçylykda bu adalga «çile» görnüşinde hem ulanylýar. Ol pars dilindäki «çehel» (kyrk) sözündendir. Arbagyn sopuçylyk tarykatlarynyň esasy dessurlarynyň biri ha-

[5] Arap dilinde günebakara göçme manyda «rakybu-ş-şems» (güne bakýan, güne seredýän) diýlişi hem bar.

sap edilýär. Sufistik filosofiýada bu dessura «arbagyna (çilä) oturtmak» diýilýär. Onuň ýerine ýetirilişi, ine, şunuň ýalydyr: müridiň ýeke özi pir tarapyndan kyrk günlük aýratyn bir hüjrede ýerleşdirilýär, hüjräniň sekisinde Mukaddes Gurhanyň bir nusgasy goýulýar. Ondan şol kyrk günüň dowamynda diňe Hudaýy ýatlamak, diňe Ol barada pikir etmek hem Gurhan okamak, az iýmek, az içmek, az ýatmak talap edilýär. Şol kyrk günüň dowamynda oňa diňe şahsy zerurlygy hem juma namazy üçin daşary çykmaklyga rugsat edilýär, galan ýagdaýlarda oňa hüjreden çykmak, berk gadagan edilýär. Onuň nahary ýörite bellenen derwüş tarapyndan getirilýär. Nahar getiren derwüş bilen salam-helikden başga gep-söz alyşmaklyga-da rugsat edilmeýär. Arbagyna (çilä) oturan güni oňa pir tarapyndan kyrk zeýtun berilýär. Sopuçylygyň taryhy bilen iş salyşýan alymlar muny Gurhanyň Nur süresiniň «Alla asmanlaryň we ýeriň Nurudyr; Onuň Nury mähraba meňzeş; onda (mährapda) ýagty ýyldyz hem lowurdap duran göwher ýaly (dury) çüýşäniň içine salnyp, çyra goýulýar; ol mukaddes zeýtun bilen ýanýar» diýen 35-nji aýaty bilen baglaýarlar. Mürit şol zeýtunlaryň her gün birini iýmeli eken. Kyrkçileden çykan mürit üçin ýörite gurbanlyk soýlup, şonuň etinden oňa nahar beripdirler [13, 55]. Diýmek, arbagyn döwründe müridiň wezipesi, esasan Gurhan okamaklyk bilen häsiýetlenipdir.

Arbagyn ýa-da çile häzirki zaman türkmen medeniýeti üçin hem ýat düşünje däl. Türkmençilikde oňa degişli iki däp ýüze çykypdyr. Mälim bolşy ýaly, türkmen etniki medeniýetindäki täze doglan çaganyň kyrk günlük bolýança geçen döwrüni aňlatmak üçin ulanylýan «kyrk çile» däbi, şeýle hem gyş möwsüminiň halk aňyndaky döwürleri bolan «uly çille» (7-nji dekabr – 16-njy ýanwar – kyrk gün) hem-de «kiçi çille» (17-nji ýanwar – 6-njy fewral – ýigrimi gün) sopuçylyk filo-

sofiýasyndaky şu arbagyn-çile, diýmek, «kyrkçile» dessuryndan gözbaş alýar, ýöne, görşümiz ýaly, ol türkmen topragynda sopuçylygyň ylym hökmünde öz möwritini geçirmegi bilen, soňra özgeren jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hem düzgün-tertibiniň talaplaryna laýyklykda, täze sosial mazmuna eýe bolupdyr[6].

Ýedinji basgançak – **«Nukaba»**:

Ýedinji guruhy nukaba biliň,
Üç ýüz ärdir, söze bir gulak salyň,
Üç ýüz altmyş alty eren her ýylyň
Her gününe biri nakyp oturmyş.

«Nukaba» kim? Bu söz arap dilindäki «nakyb» (ýolbaşçy, baştutan) sözüniň köplük sanydyr. Magtymgulynyň habar berşi ýaly, olar san taýdan üç ýüz kişidir we şu mistiki basgançakly ulgamyň ýedinji toparyny düzýärler. Şunlukda, şygyrdaky erenleriň basgançaklaýyn sanyny arifmetikalaşdyryp göz öňüne getirseň, şeýle bolar: **1 Gows** + **2 Aktap** + **4 Öwtad** + **7 Budela** + **12 Rukaba** + **40 Nujeba** + **300 Nukaba** = **366.**

Diýmek, olaryň her biri ýylyň bir gününe baştutanlyk edýän bolsalar, onda bu ulgamy tutuşlygyna jemgyýetiň-pelegiň bir ýyllyk gaýyp (syrly) ömri diýip hasap etmek bolar. Eger ýylyň her gününe bir syrly ýagşyzada ýolbaşçylyk, gözegçilik edýän bolsa, onda bu adamyň ömri hem iş-hereketleri bilen aýrylmaz bagly bolar we ol moral-ahlak, etiki hem sosial meselelerden sowa geçip bilmez. Beýik Magtymgulynyň ylmy-sopuçylyk konsepsiýalar düzüminde düýp ylahy mazmundaky ahyret-hasaplaşyk günündäki ideýa bilen bir hörpden gopýandygyna

---

[6] Türkmen topragynda – Sarahsda oturýan daýylarynyň arasynda uzak ýyllar ýaşan Alyşir Nowaýynyň kyrk beýtden ybarat «Arbagyn» («Kyrk») atly eseriniň bolmagy-da, şu däplerden üzňe däldir.

görä, muňa Mukaddes Gurhanyň bu babatdaky öwran-öwran gaýtalaýan aýatlaryndaky ideýanyň syrly ýüze çykyşy hökmünde seretmek dogry bolar.

Görüp geçişimiz ýaly, şygyrda akyldar üç ýüz altmyş alty ereniň – mistiki ýagşyzadanyň umumylaşdyrylan häsiýetini berýär. Bu Magtymgulynyň maglumatlary bilen Köneürgençdäki 360 öwlüýäniň adam sanynyň arasynda alty adamlyk tapawut goýýar. Astronomik hasaba görä, eger bir ýylyň gün sanynyň 365-e (366-a) barabardygyny göz öňünde tutsaň, onda san taýdan Magtymgulynyňky hutma-hut gabat gelýär. Ýöne sopuçylyk taglymatynyň konsepsiýalarynyň çenden aşa çylşyrymlylygyny, şunda başga-da nätakyklyklaryň bardygyny, çünki onuň her niçigem bolsa syrlylyga, gizlinlige esaslanýan taglymatdygyny hem geografik ýaýrawunyň çendenaşa giň bolandygyny hasaba alsaň, onda bu ýerde geň galyp oturasy zat ýokdur.

Şygyrdaky «gizlin ärler» bilen bagly ýene-de bir ýagdaýy hasaba almak zerurlygy bar. Bu has hem 360 öwlüýä dogry düşünmek babatda gerek bolar. Bu öwlüýäde 360 ýa-da 366 eren-piriň gubury ýatyr diýip pikir etmek dogry bolmaz. Munuň şol syrly ylmyň düýp tebigaty, has anygy, onuň gaýtalanýan aýlaw (sikl) hereketi bilen bagly ýagdaýdygyna düşünmeli. Ol aýlaw, ine, şunuň ýaly amala aşypdyr: tutuş sistema 366 (360) adamdan (derwüşden) ybarat; şolaryň haýsydyr biri aradan çykan ýagdaýynda, şondan soňkularyň ählisi bir adambir adam öňe süýşürilip, mistiki wezipeleri bir çin beýgeldilipdir; iň soňunda boş galýan bir orna bolsa, 366-a girmeýän, ýöne öňünden göz öňünde tutulyp ýörlen, ätiýaçlykda duran (резерв, reserve) taýýarlykly sopy-derwüşleriň biri kabul edilipdir. Şeýdip, kesgitli mukdardaky üýtgewsiz, hemişelik hereket ýola goýlupdyr. Şoňa görä, «360 öwlüýä» diýlendäki sanyň ol ýerde jaýlanan pirleriň sanyny däl-de, ylmy-mistiki ulgamyň

umumy düzümini aňladýandygyny ýatda saklamak gerek. Şu ulgama soňra, mysal üçin, Magtymgula gelýänçä, mazmun taýdan üýtgemek bilen, sopuçylygyň «gaýyp ärler» baradaky konsepsiýasyna öwrülipdir, şeýdip, olar toparlaýyn atlar bilen atlandyrylypdyr.

Şunlukda, dürli garaýyşlaryň bitewi düzüminiň üsti bilen, beýik Magtymguly – Magtymguly Pyragy kämilligi, halallygy, ýagşylygy hem asylzadalygy ahlak göýdükligi, sosial hem syýasy-jemgyýetçilik meseleleri bilen ýiti ideýa göreşine salypdyr. Bu akyldara adam ahlagyna, adamyň tutuş tebigatyny belende göterip biljek ideýalaryny ylmy-estetiki seljermek mümkinçiligini beripdir. Şeýdibem, ol ideýa-estetikanyň özboluşly hem belent basgançagyna galypdyr.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. – Aşgabat, 2011.
2. *Abu Hamid al-Gazaly.* Azaşmakdan halas ediji.
3. *Аннамухаммедов М.* Магтымгулы, гизлин сырың бар ичде.... 1-китап. – Aşgabat, 1994.
4. *Магтымгулы.* – Ашгабат, 1992.
5. *Демидов С.* Суфизм в Туркмении. – Ашхабад, 1978.
6. *Самойлович А.* Махтум-Кули и Хаким-Ата. // «Туркменоведение», 1929, № 12.
7. *Бекмурадов А.* Поэтический мир Махтумкули. – Ашхабад, 1993.
8. История Туркменской ССР. Т.1, Кн. 1.
9. *Атаниязов С.* Словарь туркменских этнонимов. – Ашхабад, 1988.
10. *Мередов А.* Магтымгулының дүшүндиришли сөзлүги. 2 бөлүм. – Гонбед Кабус, 1997.
11. *Белинский В.Г.* Собрание сочинений, т. VI. – М., 1981.
12. *Мередов А.* Магтымгулының дүшүндиришли сөзлүги. 1 бөлүм. – Гонбед Кабус, 1997.
13. *Ethem Cebecioglu.* Tasavvuf terimleri ve deyimleri sözlügü.

# MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE DÖWLETLILIK MESELESI

**Ata Nuryýew**

Döwletlilik meselesi jemgyýetçilik-syýasy gatnaşyklardan durýar. Ol gatnaşyklar durmuşyň ahlak, däp-dessur, edim-gylym, hukuk kadalary ýaly görnüşleriniň kömegi bilen düzgünleşdirilýär. Şularyň hemmesiniň özara baglanyşygy bolsa döwri, jemgyýeti häsiýetlendirýär. Magtymguly Pyragy öz döwrüniň ösüşine dogry baha bermegi başarypdyr. Ol türkmen jemgyýetiniň ösmegi üçin, ilkinji nobatda, bitewi döwleti döretmegiň, milli aňyýetiň zerurlygyny nygtapdyr. Halkyň ýaşaýşynyň durmuş, ahlak we medeni esaslarynyň täzelenmeginiň, durmuşyň ähli çygyrlarynda umumy abadançylyga, işjeň, bilelikdäki tagallany oýandyrmagyň zerurlygyna ilkinji bolup düşünipdir. Şahyryň döredijilik filosofiýasynda türkmen halkynyň geçmişini, halkyň geljegi bilen baglanyşykly isleg-arzuwlaryny görmek bolýar. Hormatly Arkadagymyz beýik şahyra sarpa goýup, onuň halk bilen bir jan-bir ten bolup ýaşandygyny adalatly nygtaýar: «Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň taryhynyň iň çylşyrymly döwründe ýaşan, agzybirlik, garaşsyzlyk, özbaşdak döwlet gurmak ýaly beýik maksatlara öz döredijiligi blen gulluk eden ynsanperwer şahyrdyr....» [1, 133].

Türkmen edebiýatçylarynyň işlerinden belli bolşy ýaly, XVIII asyrda türkmen edebiýatynda täze akym döredi we dürli garaýyşly şahyrlar, akyldarlar, ýagny Andalyp, Azady, Magtymguly, Magrupy, Şeýdaýy, Şabende, Gaýyby ýaly şahyrlar kemala geldi. Edebiýatyň bu öwrülişigine beýik Magtymguly Pyragy hem türkmeniň ruhy dünýäsiniň, özboluşly ýaşaýyş medeniýetiniň, ruhy gymmatlyklarynyň, şol sanda, döwletlilik

we garaşsyzlyk pelsepesiniň kemala gelmegine ägirt uly goşant goşan Hakdan halatly danadyr.

Magtymguly Pyragy umumadamzat şahyrydyr. Onuň goşgularynda diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem ähli halklaryň islegleri, arzuw-hyýallary beýanyny tapypdyr. Akademik W.W. Bartold özüniň «Türkmen halkynyň taryhynyň oçerkleri» atly eserinde: «Gökleň şahyry Magtymguly hemme türkmenleriň şahyry bolupdyr» [4, 614] diýip, onuň döredijiliginiň umumy halky häsiýetini we ähmiýetini nygtapdyr. Onuň aýtmagyna görä, türki halklaryň arasynda diňe türkmenler Magtymguly ýaly milli şahyra eýedir. Bu bir tarapdan, dogrudyr, ýöne başga tarapdan bolsa, bärden gaýdýar. Döwründe bolup geçen içerki we daşarky dawa-jenjellere şaýat bolan Magtymguly, türkmenleriň ruhy kuwwatyny galdyrmaga çalşyp, olary birlige çagyrypdyr.

Hakykatdan hem, Magtymguly diňe bir türkmen halkynyň beýik şahyry we akyldary bolman, eýsem tutuş Gündogar medeniýetiniň iň ýiti şuglaly ýyldyzlarynyň biridir. Garagalpak şygryýetiniň görnükli şahyry Berdimyrat Berdak şeýle ýazypdyr:

Magtymgulyny men okap,
Sözlerini etdim togap.
Kemi barmy? Beriň jogap,
Şol şahyry yzlardym men.

Magtymgulynyň ýaşan döwri çylşyrymly we syýasy taýdan gapma-garşylykly döwür. Şonuň üçin ol özüniň döredijiliginde türkmen halkynyň özboluşly taryhy ykbaly bilen bagly bolan möhüm jemgyýetçilik-syýasy meselelere aýratyn orun beripdir. Sebäbi, şol döwürde türkmenler bitewi bir merkezleşen döwletsizligiň ejirini çekip, syýasy taýdan dagynyk ýagdaýda ýaşapdyrlar. Üstesine-de, agzalalyk hem halky hasda basmrlapdyr. Agzalalyk bolan ýurtda abadançylygyň, asudalygyň bolmajagyny duýan şahyr halky agzybirlige, bitewi

döwlet gurmaga çagyrypdyr. Akyldar şahyryň pikirine görä, türkmenleriň kyn durmuşynyň esasy sebäbi agzalalykdadyr. Magtymguly «Içen ýalydyr» goşgusynda:

Agzy ala bolan iliň,
Döwleti gaçan ýalydyr –

diýip, agzala ilden rysk, döwletiň gidýändigini tekrarlaýar. «Nogsana gelgeý» goşgusynda bolsa:

Bir-birini çapmak ermes ärlikden,
Bu iş şeýtanydyr, belki körlükden,
Agzalalyk aýrar ili dirlikden,
Döwlet dönüp, nobat duşmana gelgeý –

diýip, türkmenleri agzalalykdan gaça durmaklyga çagyrýar. Agzalalygyň bar ýerinde iliň bozulyp, duşmanyň üstün çykjakdygyny nygtaýar. Hormatly Arkadagymyz bu babatda: «Magtymguly Pyragynyň türkmen halkynyň öňündäki iň uly hyzmatlarynyň biri, onuň agzybirlik ugrundaky göreşidir hem-de agzalalygy ýazgarmagydyr» [5,7] diýip, örän jaýdar belleýär. Şonuň üçin türkmen taýpalaryny kem-kemden birleşdirip, bir bitewi döwlet döretmek baradaky öwüt-ündewi onuň bütin eserleriniň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Magtymguly milli döwlet gurmak baradaky pikirlerini amala aşyrmaga girişende, ilki bilen, taýpadaşlarynyň arasynda agzybirligi döredip bolsa, bu özgelere-de görelde bolar, agzybirligiň beren netijeleri, beýleki türkmen taýpalaryny hem bu işe-milli döwlet gurmak işine çekmäge ýardam berer diýen pikirden ugur alypdyr. Watan, halkyň ykbaly, adalatlylyk, ynsanyň belent mertebesi ýaly meseleler şahyryň kalbynda gaýnap-joşupdyr. Gahryman Arkdagymyzyň nygtaýşy ýaly, «Magtymguly Pyragy synmaz, özygtyýarly Türkmen döwletini, agzybirligi, jebisligi arzuw eden hakyky watançydyr» [2, 262]. Şahyr halkyň bagtly ykbaly ugrundaky göreşe içgin gatnaşyp-

dyr, durmuşyň wajyp meseleleriniň ara alnyp maslahatlaşylýan geňeşlerinde çykyş edipdir, ýazgyda kaýyl bolup oturmagy ündeýän wekillere üzül-kesil garşy çykyp, «Pany jahan gerekmes» diýen goşgusynda şeýle diýýär:

Meýlis kylar boldy bu gün il-günümiň barysy,
Gelmegin sen, bes ser goşup, bizge myhman gerekmes.

Magtymguly, sen sözlegil,diýdi goçlar meýlisi,
Sen güftar sen bu meýlisde, gaýry destan gerekmes.

Dogrudan hem, halk mejlisinde gyzgyn jedeller bolýardy, halky kyn ýagdaýdan gutaryp biljek dürli-dürli ýollar salgy berilýärdi. Emele gelen ýagdaýdan halk çyny bilen çykalga gözläpdir. Magtymguly hem bu gözlege jany-teni bilen goşulypdyr.

Magtymgulynyň döwründe türkmen jemgyýetinde durnukly döwlet düzgüni bolmanlygy üçin, halk öz-özüni goramaly, dolandyrmaly, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny ahlagyň, diniň täsiri bilen ugrukdyrmaly bolýar. Bu ugurda Magtymguly öz pederi we halypasy Döwletmämmet Azadynyň pikirlerini ösdürýär.

Döwletlilik meselesi Gündogaryň akyldarlarynyň, şahyrlarynyň eserlerinde-de öňe sürülýär. Saady Şirazy hem özüniň «Gülüstan», Patşa Hoja «Gülzar» eserinde bu barada giňişleýin durup geçýär. Emma bularyň ählisinde tutuş Gündogara mahsus bolan umumy äheňde, töwerekleýin çemeleşilýär. Olarda döwletlilik islegi adalatly soltan, parasatly wezir-wekiller, alymlar, akyldarlar we olaryň jemgyýetdäki orunlary, wezipe-borçlary hakdaky hekaýalaryň üsti bilen berlipdir. Bu edebi tär halkyň milli isleglerini belli bir derejede açyp görkezýän hem bolsa, olardaky mazmun anyk taryhy döwür bilen kesgitlenmeýär.

Döwletmämmet Azady merkezleşdirilen türkmen döwletini döretmegiň zerurlygyny ündese-de, şol ideýany amala aşyrmagyň anyk ýollaryny görkezmändir. Ol hem özüniň dört bapdan ybarat «Wagzy-azat» atly eserinde Gündogaryň akyldarlary ýaly, patyşalardan hemaýat isläpdir, adalatlylygy talap edipdir. Emma Magtymguly geljege berk ynanypdyr. Ol her hili kyn ýagdaýda-da adam ruhdan düşmesin diýen pikiri öňe sürüpdir. Ol özüniň goşgularynda türkmen taýpalarynyň birleşmeklerini, agzybirligini we bitewi bir döwlet döretmegi, zerur hasaplapdyr. Eger şeýle edilse, halkyň güýç-kuwwaty artar, watany daşky duşmanlardan goramaga mümkinçilik bolar diýen dogry we adalatly pikiri öňe sürüpdir. Şol maksat bilen, Magtymguly «Türkmeniň», «Döker bolduk ýaşymyz», «Görülsin indi», «Ajap eýýam gelmedi», «Türkmen binasy» ýaly goşgulary döredipdir. Şahyr halky birleşen güýje öwürmegi anyk durmuşy ýagdaýlar bilen baglanyşdyryp, gös-göni halkyň özüne ýüzlenýär. Magtymguly köp ýurtlara syýahat edipdir. Ol Yrakda, Siriýada, Eýranda, Owganystanda, Astrahanda, Kawkazda, Hindistanda bolýar. Emma hiç ýerde-de gowy durmuşa gabat gelmeýär. Şondan soňra, ol türkmen halkynyň gowy durmuşy özleri gazanmalydygy baradaky hakykata anyk göz ýetiripdir. Şonuň üçin Magtymgulynyň beýikligi öz ykbalyny halkyň, Watanyň ykbaly bilen berk baglandygyndan ybaratdyr.

Şeýlelikde, Döwletmämmet Azady bilen Magtymgulynyň ataly-ogluň arasyndaky gatnaşyk, XVIII asyr türkmen jemgyýetindäki maşgala gatnaşyklaryny, döwrüň edep-terbiýe meselesini, umuman, şol döwrüň umumy ruhuny göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýär. Magtymguly öz döwrüniň jemgyýetçilik-syýasy ýagdaýyny janly beýan edipdir. Ol goşgy setirlerinde ýaşan döwründäki durmuşyň ýaramaz taraplaryny ýazgaryp, olary düzetmegiň çäresini agtarypdyr. Magtymgulynyň goşgularynda ulanylan her bir söz öz halkynyň taryhy, milli-ruhy ahwaly

bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Ol geljekki döwletiň binýadyny berk tutmak baradaky meseläni goýýar («Ýurt binamyz gaýym bolsun, goýulsyn»), ähli halkyň bir saçagyň başyna egrilmegini («Bir suprada eda bolsun aşymyz») arzuwlapdyr. Şahyryň «Türkmen binasy» ýaly goşgusynda türkmenleriň birleşen güýçleriniň (tekeler, ýomutlar, ýazyrlar, gökleňler, alililer) gahrymançylygy, batyrlygy, at-ýaraga erk edişleri, halkyň bagty ugrunda janlaryny gurban etmäge taýardyklary wasp edilýär. Ol mert ýigitleri söweşde gaýduwsyzlyga çagyrýar.

Magtymguly Watana, halka wepaly bolmagy hem-de yhlasly hyzmat etmegi jemgyýetiň gözelligidir, adamyň ajaýyplygydyr, gaflatparazlygy ýoga çykarýan şamçyragydyr, adamyň görki-bezegidir diýip düşünýär. Magtymguly öz goşgularynda iliň-halkyň güýjüne mynasyp baha berýär. Ol «Döker bolduk ýaşymyz» diýen şygrynda şeýle ýazýar:

Hydyr gören çölde iller ýaýylsyn,
Ýurt binamyz gaýym bolsun, gurulsyn,
Çille mest nerlerimiz barça aýylsyn,
Bir suprada eda bolsun aşymyz.

Magtymguly watançylyk temasyna degişli goşgularynda mert ýigitleriň keşbini döredipdir. Şahyryň mertlik, gahrymançylyk barada ýazan eserleriniň biri-de, «Depe nedir, düz nedir» diýen şygrydyr. Şahyr bu eserinde goç ýigitlere gahrymançylyk görkezip, öz hojalygynyň, obasynyň, milletiň ar-namysyny goramagy sargaýar. Şahyr: «Mert oldur ki, bolsa köňli rehimli, göwresi giň gerek, özi pähimli» diýip, türkmen ýigitleriniň pähimli, parasatly bolmak bilen birlikde, gaýduwsyz mert bolmagyny nygtapdyr. Magtymgulynyň mertlik, gahrymançy-

lyk temasynyň özeninde berkarar döwlet gurmak, agzybir ýaşamak arzuwy ýatandyr. Şahyryň watançylyk, gahrymançylyk temasyna degişli ýazan goşgulary taryhy taýdan anyklygy, takyk manysy, çeper keşplere baýlygy bilen-de tapawutlanýar.

Magtymgulynyň goşgularynda Watana bolan söýgi, onuň mukaddesligi aýdyň şöhlelendirilipdir. Gahryman Arkdagymyzyň «Döwlet guşy» romanynda nygtalyşy ýaly, Mälikguly Berdimuhamedowyň «Ýürekleriň buýsanjy Watan» atly şygrynda Watan mukaddesligi şeýle beýan edilýär:

Şuny mydam ýatda saklaň, dostlarym,
Ýürekleň buýsanjy Watandyr, Watan!
Watana sejd etmek hökman, dostlarym,
Pederleň daýanjy Watandyr, Watan!

Magtymguly, zamanasynyň ähli hupbatlaryny öz gerdeninde çeken adam. Onuň iki süýtdeş dogany Mämmetsapadyr Abdyllanyň owgan topragynda diri gaýyp bolmagy, oňa juda agyr degipdir. Onuň şygyrlarynda ýagşy we ýaman gylykly adamlara ýygjam jümlelerde kesgin we takyk baha berlipdir. Häzirem şol sözleriň terbiýeçilik ähmiýeti we täsiri egsilenok.

Magtymguly ozaly bilen, goňşulykda ýaşaýan türkmen tire-taýpalarynyň bähbitleriniň gös-göni galtaşyp, oňşuksyzlyga getirýändigini göz öňünde tutup, «tireler gardaşdyr, urug ýarydyr» diýmek bilen, nirede ýaşasalar-da, türkmenleriň ählisiniň bir jan-bir tendigini nygtaýar. Ol özüniň döredijiliginde türkmen taýpalaryny birleşdirmek we özbaşdak döwlet döretmek meselesini tapgyrlaýyn amala aşyrmagy ündeýär. Onuň goşgularynda öz halkynyň ykbalyna çuňňur gyýylýandygyny, watanyny jandan-tenden söýüp, ony keseki basybalyjylaryň hüjüminden goramaga çagyrýandygyny duýmak bolýar.

Magtymguly türkmenleriň bir bitewi döwlete birikmeleriniň zerurlygyny nygtap, şeýle diýýär:

Namys-arly, berkararly illeriň,
Bir döwletli merdan hany gerekdir.

Magtymgulynyň bu goşgusy ýurdy mäkäm düzgün-tertip bilen saklaýan we onuň goragyny üpjün edýän adalatly hökümdaryň bolmagyny arzuw edendigini görkezýär. XVIII asyrda türkmen halkyna bitewi, berkarar döwleti döretmek bagty miýesser bolmasa-da, bu asyr döwlet gurmak baradaky ideýanyň lowurdap orta çykan asyry hökmünde türkmen taryhyna girdi.

XIX asyryň ikinji ýarymynda türkmenleriň asyrlarboýy arzuwlap gelen özbaşdak döwlet döretmek meýilleri has güýçlenip başlaýar. Günorta Türkmenistanda döwletiň käbir alamatlary peýda bolýar, baş hanlaryň ýanynda polisiýanyň wezipesini ýerine ýetiriji az sanly nökerler saklanýar, tussaghana döredilýär, içki söwdany ösdürmek üçin, kümüşden gyran guýlup, ýüzüne «Dar el mülki Ahal» diýip ýazdyrylýar [9, 243 sah. ]. Demirgazyk Türkmenistanda bolsa, 1855–1865-nji ýyllarda Atamyrat hanyň baştutanlygynda hywa türkmenleriniň milli-azat edijilik hereketi giň gerim alýar. Ol ep-esli wagt Hywa hanlygynyň demirgazyk-günbatarynda öz hökümdarlygyny ýöredýär we türkmenleriň köp bölegi wagtlaýyn Hywa hanyna tabynlykdan çykýar. Atamyrat han bolsa, milli-azat edijilik hereketiň esasy serdary bolmak bilen, ol öz ýazan hatlarynda «Orazmuhammet ogly Atamyrat han» diýip gol çekip başlaýar. Bu bolsa onuň Hywa hanlary bilen bäsleşýändigini we özbaşdak türkmen hanlygyny döretmek isländigini görkezýär. Bularyň hemme-

si türkmenlerde Magtymgulynyň arzuwlan özbaşdak döwlet döretmek meýliniň güýçlenip başlandygyna şaýatlyk edýär. Emma şu wakalardan soň, patyşa Russiýasy tarapyndan basybalyjylykly howpuň abanmagy sebäpli, türkmenleriň garaşsyz döwlet döretmek meýli ýene-de wagtlaýynça başa barmaýar. Şeýle-de bolsa, türkmen halkynyň beýik şahyry we akyldary Magtymgulynyň döwletlilik baradaky ideýasy hem-de edebi mirasy dünýä medeniýetiniň umumadamzat gymmatlyklarynda özüniň mynasyp ornuny tapdy. Alym Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, «Magtymguly Pyragy adamzada tämiz ruhly, sagdyn ahlakly, şirin zybanly, ajaýyp şygyrlary miras galdyran akyldar şahyrdyr» [1, 139].

Şeýlelikde, Magtymguly türkmen tire-taýpalaryny birleşdirmegiň jarçysy bolup çykyş etdi, özbaşdak döwlet gurup, külli türkmeniň şoňa gulluk etmegini isledi. Onuň bu asylly arzuwlary bu gün hasyl boldy. Hormatly Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, «Adamzadyň arzyly oý-hyýallaryny jahana ýaýan şahyr, bu gün ynsanlaryň buýsanjyna öwrüldi. Onuň ynsan kalbynda inçe duýgulary oýarýan şygyrýet dünýäsi bu gün türkmen jemgyýetiniň, şu günki we geljekki nesillerimiziň ruhy kämilligini, ruhy sagdynlygyny üpjün edýän täze ideologiýamyzyň ruhy binýatlarynyň biridir». [1, 133]. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda parahat, azat, erkin ýaşaýan halkymyz akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyraga uly sapa goýýar.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom.– Aşgabat, 2009.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 6-njy tom. – Aşgabat, 2013.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet guşy. – Aşgabat, 2013.
4. *Бартольд В. В.* Сочинения, том 2, часть 1. – М., 1963.
5. *Magtymguly.* Eserler ýygyndysy. I-nji jilt. – Aşgabat, 2013.
6. *Magtymguly.* Şygyrlar. Üç tomluk. III-nji jilt. – Aşgabat, 1996.
7. Magtymguly. Saýlanan goşgular. – Aşgabat, 1976.
8. *Магтымгулы.* Бейик түркмен шахыры Магтымгулының доглан гүнүниң 225 йыллыгына багышланан юбилей йыгындысы. – Ашгабат, 1961.
9. *Аннанепесов М.* Хозяйство туркмен в XVIII–XIX вв. – Ашхабад, 1972.

## MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ KEŞBINIŇ TÜRKMENISTANYŇ ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATYNDA ŞÖHLELENDIRILMEGI

**Öwezmyhammet Mämmetnurow**

Magtymguly Pyragynyň ady, onuň şahyrana owazy öz döwründe we şondan soňraky ýyllarda, Garaşsyzlyk döwründe, hususan-da, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk zamanynda daglardan eşidilýän ýaň ýaly bolup, häli-şindi ýaňlanyp, älem-jahana ýaýrady. Bu adyň we bu owazyň özboluşly, iňňän gymmatly tarapy, onuň ýeke-täk bir şahsyýetiň mertebesini aňlatman, eýsem tutuş bir milletiň, türkmeniň at-owazasyny, abraýyny belende galdyrandygy, azatlygyň, zähmetsöýerligiň, halallygyň, watanperwerligiň, parasatlylygyň we adama mahsus gaýry bir topar oňat häsiýetleriň hemmesini özünde jemleýän türkmeniň hakyky bitewi keşbi häli-häzirem Magtymguly Pyragynyň döredijiligindäki ýaly derejede doly we hertaraply, çeper we çuňňur şekillendirilen däldir.

Magtymguly Pyragynyň edebi mirasynyň taryhda ölmez-ýitmez yz galdyryşy ýaly, onuň keşbini şekillendiriş sungatynda ýerine ýetirmekde Türkmenistanyň bu ugurlarda işleýän hünärmenleri hem sungatyň dürli görnüşlerinde dürli döwürlerde dünýä belli eserleri döretdiler. Ol eserler şekillendiriş sungatynyň nakgaşçylyk, grafika, heýkeltaraşlyk, amaly-haşam sungaty we beýleki görnüşlerinde ýerine ýetirip, Türkmenistanyň medeniýetini we sungatyny dünýä giňişliginde ýokary götermekde ägirt uly işleri bitirdiler.

Biz taryha ser salsak, 1947-nji ýylda Türkmenistanyň Suratkeşler birleşigi tarapyndan Magtymguly Pyragynyň keşbini ebedileşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň suratkeş-nakgaşçylarynyň arasynda bäsleşik yglan edilipdi. Şol bäsleşigiň şertleri boýunça, suratkeşler Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy çuňňur öwrenip, onuň kanoniki portreti döredilmelidi.

Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň bu yglan edilen taryhy bäsleşigine şol döwrüň suratkeş-nakgaşlarynyň aglaba köpüsi gatnaşypdy. Ol suratkeşlerden Türkmenistanyň ady belli suratkeşleri Bäşim Nuraly, Ýakup Annanurow, Aýhan Hajyýew, Haky Allaberdiýew we beýlekileriň gatnaşmaklary, bu bäsleşigiň abraýyna abraý goşupdy.

Bu geçirilen bäsleşikde ussat suratkeş-nakgaş Aýhan Hajyýewiň «Magtymgulynyň portreti» diýen eseri ýeňiji bolupdy. Magtymguly atamyzyň şekilini döretmekde beýik akyldaryň keşbini aýdyň göz öňüne getirip, halkyň asyrlar boýy aňynda göterip gelen keşbini täzeden janlandyrmak bilen, bu ölmez-ýitmez eseri döredipdi. Bu işiň halk tarapyndan şeýle çalt hem ýürekden kabul edilmegi bolsa, Aýhan Hajyýewiň üstünligidir. Ýagny onuň şahyryň goşgularynyň çuňňur filoso-

fiýasynyň bütin döredijiliginiň many-mazmunynyň düýp özenini bir görnüşde çugdamlap bilenligidir.

Aýhan Hajyýewden soňra Magtymguly Pyragynyň keşbini döretmäge köpçülikleýin girişdiler. Ýazyjylar, şahyrlar öz eserlerinde akyldaryň edebi keşbini döretseler, alymlar ol hakda öz gysgadan manyly pikirlerini beýan etdiler.

Ol alymlardan Baýmuhammet Garryýewiň «Magtymguly», Myrat Annanepesowyň «Magtymguly we onuň zamanasy», Ahmet Bekmyradowyň «Magtymgulynyň poeziýasynda şahyrana däp hem täzeçillik gözlegleri», Hudaýberdi Durdyýewiň «Akyl gämisi», Saýlaw Myradowyň «Asyrlaryň jümmüşinden», Oraz Ýagmyryň «Magtymgulunama» diýen kitaplary görkezmek bolar.

Öz döwürlerinde şekillendiriş sungatynyň ussatlaryna uly ylhamlar çeşmesi bolup hyzmat edipdi.

Dörediji adamyň her bir eseriniň ýüze çykmagyna sebäp bolýan wakalar, onuň döreýiş aýratynlyklary bolýar. Biz bu hakykaty inkär edip bilmeýäris. Emma «Jemşidiň jamyna» deňelen Magtymguly baradaky eserleriň ýüze çykmagyna sebäp bolýan zat soralmaýar. Sebäbi asyrlaryň jümmüşinden şu günlere gelip, halk diliniň senasyna öwrülen şygyrlar hiç kimi biparh goýmaýar. Şahyryň döredijiligi–egsilmez çeşme. Teşnäniň suwsuzlygyny gandyryşy ýaly, biz döredijilik işgärleri-de öz ruhy isleglerimizi kanagatlandyrmak üçin, ol çeşmä eňek basýarys.

Öz döwründe Türkmenistanyň halk suratkeşi Aýhan Hajyýew hem döredijiligini bütünleý diýen ýaly Magtymguly Pyragy barada eserleri döretmeklige bagyşlapdy. Ol öz döreden eserlerinde türkmen halkynyň etnografiýasyny, däp-dessurlaryň taryhy gelip çykyşyny, Magtymguly Pyragynyň watan,

gahrymançylyk, il-günüň agzybirligi temalaryny utgaşdyryp bilen zehinli suratkeşdi. Onuň «Agzybirlik», «Magtymguly–zergär», «Meňli bilen duşuşyk», «Gyzylbaşlaryň talaňçylygy» diýen eserleri türkmen halkynyň şekillendiriş sungatynyň altyn hazynasyna hemişelik girendir.

Magtymguly Pyragynyň döredijilik ummany suratkeş-nakgaşlary şahyryň döredijiligine täzeçillik bilen çemeleşip, täzeden düýpli eserleri döretmäge girişdiler. Ol suratkeşlerden Aman Amangeldiýewi, Çary Amangeldiýewi, Bäşim Nuralyny, Babageldi Owganowy, Atabally Kiçigulowy görkezmek bolar. Şol döwürlerde kitap grafikaçylary, suratkeşleri Hajy Atakgaýew, Baýram Lallykow, Oraz Agabaýew dagylar öz ýiti galamlary bilen Magtymguly Pyragynyň eserlerini grafika diline geçirip, dürli sergilerde eserlerini görkezmek bilen, dürli kitaplaryň bezeg surat işlerini ýerine ýetiripdiler.

Magtymgulynyň obrazyny döretmekde amaly-haşam sungatynyň ussatlary hem gyrada durmadylar. Şol döwrüň amaly haşam sungatynyň ussatlary Wera Gyllyýewa, Amanmyrat Ataýew, Annaguly Hojagulyýew dagylar Magtymguly Pyragynyň keşbini gobelen sungatynyň üsti bilen görkezmegi başardylar.

Magtymgulynyň haly portreti hakynda aýdanymyzda, onuň eskizini ilkinji bolup haly nakgaşlary N. Ýerşow, J. Rejepow taýýarlady we ol 1950-nji ýylda halyçy zenanlar Maýa Nazarowa hem-de Amantäç Nurberdiýewa tarapyndan hala çitilipdi. Şondan soňra dogry 42 ýyldan (1992) soňra, Magtymguly Pyragynyň haly portreti täzeden dokaldy. Bu haly portretiň erşi, argajy, çitimliligi ýüň ýüpünden bolup, onuň ölçegi 150 × 100 sm. bolupdyr. Ol häzir Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Magtymguly» muzeýini bezeýär.

Magtymguly Pyragynyň keşbini ebedileşdirmekde türkmen heýkeltaraşlarynyň ýerine ýetiren eserleriniň abraýy ölçärden agyrdyr. Taryhdaky ýerine ýetirilen ýadygärlikleriň ilkinjileriniň biri, Magtymguly Pyragynyň Aşgabat şäherinde dikeldilen ýadygärligi biziň aňymyzda öz ornuny tapypdy. Ol ýadygärligiň awtorlary heýkeltaraş W. Popow, arhitektorlar W. Wysotin we W. Kutumow dagylardy. Bu ýadygärlik dürli öwüşginli bazalt daşyndan kesilip ýasalypdy. Bu ýadygärligiň açylyş dabarasy 1971-nji ýylyň güýzünde bolup geçipdi.

Türkmen heýkeltaraşlary ýeke bir Aşgabat şäherinde däl-de, eýsem ýurdumyzyň beýleki şäherlerinde-de Magtymguly Pyragynyň ýadygärliklerini oturdýardylar. Ol ýadygärlikler esasan Magtymguly Pyragynyň watany Magtymguly etrabynyň merkezinde we onuň dogduk obasy bolan Gerkez obasynda oturdylypdy. Ol döwürlerde heýkeltaraşlar A. Abramow, A. Şetinin dagylar bilen ýaş heýkeltaraşlar B. Esengeldiýew, B. Atdaýew, M. Seýitmyradow, M. Nurymow, B. Annamyradow, G. Ýarmammedow, S. Babaýew dagylar işläpdiler.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow öňden görüjilikli syýasaty netijesinde, Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistan dünýä jemgyýetinde uly meşhurlyga eýe boldy. Döwletimiziň durmuş-ykdysady, medeniýet pudaklarynda ägirt uly işler amala aşyryldy. Türkmenistana ata-babalarymyzyň arzuwlan beýik zamanasy geldi. Şeýle ajaýyp zamanany arzuwlap, öz döwrüniň kynçylyklaryndan rüstem gelip, türkmen halkynyň milli ruhuny goşgy setirlerine siňdiren Magtymguly Pyragynyň bu günler dabarasy dag aşýar.

Magtymguly Pyragy–düýpsüz umman. Onuň aňyrsyna-bärsine, belentligine-çuňlugyna göz ýetirer ýaly däl. Şahyr öz goşgulary bilen adamlary öz gününe goýman, beýnilerini gorjalap dur. Döredijilik adamlary bolan halypalar hem-de

ýaşlar öz eserlerini döwrebap döretjek bolmak ugrunda zähmet çekip gelýärler.

Bu çekilýän zähmetlerde Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň agzalarynyň hem-de ol agzalaryň işleýän ýeri bolan Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň paýy örän uludyr. Türkmen halkynyň gadymdan gelýän nakyly bolan «Şägirt halypasyndan ozdurmasa, kär ýiter» diýen nakyla eýerip, Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň halypa mugallymlarydyr talyplary Döwlet okuw maksatnamalaryna laýyklykda, häzirki döwürde Magtymguly Pyragynyň keşbini ebedileşdirmekde ägirt uly, önjeýli eserleri döredip gelýärler.

Bu çeperçilik akademiýasynyň «Nakgaşçylyk», «Heýkeltaraşlyk» we «Grafika» kafedralarynda halypalaryň we talyplaryň döredijilikli zähmetleriniň netijesinde, halypalaryň öz döredýän çeper eserlerinde, talyplaryň diplom işlerinde Magtymguly Pyragynyň keşbini ebedileşdirmekde döwrebap eserler ýerine ýetirilip gelinýär.

Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň halypa mugallymlarydyr talyplary şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň şahyrana döredijiligine bagyşlap, uly sowgatlar bilen çykyş edýärler. Muňa mysal edip, A. Rozyýewiň «Magtymguly», M. Kulyýewiň «Berkarar döwlet islärin», K. Baýramowyň «Medresede», G. Tatowyň «Magtymguly», H. Hojagulyýewiň «Bady-sabany görsem» atly nakgaşçylyk eserlerini görkezmek bolar.

Şekillendiriş sungatynyň jemgyýetiň ösüşine örän uly täsiri bardyr. Bu sungatyň esasy wezipesi–çeper döredijilik işine bolan düşünjäni bermek, adamlaryň hakyky döredijilik älemine girmegini gazanmakdan ybaratdyr.

Çeper döredijilik–bu täze estetika gymmatlyklary döretmek, owadanlyk küýsegi bilen begendirmek, ruhy aladalary we estetiki düşünjeleri gandyrmakdyr.

XX asyryň soňky onýyllygy – XXI asyryň başlangyjy Türkmen şekillendiriş sungatynyň täze zamanasy, täze bir döwri boldy. Garaşsyz hem baky Bitarap Türkmenistan döwleti heniz görlüp-eşidilmedik eýýama milli mirasyň we däp-dessurlaryň Galkynyş eýýamyna gadam urdy. Durmuşyň ähli pudagynda bolşy ýaly, türkmen şekillendiriş sungatynyň binagärçilik we monumental heýkelçiligi hem galkynyş zamanasynda uly ösüşe eýe boldy.

Garaşsyzlyk zamanasynyň monumental heýkeltaraşlygynyň ýaýbanlanmagy, ýurdumyzyň paýtagtynda hem-de onuň künjeklerinde alnyp barylýan giň gerimli gurluşyk taslamalary bilen berk baglanyşylylykda alnyp baryldy. Gysga wagtyň içinde ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäheriniň durky düýpgöter üýtgedi.

Garaşsyzlyk döwrüniň şähergurluşyk sungaty monumental heýkeltaraşlygyň çeperçiligini hasam artdyrýar.

Göwrümli ymaratlaryň kompozisiýa taslamasynda ýerleşdirilen uly heýkeller, şol binanyň arhitektura keşbini oňyn kabul etmäge mümkinçilik döredýär. Heýkel eserleri bolsa öz gezeginde täze köçeleriň seýilgähleriň, meýdanlaryň we ymaratçylyk toplumlarynyň kompozision merkezi bolup hyzmat edýär.

Bu döwürde heýkeltaraşlaryň görnükli wekilleri Babasary Annamyradow, Saragt Babaýew, Agameret Garaýew, Nurmuhammet Ataýew, Juma Jumadurdy, Seýit Artykmämmedow, Ýedi Madatow, Gylyç Ýarmämmedow, Welmyrat Jumaýew ýaly ussatlar Garaşsyzlyk döwründe täsin ymaratlaryň, belent ýadygärlikleriň gurluşygyna gatnaşyp, ata Watanyň monumental heýkeltaraşlyk sungatyny arşa göterdiler.

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyş döwründe Magtymguly Pyragynyň keşbi hem özgerişlikleriň içinden eriş-agaç bolup geçýär.

Ady agzalan döwürde beýik şahyryň heýkellerini döretmekde halypadyr-şägirt heýkeltaraşlar gije-gündiz işleýärler.

2014-nji ýylda Magtymguly etrabynyň Gerkez obasynda şahyryň monumental ýadygärligi heýkeltaraş Saragt Babaýew tarapyndan oturdyldy.

2015-nji ýylda Magtymguly etrabynyň merkezinde «Magtymguly Pyragy» muzeýi gurlup, ulanylmaga berildi. Şonuň bilen bir döwürde bu muzeýiň öňündäki meýdançada türkmen halkynyň nusgawy şahyrlary bilen birlikde, Magtymguly Pyragynyň hem monumental heýkeli oturdyldy. Bu ajaýyp ýadygärlikler toplumy heýkeltaraş Saragt Babaýew tarapyndan ýerine ýetirildi.

Magtymguly Pyragynyň ýadygärlik heýkelleri dünýäniň beýleki ýurtlarynda hem oturdyldy. Ukraina döwletiniň paýtagty Kiýew şäherinde heýkeltaraş monumentalçy Seýit Artykmämmedow tarapyndan 1998-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň ajaýyp ýadygärligi oturdyldy. 2005-nji ýylda Russiýa döwletiniň Stawropol ülkesinde Magtymguly Pyragynyň ýadygärlik heýkeli Saragt Babaýewiň ýerine ýetirmekliginde oturdyldy. 2009-njy ýylda bolsa Russiýa döwletiniň Astrahan şäheriniň merkezinde Magtymguly Pyragynyň monumental heýkeli Saragt Babaýewiň ýerine ýetirmeginde oturdyldy.

Turkiýe respublikasynyň paýtagty Ankara şäheriniň Aşgabat seýilgähinde Saragt Babaýewiň ýerine ýetirmeginde 2012-nji ýylda ajaýyp ýadygärlik kompozisiýasy oturdyldy.

Magtymguly Pyragynyň dünýäniň dürli şäherlerinde ýadygärlikleriniň oturdylmagy türkmen halky bilen beýleki ýurtlaryň halklarynyň dostluk-doganlygynyň berkemegindäki roly örän uludyr.

Beýik şahyrymyzyň öz goşgy setirlerindäki dostluk-doganlyk baradaky eden arzuw-dilegleri häzirki döwürde durmuşa

geçirilip, türkmen halkynyň goňşy halklar bilen agzybirlikde ýaşamaklygy, häzirki döwrüň miwesidir.

Gahryman Arkadagymyzy öz Karary bilen bellenen Magtymguly-Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk ýubileýini üstünlikli bellemek üçin, şu günki günler bütin türkmen halky bilen birlikde edebiýat we sungat işgärleri üstünlikli işleýärler. Muňa mysal edip, gözel paýtagtymyzyň özgermeginiň dowam edýänligini, şol sanda Köpetdagyň etegindäki meýdançada Magtymguly Pyragynyň ägirt uly 62 m. beýiklikdäki monumental heýkeliniň oturdylmagy, türkmen halky üçin uly abraýdyr. Bu ýadygärlik sazlaşygynyň awtory hem, Türkmenistanyň halk suratkeşi, heýkeltaraş Saragt Babaýewdir.

Magtymguly Pyragynyň şahyrana döredijiliginiň türkmen halkynyň şekillendiriş sungaty üçin ylham çeşmesi bolmaklygy bilen ýurdumyzyň şekillendiriş sungatynyň ussatlary hem dürli ugurlarda, dürli žanrlarda nusgawy eserleri döretmekde zähmet çekmekligi dowam edýärler.

Biz bu ýerde şekillendiriş sungatynyň ussatlary Gahryman Arkadagymyzyň hem-de ýurdumyzyň Prezidenti Arkadagly Serdarymyzyň şekillendiriş sungatynyň ussatlaryna öz eserlerini döretmeklikde döredýän şertleri hem-de berýän goldawlary üçin hoşallyklaryny bildirmek bilen, öz döredýän eserlerinde watançylygy, agzybirligi, ynsanperwerligi ösdürmeklik ugrunda dürli eserleri döredýärler.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmen medeniýeti. – Aşgabat, 2015.

2. Edebiýat we sungat №43:1983-nji ýylyň 28-nji oktýabry.

3. Туркменская искра, №250: 29 октябрь 1983 г.

4. Diýar, №5, 1994.

5. Türkmen heýkeltaraşlyk sungaty. – Aşgabat, 2008.
6. Magtymguly – 290 ýyl. Sergi katalogy. Türkmen döwlet çeperçilik Akademiýasy. – Aşgabat, 2014.
7. Magtymguly-ylham çeşmesi. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň milli golýazmalar instituty, 2014.
8. Saragt Babaýew sergi katalogy. – Aşgabat, 2019.
9. Türkmenistanyň Suratkeşler birleşigi 70 ýyl. Birleşigiň albom katalogy. – Aşgabat, 2019.
10. *Utamyşewa O.* Ussadyň döredijilik gözlegleri. – Aşgabat, 2008.

## ÖLMEZ-ÝITMEZ DANA MAGTYMGULYNYŇ ALAWY

**Juma Orazgylyjow**

Magtymgulynyň ykbalyna zehinli şahyr Döwletmämmet Azadynyň maşgalasynda dogulmak ýazylypdyr, hut şol hem ýaş dananyň ilkinji halypasy bolupdyr. Kämillik ýaşyna ýetip, bilimdir tejribe toplaýança, göýä onuň ylahy penasy bar ýalydy.

Halal zähmet bilen gazanylan çöregiň tagamyndan datly zat barmy? Üstesine-de, edýän işiň aşygy bolsaň – meger, şunuň özi bagtdyr. Magtymguly ýonaçylyk we demirçilik senetlerini ele alýar, ýöne ýaş ýigit zergärçilik işine aýratyn yhlas edýär. Çünki bu senet ussadyň emri bilen, kümşi görnüksizje metal bölekliginden, gözelligi aklyňy haýran edýän esere öwürýändir. Onuň aňyrsynda bolsa ýene-de adamy bezeýän zähmet ýatandyr.

Kakasynyň toplan öý kitaphanasy ýaş Magtymgula täze öwrenilmedik dünýäleri açýar, ol her gezek eline täze kitap alanynda, şol dünýälere siňip gidýär. Işinden boş wagtlary, Magtymguly köp okaýar.

Söýgüli kitaplaryny ýazan awtorlarynyň ussatlygyna haýran galmak duýgusy bilen birlikde, Magtymgulynyň kalbynda

şahyr bolmak arzuwy kemala gelýär, indi ol ynsan ýüreklerinde gözellik döretmek isleýär, sebäbi edil ussat demirçiniň polady eredip, berdaşly ýarag döredişi ýaly ýa-da ezber zergäriň sungat eserini döredip, metaly gözelleşdirişi ýaly, gowy kitabyň hem ynsany has-da gözelleşdirýändigini bilýär.

Ýöne munuň üçin oňa okamak, ylym almak gerek. Magtymguly eziz ojagyndan gaýdýar. Onuň ýoly uzak Halaja–Idris baba medresesine sary gönükýär. Mundan soň, ol Buhara gidip, okuwlaryny Gögeldaş medresesinde dowam edýär. Indi onuň öz döwri üçin iň gowy nusgawy bilimi bar. Şeýle-de bolsa, ol ynsan kalplarynyň zergäri bolmak üçin, özüniň biliminiň entek ýeterlik däldigini duýýar.

Magtymguly Merkezi Aziýa, Kawkaz, Owganystan, Eýran sebitlerine jahankeşdelik etmäge ugraýar. Şeýdip, Demirgazyk Hindistana çenli baryp ýetýär. Iki ýyllap eden syýahatyndan soňra ol ýene-de medresä okuwa girýär. Bu gezek ol Şirgazy hanyň gurduran ady belli Hywa medresesi barýar. Hut şu ýerde hem onuň durmuş bilen tanyşlyk döwri tamamlanýar hem-de Magtymgulynyň ýerine ýetirmeli missiýasynyň wagty gelip ýetýär.

Indi Magtymguly taýýar. Şahyryň akyl-paýhasy şu çaka çenli şygryýet diýlip atlandyrylanlara düýbünden meňzemeýän alawly setirleri döredýär. Şahyr edil ýüregiňe jüňk bolýan düşnükli we sada dilde gürleýärdi. Diňe saýlanan adamlar üçin ýazylýan «beýik» poeziýa, ony şahyryň öz diňleýjileri bilen gürrüňi diýip atlandyrsaň hem boljakdy. Magtymguly pygamber mysaly, öz halkyna we her bir türkmene aýratynlykda ýüzlenýärdi.

Ol gadymy grek titany Prometeý ýaly Olimpiň çür depesinden öz şygryýetiniň alawuny alyp geldi we adamlara ylahy uçgun paýlap, aňlaryny oýardy. Prometeý merdanalygy üçin Zewsden temmisini alypdy.

Alawly setirler lazer şöhleleri ýaly şäherdir kentlere, her bir öý-ojaga, her bir kepbä okdurylyp girip, her bir türkmeniň ýüreginde «Watan üçin söweşe!» diýen şygar bolup ýaňlandy.

Magtymguly halkyň gussasyny içine salyp, türkmenleri öz zehininiň alawy bilen halas etjek bolup, türkmen tirelerini dargadan apy-tupanlara döz gelip bilmän, gaýgy-gamyň girdabyna özüni oda atýar. Bu çäresizlikden gitmek däl-de, ägirdiň akylly-başly eden pidasydyr, çünki ol geljegi nazarlaýar we türkmenleriň agzybir bolanlaryndaky güýç-gaýratyna birjik-de şübhelenmeýär.

Magtymgulynyň zehini bilen döredilen naýbaşy eserler bu günki gün dünýä medeniýetiniň genji-hazynasy bolup, türkmen şahyrynyň döredijilik mirasy diňe bir Türkmenistanda öwrenilmek bilen çäklenmeýär. Magtymgulynyň şygyrlary tutuş dünýäniň ylmy bileleşiginiň gyzyklanmasyna eýedir.

Derwüşiň eşigini geýip, Orta Aziýany aýlanan hem-de halk arasynda Magtymgulynyň näderejede meşhurdygyny gözi bilen gören wengriýaly gündogarşynas Arminiý Wamberi şahyryň goşgularynyň ylym üçin eýýäm diňe olaryň türkmen diliniň iň arassa nusgasy bolandygy üçin hem gyzyklydygyny belleýär.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynda bu nusgalaryň 80 sany golýazmasy aýalyp saklanylýar. Mundan başga-da, türkmen şahyrynyň golýazmalaryna Daşkendiň, Sankt-Peterburgyň, Bakuwyň, Londonyň, Budapeştiň golýazmalar gaznalarynda duşmak bolýar. Magtymgulynyň tutuş dünýä boýunça saklanylýan goşguly golýazmalarynyň umumy sany 350-ä ýetýär [1, 9].

Magtymgulynyň goşgulary rus, iňlis, ýapon, hytaý, koreý, urdu, arap, türk, fransuz, belorus, ukrain, rumyn, tatar, ermeni, gazak, özbek we beýleki köp dillere terjime edilip, özbaşdak

neşir görnüşinde dünýäniň 22 ýurdunda çap edildi. Magtymguly Pyragynyň pikirler älemi Amerikada, Ýewropada, Aziýa-Ýuwaş umman sebitlerinde, Orta Gündogarda, arap ýurtlarynda köpçülige ýetirildi.

Magtymgulynyň şygyrlaryny terjimeçileri hakynda aýratyn bellemek gerek. Onuň goşgularyny iňlis diline ilkinji bolup polşaly gündogarşynas Aleksandr Hodzko terjime etdi, şeýle-de, ol türkmeniň «Görogly» şadessanyny iňlis dilinde neşir edipdi. [3, 191].

Dünýä Magtymgulynyň fransuz diline terjimesini, fransuz akademigi Lui Bazeniň hyzmaty bilen gördi. Gündogar dilleri we siwilizasiýalary Milli institutynyň talyplarynyň öňünde berýän leksiýalarynda, L.Bazen hemişe Magtymgulynyň döredijiliginiň diliniň gaýtalanmajak özboluşlylygyny nygtaýardy. L.Bazen tarapyndan taýýarlanylan «Magtymguly Pyragy: türkmeniň poemalary» neşiri, ÝUNESKO-nyň taryhy ýygyndysynyň altyn gaznasyna girdi. Oguzlaryň arşdaky hudaýy Taňry barada gürrüň edilýän «Ilkinji türki ýazgylar» atly iş hem L. Bazeniň galamyndan çykandyr [2, 50].

Magtymgulyny terjime eden rus terjimeçileriň arasynda şahyr Arseniý Tarkowskiý hakynda aýratyn aýtmak gerek, onuň hut özüniň aýtmagyna görä, Aşgabatda ýaşap, Magtymgulyny terjime etmek – onuň üçin bagtdyr. Onuň Magtymguludan terjime eden 3 müň setiri, türkmen şahyrynyň eserleriniň iň oňat terjimeleriniň biri hasaplanylýar.

Terjimeçileriň üçüsi hem – A. Hodzko, L. Bazen, A. Tarkowskiý özleri üçin Magtymgulyny açanlarynda, onuň täze pikirleriniň çuňlugyna, kämil dünýägaraýşyna, şeýle hem bu, filosofik dürleriň owadanlygy bilen, haýran galdyryjy çeper söz arkaly beýan edilişine maýyl bolupdyrlar.

Olar özleriniň öňünde nähili çylşyrymly, ýerine ýetirmesi kyn bolan wezipäniň durandygyna gowy düşünýärdiler, çünki adaty bir poeziýany däl-de, bitewi filosofik ulgamy terjime etmelidi. Bu wezipäniň näderejede kyndygy hakynda «Mahabharatanyň» terjimeçisi, akademik Boris Smirnow hem bireýýäm aýdypdy. Magtymgulynyň şygyrlarynda hem, edil «Mahabharatanyň» tekstlerinde bolşy ýaly, gymmatly many dürdäneleri aýratyn bir depgin (ritm) arkaly berilýär, ol pikiriň maňzyny kabul edişiňi güýçlendirip, diňe bir aňyňa täsir etmän, eýsem ruhuňa hem siňýär.

Terjimeçileriň köpüsi esasy zat asyl nusganyň manysyny bermek diýip hasaplaýarlar. Fransuz akademigi Žan Marmontel (onuň meşhurlygy hakynda Aleksandr Puşkin hem özüniň «Ýewgeniý Onegininde» belläp geçipdir) şeýle terjimeleriň nähili takyk bolandygyna garamazdan, asyl nusganyň gymmaty pida edilýär, diýip hasaplapdyr. Latyn şygryýetiniň professory Žak Delil hem «şeýle terjimäniň takyklygy, örän nätakyk» diýip belläpdir. Asyl nusganyň manysynyň güýjüni saklamak hem-de şol bir wagtda ritm sazlaşygyny berjaý etmek. Magtymgulynyň şygyrlaryna aralaşan şahyrlaryň ägirt uly toparyndan diňe sanaýmalyjasyna başardýardy.

Muny başaran saýlama şahyrlary hem stalker bilen deňeşdirseň bolar. Olar öz yzlaryna salyp, şygryýetiň muşdaklaryny Magtymgulynyň zehini bilen döredilen üýtgeşik bir dünýä alyp barmagy başardylar. Wakalaryň birgeňsi akymy bilen, Arseniý Tarkowskiniň ogly Andreý Tarkowskiý bir çeper film düşürip, ony «Stalker» diýip atlandyrar.

Stalker-terjimeçi öz yzyna salyp, başga bir ölçegli dünýä alyp gidýär. Bu ýerde Magtymgulynyň goýup giden ruhy we psihologik ýörelgeleri hereket edýär. Eger stalkeriň ýerine ýetiren Magtymgulynyň terjimesi okyjylara özlerine aň ýetirmäge,

bu durmuşdaky orunlaryna düşünmäge ýol görkezen bolsa, diýmek, öňde goýlan maksada ýetildigidir. Ýol tapylandan soň bolsa, diňe ony yzarlap, ölmez-ýitmezlige sary hereket edäýmek galýar.

## EDEBIÝAT


1. *Aşyrow A.* Magtymgulynyň golýazmalarynyň derňewi (ylmy-derňewler). – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

2. *Bazin L.* Les premières inscriptions turques (VIe-Xe siècles) en Mongolie et en Sibérie méridionale. // Arts asiatiques. V. 45, 1990.

3. *Sand G.* Kourroglou. Dans l'édition : Œuvres de George Sand. Piccinino. T. II. – Paris : J.Herzel et Cie & Victor Legou, 1855.


# MAGTYMGULYNYŇ ZAMANASYNYŇ ŞÄHER GURLUŞYGY WE BINAGÄRLIGI


**Allaguly Berdiýew**


Magtymgulynyň dünýäsi özboluşly täsin dünýädir. Ol ylmyň haýsy tarapyndan alynsa-da, giňişleýin öwrenilmäge mynasypdyr. Gündogaryň beýik şahyry Magtymguly Pyragynyň edebi mirasynda türkmen halkynyň baý taryhy, etnografiýasy we medeniýeti barada-da gymmatly maglumatlar diýseň köpdür.

Dürli edebi-taryhy çeşmelerden, rowaýatlardan, şeýle hem akyldaryň aýry-aýry eserlerinden belli bolşy ýaly, Magtymguly dünýäniň köp ýerlerine syýahat edipdir. Şahyryň şygryýet dünýäsine içgin aralaşan, her bir adam onuň türkmen ülkesiniň dagyny-düzüni, çölüni-sährasyny aýlanyp çykandygyna, dürli

döwürlerde bina edilen ymaratlaryna baryp görendigine açyk göz ýetirip bilýär:

Seýil edeliň bu jahana,
Jahanda näler görüner;
Isgender Jemşit saldyran
Beýik binalar görüner.

Magtymgulynyň goşgularynda 200-e golaý dürli ýer-ýurt atlary duş gelýär. Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän ýer-ýurt atlaryndan has köp gabat gelýänleri Ahal, Arkaç, Balkan, Dargan, Sarahs, Soňudag, Maru-şahu-jahan, Etrek, Gürgen, Turan, Dehistan, Jeýhun bolup, olaryň içinde iň köp agzalýanlarynyň biri Dehistandyr. Ol beýik türkmen şahyry Magtymgulynyň golunyň senasy, nazarynyň siňen ýerleri bolupdyr:

Dag serinden güzer salsaň,
Ol ýerde ýurt eýläp galsaň,
Şol jaýyňdan nazar salsaň,
Ulug Dehistan görüner.

Emma, Magtymgulynyň zamanasynyň şäherdir obalarynyň, binagärlik ýadygärlikleriniň arheologik taýdan ýeterlik derejede öwrenilmändigi sebäpli, şol döwrüň ilat ýaşan ýerleriniň görnüşleri, taryhy topografiýasy we binagärligi barada ylmy edebiýatlarda degerli maglumat örän azdyr. Ýazuw çeşmelerinde üzlem-saplam şöhlelendirilen we käbir ýagdaýlarda etnografiýa bilen utgaşyp gidýän şol döwrüň ýadygärlikleri, maddy önümçilige, köpçülikleýin halk medeniýetine, ilat ýaşan ýerleriň görnüşlerine we ş.m. taryha we maddy medeniýete degişli bolan örän wajyp hem-de düýbünden täze maglumatlary almaga mümkinçilik berýär.

Magtymgulynyň zamanasy Türkmenistanyň taryhynda maddy medeniýetiň pese gaçmagy bilen häsiýetlendirilýär, muňa bu döwürde emele gelen çylşyrymly durmuş-ykdysady we syýasy wakalar täsir edipdir. Halkara söwda ýollarynyň ugrunyň üýtgemegi, ykdysady we durmuş kynçylyklaryny hasda çuňlaşdyrypdyr. Hindistana, Hytaýa we beýleki Gündogar ýurtlaryna deňiz ýollarynyň açylmagy netijesinde, şol döwre çenli Orta Aziýanyň üstünden geçen kerwen ýollary, ilkinji derejeli ähmiýetini ýitiripdir. Ol bolsa şäherleriň abadançylygyna ýaramaz täsir edipdir, olarda gurluşyk işleri, söwda, senetçilik we ykdysadyýet pese düşüpdir.

Hut, şol zamanda hem Magtymguly türkmen taýpalaryny birleşdirmegiň, bitewi döwlet gurmagyň aýdymçysy bolup öňe çykýar. Muňa Magtymgulynyň «Berkarar döwlet istärin» diýen goşgusy aýdyň şaýatlyk edýär.

Şeýle çylşyrymly taryhy döwürde hem, medeni däpler dowam edýär we onuň maddy taýdan subutnamasy arheologik ýadygärliklerde aýdyň görünýär. Bu ýerde, esasan, iki aýratynlyk ünsüňi özüne çekýär. Birinjisi, medeni durmuşyň köp ugurlarynda ýüze çykýan kesgitli gaýtgynlar we durnuklylygyň gürrüňsiz alamatlarydyr. Köp sanly gadymy şäher merkezleri ýuwaş-ýuwaşdan gowşaýar, şäher medeniýeti pese gaçýar. Dogrusy, bu maddy medeniýete degişli bolup, türkmen taýpalarynyň çeper döredijiligi kämilligiň we gözelligiň ähli alamatlaryny özünde saklaýar. Milli isleglere laýyk gelýän halylar we zergärçilik önümleri çeperçilik babatda ýokary derejede bolmagynda galýar.

Ikinji bir möhüm aýratynlyk – ilatyň belli bir derejede özgerendigine, nesil çalşandygyna we şonuň bilen birlikde hem täze hojalyk tärleriniň we mentalitetiň emele gelendigine garamazdan, maddy medeniýetde gadymy däpleriň saklanyp gal-

magydyr. Günorta Türkmenistan arheologik toplumlaýyn ekspedisiýasynyň (GTATE) barlaglarynyň esasynda, aýratyn hem W.A. Lewinanyň işlerinde türkmenleriň oturymly ýaşaýyş medeniýetinden çarwa ýaşaýyş durmuşyna geçendigi hakyndaky ýörelgäniň nädogrudygy bellenilýär [5]. Oturymly ýaşaýyş medeniýetiniň däpleri köp welaýatlarda dowam edipdir. Türkmen taýpalaryna köp ugurly ykdysadyýetiň çäklerinde maldarçylyk we ekerançylyk hojalygyny utgaşdyrmak mahsus bolupdyr. Oturymly ekerançylyk däpleri bilen jebis arabaglanyşygy ilat ýaşan ýerleriniň ýerleşişinde aýdyň görünýär. Ol ýadygärlikleriň kybapdaşlygyna hem öz beýanyny tapýar. Barlaglarda anyklanylyşyna görä, Günorta Türkmenistanyň oturymly obalarynyň gurluşynda belli bir kada berjaý edilmändir we gala-gaçybatalgalardan özgesinde kesgitli meňzeşlik bolmandyr [1, 114–125].

XVIII asyrdaky ilat ýaşan ýerleriň görnüşlerini derňemek bilen, olaryň diňe bir emele gelen durmuş-ykdysady gatnaşyklaryna bagly bolman, eýsem ol ýa-da beýleki etrabyň özboluşly suwaryş şertlerine hem gönüden-göni bagly bolandygyny bellemelidir. Aslynda, oazis görnüşindäki ýerleşiş ulgamyny ekin ýerlerini we baglary suw bilen üpjün eden ýaplar kesgitläpdir. Çeşmeleriň hem-de kärizleriň suwy bilen ekin meýdanlaryny suwarmak amala aşyrylan Ahal we Etek üçin suwarymly ýerleriň belli bir taýpa degişli bolmagy häsiýetlidir. Bu ýagdaý bag we bakja ekilen ýerlere utgaşdyrylan howlulardan ybarat bolan Änewiň mysalynda aýdyň görünýär. Mallary öri meýdanlarynda bakyp, oturymly ýaşamagyň we ýerden peýdalanmagyň kadalary obalaryň ýerleşiş ulgamyny kesgitläpdir. Bu ýerdäki ilatyň howlulary tertipsiz ýerleşipdir, olaryň her biri ýapdan çekilýän suwuň ýitgisini azaltmak maksady bilen, ýaşaýyş jaýlaryny oňa golaý gurmaga çalşypdyr. Merwiň töwereklerinde

çugdam ýerleşen ilatly ýerler duş gelmeýär. Bu ýerde tutuş sebit boýunça gurluşygy birmeňzeş diýen ýaly obalar giňden ýaýrapdyr. Obalaryň ýerleşişini ýaplaryň ugry kesgitläpdir. Ilat esasan, ene ýaplaryň boýunda hatar bolup ýaşapdyr. Uly ýaplaryň boýunda biri-birinden ep-esli daşlykda birnäçe mülk ýerleri uzaboýuna ýerleşip, ilatly ýerleri emele getiripdir.

Oturymly durmuşyň saklanyp galmagy, şol sanda ykdysady we medeni merkezleriň bir ýerde jemlenmegi, XVIII asyrda medeni däpleriň dowam etmesini görkezýän esasy alamatlardyr. Ozalky birnäçe şäher merkezleri öňki ýerlerinde ýaşamaklaryny dowam etdiren hem bolsalar, olarda ekarançylyk has ösüpdir, bu Änewiň we Nusaýyň mysallarynda aýdyň görünýär. Merw we Abywert-Peşdag bolsa, ykdysady we medeni merkezleriň bir ýere jemlenmesiniň aýdyň nusgasydyr. Olarda uly şäherlere mahsus bolan durmuş zerurlykly ähli desgalar – bazarlar, hammamlar, dini desgalar, suw geçirjiler, lagym ulgamy we ş.m. bolupdyr.

Şeýlelikde, XVIII asyrda Orta Aziýanyň köp iri şäherlerine juda ýaramaz täsir eden ykdysady taýdan çökgünlik döwründe hem, türkmenleriň uly bolmadyk etrap merkezlerinde şäher durmuşynyň däpleri saklanyp galypdyr. Bar bolan arheologiýa maglumatlarynyň esasynda, hut şu döwürde käbir şäherleriň emele gelendigini kesgitlemek mümkindir. Ol bolsa syýasy ýagdaýlaryň çylşyrymly bolandygyna garamazdan, türkmenlerde şäher durmuşynyň däpleriniň ýitirilmän, eýsem belli bir derejede dowam etdirilendigine şaýatlyk edýär. Umuman, Günorta Türkmenistanyň giçki şäherleri möçberi we ähmiýeti boýunça uly bolmandyr. Olar, diňe senetçilik–söwda işleriniň merkezleri bolup, olaryň durmuşynda ekarançylyk hem uly orun tutupdyr.

Medeni däpleriň esasy aýratynlyklarynyň biri hökmünde harby-syýasy ýagdaýyň çylşyrymlaşmagy netijesinde, diňe bir harby ýörişleriň däl, eýsem talaňçylykly çozuşlaryň hem ýygy-ýygydan gaýtalanyp durýandygynyň gönüden-göni subutnamasy bolan gala-berkitmeleriň gurluşygynyň ösüşini görkezmek bolar (yzygiderli ýörişleriň we çozuşlaryň agyr şertlerinde ýaşaýan halk öz goragyna aýratyn üns bermäge mejbur bolupdyr). Şol harby-syýasy ýagdaýlaryň şertlerinde gala-gaçybatalgalaryň gurulmagy, derwaýys, ähmiýte eýe bolupdyr we obalary goranyş desgalary bilen berkitmeklik, ähli ilatly ýerlerde amala aşyrylypdyr. Merw ýaly uly merkezleriň kuwwatly gala desgalary hakynda aýdylmanda hem, şäher görnüşli ilatly ýerleriň hemmesine gala berkitmeleri hökmany suratda mahsus bolupdyr. Tire-taýpalaryň merkezleri hökmünde gurlan galalar we ilatyň gurply gatlagynyň berkidilen mülkleri Ahaldan Merwe çenli ähli ýerleriň binagärçiliginde häsiýetli alamata öwrülipdir. Olaryň özboluşly gurluşyk we binagärlik aýratynlyklarynyň bolmagyna garamazdan, ählisiniň berkitme hökmündäki wezipesi aýdyň görünýär. Berkidilen mülklerden ybarat bolan obalaryň ýerleşiş ulgamy, irki orta asyrlardaky, ýagny köp sanly kuwwatly galalaryň oturymly oazisleriň keşbini kesgitlän döwründäki däpleriň dolanyp gelmegi hökmünde häsiýetlendirilýär. Ol babatda ýaşaýyş jaýynyň we berkitmäniň wezipesini utgaşdyryp ýerine ýetiren we hususy goranyş desgalary bolan diňler aýratyn tapawutlanýar.

Arheologik maglumatlaryň esasynda, medeni däpleriň nusgalary binagärçiligiň mysalynda has-da aýdyň görünýär. Giçki türkmen halk binagärçiliginde Günorta Türkmenistanyň orta asyr, hatda antik jaý gurluşygynda duş gelýän ýerli gurluşyk däpleriniň köp sanly gadymy nusgalary saklanyp galypdyr. Öňki asyrlaryň däpleri bilen, arabaglanyşyk desgalaryň ähli

görnüşinde, şol sanda gurluşyk usullarynda, serişdelerinde, keşbinde we bezelşinde göze ilýär. Orta asyr binagärçiliginde bolşy ýaly, pagsa we çig kerpiç ýaşaýyş jaýlarynda, inedördül ölçegdäki bişen kerpiçler jemgyýetçilik desgalarynda, suw geçirmeýän gyr palçygy sardoblar hem-de hammamlar gurlanda giňden peýdalanylypdyr.

XVIII asyryň kümmetleri bilen Demirgazyk Horasan binagärliginiň gadymy görnüşi hasaplanylýan, merkezinde gubur ýerleşdirilen uly göwrümli aramgähleriň gurluş aýratynlyklarynyň umumylygy, ünsüňi özüne çekýär. Olar seljuklar döwründe gurlan Mänedäki Abu Seýidiň kümmeti (XI asyr) we Merwdäki Soltan Sanjaryň aramgähi (XII asyr) bilen örän çalymdaşdyr [12]. Emma XVIII asyrda bu ymaratlaryň hili peselipdir, ýagny göwrümi kiçelipdir, bezelişi ýönekeýleşipdir, binagärlik keşbiniň aýdyňlygy we takyklygy ýiteňkirläpdir.

Gönüburçly howlynyň dört tarapynda otaglary bir hatar ýerleşdirip gurmak däbi hem saklanyp galypdyr. Şeýle gurluş ýörelgesi jemgyýetçilik desgalaryna-da (kerwensaraýlara), raýat binagärçiligine-de (köşklere), dini maksatly desgalara-da (medreselere) mahsusdyr.

Günorta Türkmenistanyň XVIII asyra degişli ýaşaýyş jaýlarynyň hem käbir görnüşleri we bezeg alamatlary ösüşiň uzak taryhy ýoluny geçipdir. Olarda gadymy binagärlik däpleriniň saklanyp galandygy hem-de taryhy-medeni umumylygy bolan goňşy welaýatlaryň ýaşaýyş jaýlary bilen köp meňzeşlikleriniň bardygy aýdyň görünýär. Günorta Türkmenistan arheologik toplumlaýyn ekspedisiýasynyň ylmy derňewleriniň maglumatlaryna laýyklykda, eýýäm XII–XIII asyrlarda Merwiň töweregindäki köp sanly ýaşaýyş jaýlary gümmezler bilen örtülipdir [6, 26]. Merwiň XVIII asyrdaky ýaşaýyş jaýlarynyň çig kerpiçden gurlan gümmezleriniň binagärlik keşbi,

şol ýaşaýyş jaýlarynyň gümmezlerine örän meňzeşdir. Olar has öňräk, VI–VII asyrlarda iri ýer eýeleriniň köşklerinde hem duş gelýär [10; 12,133]. Ýokardakylara meňzeş gümmezli jaýlar Eýranda, Gündogar Horasanyň obalarynda hem giňden ýaýrapdyr [7, 65; 8, 36]. Gümmezli ýaşaýyş jaýlaryň Owganystanyň demirgazyk etraplarynda hem giňden ýaýrandygy hakynda maglumatlar bar [4, 205].

XVIII asyryň ýaşaýyş jaýlaryndaky ýaly, agaç sütünli eýwanlaryň biziň eýýamymyzyň başlaryndan tä XIX asyra çenli Türkmenistanyň çäklerinde giňden ýaýrandygy ýadygärliklerde geçirilen arheologik barlaglardan bellidir [6]. Ahalyň we Merwiň diňlerine görnüş taýdan meňzeş desgalar, irki orta asyr binagärligine hem mahsus bolup, olaryň harabalyklary Durnalyda, Munondepede we ş.m. saklanyp galypdyr [10].

Ýaşaýyş jaýlaryň binagärçiliginde däp bolan tagçalar, peçler, teşnawlar we beýlekiler XVIII asyrda hem jaýlaryň bezelişinde, ýyladyş we arassaçylyk ulgamlarynda giňden peýdalanylypdyr. Ýaşaýyş jaýlaryny ýyladyjy serişdeler, ýagny tüsseçykary jaýyň diwarynyň içinden geçirilen, «puhor» ýa-da «buhor» diýlip atlandyrylýan peçler gündogarda Täjigistanyň, günbatarda bolsa Kawkazyň çäklerine çenli ýaýrapdyr [11, 87–93]. Günorta Türkmenistanyň, Orta Aziýanyň we Azerbaýjanyň ýaşaýyş jaý gurluşygy üçin umumylyk bolan tagçalar we teşnawlar hem biri-biriniňkä örän meňzeşdir. Teşnawlar Günorta Gazagystanyň ýaşaýyş jaýlary üçin hem hasiýetlidir [3, 145–146].

Binagärligiň we gurluşyk işiniň umumy häsiýetnamasyny jemlemek bilen, bir zady aýratyn nygtamak gerek, ýagny bellenilip geçilen ýadygärlikler Günorta Türkmenistanyň çäginde XVIII asyryň dowamynda gurlan binalaryň ujypsyz bölegidir. Şeýle-de bolsa, öňki döwürler bilen deňeşdirilende, düýpli gur-

luşyk desgalarynyň sany ep-esli azalypdyr. Şunuň bilen birlikde dini, raýat maksatlary üçin gurlan binalaryň hili peselipdir göwrümi kiçelipdir. Özüniň binagärlik bezegi we çeperçilik ähmiýeti boýunça olary öňki döwrüň ajaýyp desgalary bilen deňeşdirmek mümkin däl. Binalaryň öň tarapynyň hem-de içiniň bezelişinde XIII–XIV asyrlar üçin häsiýetli bolan gazma nagyşlar we dürli reňkdäki syrçaly kerpiçjikleri ulanmak usullary ýitirilipdir. Desgalaryň gurluşygynda örän arzan, el ýüzündäki serişdeler (esasan, pagsa we çig kerpiç) we çeper bezegleriň ýönekeý usullary ulanylypdyr.

Umuman, XVIII asyryň binagärlik ýadygärlikleri Günorta Türkmenistanda düýpli gurluşyk işleriniň pese gaçan döwründe hem halkyň döredijilik gözlegleriniň ýitmändigini aýdyň görkezýär. Bu desgalarda geçen asyrlaryň binagärlik däpleri bilen arabaglanyşyk saklanypdyr.

## EDEBIÝAT


1. *Berdiýew A.Ö.* Günorta Türkmenistanyň XVI–XVIII asyrlardaky maddy medeniýeti. – Aşgabat, 2020.

2. Türkmenistanyň taryhy – 1. k. – Aşgabat, 1994.

3. *Акишев К.А., Байпаков К.М., Ерзакович Л.Б.* Позднесредневековый Отрар. – Алма-Ата, 1981.

4. *Васильева Г.П.* Формы оседлого жилища Южной Туркмении в XIX – начале XX в. – // Жилище народов Средней Азии и Казахстана. – М., 1982.

5. *Левина В.А.* К вопросу о генезисе и типах поздних поселений Южной Туркмении. // Труды ЮТАКЭ, т. 9.–Ашхабад , 1959.

6. *Левина В.А., Овезов Д.М., Пугаченкова Г.А.* Архитектура туркменского народного жилища. // Труды ЮТАКЭ, т. 3. – М., 1953.

7. *Мак-Грегор.* Путешествие по Восточной Персии, Хоросан. Часть 2. – Киев, 1886.

8. *Огородников П.Т.* Страна Солнца. – СПб., 1881.

9. Очерки по истории туркменского народа и Туркменистана в VII–XIXвв. – Ашхабад , 1954.

10. *Пильявский В.А.* Сырцовые сооружения древнего Мерва // Сообщ. ИИ и ТААА СССР, вып. 8. – М., 1947.

11. *Писарчук А.К.* Традиционные способы отопления жилищ оседлого населения Средней Азии в XIX–XX вв. – // Жилище народов Средней Азии и Казахстана. – М., 1982.

12. *Пугаченкова Г.А.* Пути развития архитектуры Южного Туркменистана поры рабовладения и феодализма. – // Труды ЮТАКЭ, т. 6. – М., 1958.

13. *Якобсон А.А.* Археологические исследования на городище Орен-кала. // Средневековые памятники Азербайджана. – М. – Л., 1965.

## MAGTYMGULY GOŇŞY HALKLARYŇ ŞAHYRLARYNYŇ DÖREDIJILIGINDE

**Kakabaý Amanmyradow**

Beýik Magtymguly Pyragynyň dünýäde ykrar edilen akyldarlar Firdöwsi, Rudaky, Nowaýy, Nyzamy, Şekspir, Rustaweli, Puşkin ýaly dünýä derejesinde meşhur bolan söz ussatlarynyň hatarynda mynasyp orny bar. «Häzirki döwürde dünýä alymlary ony Gündogaryň beýik akyldarlarynyň biri hasaplaýarlar. Nusgawy şahyryň eserlerinde dünýä edebiýatynyň sütünleriniň biri saýylýan Şekspiriňki ýaly ýalynly hyjuw, Puşkiniňki ýaly mähriban halkyna bolan söýgi, Omar Haýýamyňky ýaly ynsan kalbyna gönükdirilen filosofik ündewleriň şahyrana çuňlugy öz beýanyny tapýar. Türkmeniň beýik akyldary her bir adamy göwün erkinligine, ruhy kämillige, ahlak halallygyna eltýän ýollary gözleýär. Şahyr çeper sözüň adamyň paýhas duýgularyna oňyn täsir edip, ynsany özgerdip, hak işlere, dogry ýola

gönükdirip bilýändigine pugta ynanýar» [1, 263]. Akyldar şeýle belent ykrarnama, tutuş bir milletiň–türkmeniň hakyky keşbini, belent mertebesini öz şygyrlarynda jemläp, çeper sözüň üsti bilen göz öňünde janlandyryp, halkynyň at-owazasyny, abraýyny belende galdyrandygy bilen mynasyp boldy. Watansöýüjilik, batyrlyk, dostanalyk, adamkärçilik, azatlyk, zähmetsöýerlik, halallyk, parasatlylyk, kiçigöwünlilik, kanagatlylyk, oňşuklylyk, myhmansöýerlik, umytlylyk ynsana mahsus başga-da birnäçe oňat häsiýetleriň hemmesini özünde jemleýän türkmeniň hakyky bitewi keşbi XVIII asyrdan öňem, has takygy, Magtymgulydan öňem, soňam onuň döredijiligindäki ýaly derejede doly, hertaraply, çeper çuňňur, ähli döwürleriň durmuş hakykatyna laýyk gelýän röwüşlerde şekillendirilen däldir. Akyldaryň döredijiliginiň özboluşly, iňňän gymmatly taraplarynyň ýene biri-ýeke-täk bir milletiň milli gymmatlyklaryny aňlatman, eýsem tutuş adamzada mahsus gymmatlyklary özünde jemleýändigindedir.

Magtymguly Pyragy diňe bir türkmen halkynyň şahyry däl. Onuň şygyrlary diňe bir öz halkynyň durmuşyny, arzuw-isleglerini, göwün–hyýallaryny açyp görkezmeýär. «Türkmen edebiýatynyň hem-de Gündogar edebiýatynyň gazanan baý tejribesini özünde jemleýän Magtymgulynyň poeziýasyna, onuň Gündogar edebiýatlary bilen baglanyşygyny öwrenmezden, doly düşünmek mümkin däl» [2,9]. Bu pikiri Gyrgyzystanyň halk ýazyjysy Çingiz Aýtmatow hem nygtaýar. Ol Magtymgulynyň dördijiliginiň tutuş Gündogaryň halklarynyň medeniýetleriniň ösüşine bahasyna ýetip bolmajak derejede täsir edendigini belleýär.

1989-njy ýylda Magtymgulynyň şygyrlary rus şahyry A. Tarkowskiý tarapyndan terjime edilip «Türkmenistan»

neşirýatynda rus dilinde çap edilýär. Kitaba XX asyryň ussat ýazyjylarynyň biri, syýasatçy we jemgyýetçilik işgäri, uly baýraklaryň eýesi Çingiz Aýtmatow sözbaşy ýazypdyr. Gyrgyzystanyň halk ýazyjysy şol sözbaşysynda «XVIII asyry Magtymguly şygryýetiniň asyry» diýip häsiýetlendirende, hakykatdan asla daş düşmeýär. Ol beýik akyldaryň döredijiligine berlen beýik baha. Ýene bir zady hem bellemek gerek. Magtymgulynyň şygryýet älemi diňe XVIII asyr bilen çäklenmeýär. Ol özünden soňky döräntürkmen nusgawy şahyrlarynyň-da, häzirki zaman şahyrlarynyň hem, hatda ýazyjylarynyň hem ilkinji halypasy, baş egýän ussady bolmagynda galýar. Ýazyjy-şahyrlaryň ylham çeşmesi, görelde, nusga Pyragy olary türkmen diliniň egsilmez sözlük gorunyň baýlyklary bilen ýaraglandyrýar. Bir şygyrda ýa-da bir eserde birwagtda birnäçe temany gozgamagy, diňe gozgap oňman, olary ahyryna ýetirmegiň, çözgütlerini tapmagyň, okyjynyň, diňleýjiniň aňyna siňdirmegiň ýollaryny we usullaryny açyp görkezýär.

Beýik Magtymgulynyň şygyrlarynda, ilkinji nobatda, öz halkynyň–türkmeniň gündelik durmuşy, arzuw-hyýallary, garaşsyz döwlet gurmak we erkin ýaşaýyş ugrundaky hereketlerini görýäris. Akyldaryň eserlerinde öňe sürülýän şol taglymatlar ondan soňky türkmen nusgawy şahyrlary Keminäniň, Seýdiniň, Zeliliniň, Mollanepesiň, Mätäjiniň, Misgingylyjyň döredijiliklerinde dowam etdirilýär.

Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň goňşy halklaryň arasyna ýaýraýşyny, olaryň şahyrlarynyň döredijiligine, halk bagşylarynyň sungatyna täsirini düýpli öwrenen alymlaryň biri Ahmet Mämmedow, akyldaryň doglan gününiň 290 ýyllygy mynasybetli çapa taýýarlan «Sözüm saňa, Pyragy! (Türkmen we beýleki ýurtlaryň şahyrlarynyň Magtymguly

Pyraga bagyşlanan goşgular ýygyndysy)» atly kitaba ýazan sözbaşysynda, «Nurmuhammet Andalyp, Şeýdaýy, Şabende, Magrupy, Seýdi, Zelili, Kemine, Mollanepes, Aşyky, Zynhary, Kätibi, Misgingylyç, Mätäji...– bularyň hemmesi çeper sözüň ussatlary hökmünde durmuş meselelerine özboluşly çemeleşýändikleri bilen, halkymyzyň hakydasynda we kalbynda ýaşap gelýär. Emma ömrüniň, durmuşynyň halk bilen baglanyşygy, döredijiliginiň milliligi, ideýalylygy, mazmunlylygy, düşnükliligi, çeperçilik kuwwatynyň kämilligi bilen Magtymguly özünden öňki we soňky şahyrlar bilen deňeşdirilende, ýokary derejede ykrar edilen akyldar şahyr, filosof şahyr diýlip, diňe bir türkmenleriň içinde däl, eýsem dünýä halklarynyň aglabasynyň arasynda-da şöhraty uludyr» [3,3] diýip Pyragynyň şöhratynyň dünýä halklarynyň arasyna giňden ýaýarandygyny belleýär.

Beýik Pyragynyň arzuwy XX asyryň ahyrlarynda hasyl boldy. Dünýä kartasynda garaşsyz Türkmenistan döwleti döredi. Garaşsyzlyk halkymyzy, edebiýatymyzy hakyky ýagtylyga çykardy. Magtymgulynyň döredijiligi hem Garaşsyzlygymyz we Bitaraplygymyz bilen ganatlanyp, dünýä giňişliklerine ýaýrady. Magtymgulynyň şygyrlarynyň, many-mazmuny bilen dünýäniň, ýagny Ýer şarynyň ilaty has giňişleýin tanşyp başlady. Beýik Magtymguly Pyragynyň şygyrýeti bilen azda-kände tanyş bolan islendik milletiň wekili düýpsüz umman, çäksiz giňişlik ýaly äleme aýak basandygyna göz ýetirýär. Akyldar şahyryň ägirtligini ykrar edýär.

Elbetde, Magtymgulynyň şygryýet älemi bilen ýakyndan tanyş, milli we ruhy gymmatlyklary örän ýakyn bolan halklar türki dilli, ýakyn goňşularymyz özbek, garagalpak, gazak, azerbaýjan, türk halklarynyň. Magtymgulynyň şygyrlarynyň

bu halklaryň arasynda ýaýraýşy, söýlüp okalyşy, diňlenilişi subutnama talap etmeýän hakykat. Bu halklarda Magtymgulynyň goşgularyny ýatdan bilmeýänler, iň pesinden diňlemedikler örän azdyr. Geliň, gowusy azerbaýjanly şahyr Hasan Ilsöýeriň beýik Akyldara bagyşlap ýazan şygryna ýüzleneliň:

Men salam getirdim Azerbaýjandan,
Bar halka döwletli döwran islän sen.
Seni tanamaýan ýokdur bizde hem,
Dünýäni gujaklap duran bossan sen!

Şahyr «Seni tanamaýan ýokdur bizde hem» diýip ýokardaky sözümizi tassykaýar. Öz halkyna döwletli döwran arzuwlan şahyra belent sarpa goýýar. Halkynyň agysy bilen aglap, şatlygyna şatlanýan şahyr dünýede sarpalydyr. Şonuň üçin hem dünýä derejesine çykýar. Dünýäniň ady öçmejek ägirtleriniň hatarynda goýulýar.

Özbegistanly şahyr Maksud Şyhzade «Eý, aksakal, türkmenleriň atasy, Gündogar şygrynyň altyn halkasy» diýip şahyry Gündogar şygrynyň altyn halkasyna deňese, özbegistanly beýleki bir şahyr Muzaffar Ahmedow:

Onuň goşgulary – ynsanyň gamy,
Wysal şatlyklary, hijranyň şemi –

diýip, Magtymgulynyň şygyrlarynda gözgalýan temalaryň türkmen halkynyň ýa-da Gündogaryň halklarynyň çygryndan giňdigini bütin ynsana, ynsanylyga degişlidigini belleýär.

Gazagystanly Galy Ormanowy Magtymgulyşynas, akyldaryň dürdänelerine ýugrulan şygryýet äleminiň muşdagy, olary doganlyk gazak halkynyň arasyna ýaýyjy terjimeçi hökmünde

tanaýarys. Ol Magtymgulyny söz kerweniniň kerwenbaşysy diýip atlandyrýar:

Belki, söz kerwenniň kerwenbaşysy,
Soňudaga siňdirendir yşkyny.
Onuň giň dünýäsin synlap durun men,
Kalbyma siňdirip daglaň keşbini.

Bu pikiri belarus şahyry Oleg Loýka hem tassyklaýar: ol Pyragynyň heýkeliniň öňünde akyldaryň paýhasyna baş egip, ony sözüň şasysy, sözüň täji atlandyrýar:

Paýhas baryn jemläp serde,
Sözüň şasy, sözüň täji,
Eläp otyr giň galbarda,
Harpygyndan saýlap çäji.

Başgyrdystanly şahyr zenan Aýgül Gamranowa şahyry türkmen halkynyň altyn jygasy, halkynyň guly, dünýäniň sönmez şemi, beýik ynsan diýip atlandyrýar:

Türkmeniň altyn jygasy,
Sen bolduň! Sen – halkyň guly.
Dünýäniň sönmez şuglasy,
Beýik ynsan – Magtymguly!

Garagalpagystanly şahyr Nurmuhammet Ämetow akyldaryň belentligine sarpa goýmak bilen birlikde, garagalpak iliniň, özbek ýurdunyň adyndan türkmen halkynyň bagtyna guwanýar, türkmeni garagalpagyň dogany hasaplaýar. Bu sözler

Pyragynyň şygyrlarynyň halklary ýakynlaşdyrmakdaky ornunyň uludygynyň görkezijisi bolup ýaňlanýar:

Şanu-şöhratyňa sözler sözledim,
Göwnüme seniň dek ýyldyz gözledim,
Ilim – garagalpak, ýurdum – özbegim,
Guwanýar bagtyna doly, türkmeniň.

Abylkasym Ötepbergenow hem garagalpagystanly şahyr. Ol özüniň «Aňla» atly şygrynda adamzady Magtymgulynyň sözüne gulak salmaga çagyrýar. Onuň sözüniň aňlaýan adam üçin bahasyna ýetilmez hazynadygyny nygtaýar. Şahyryň şygyrlarynda öňe sürülýän taglymatlaryň garagalpak halkynyň Ajynyýaz, Berdak ýaly nusgawy şahyrlary üçin ýol-ýörelgedigini ýazýar:

Başda huşuň bolsa söze gulak sal,
Magtymgulyň sözi dürdür aňlana.
Her sözün gadyrlap altyn ber-de al,
Tükeniksiz baýlyk-kändir aňlana.

Ýokardaky getirilen mysallar Magtymgulynyň şahsyýetine we döredijiligine dünýä halklarynyň wekilleriniň berýän ýokary bahalarynyň bir ülşüdir. Beýik Magtymguly öz hyjuwly, şahyrana sözi bilen ähli ynsanlara garaşsyzlygyň, erkinligiň ýaşaýşyň esasy manysydygyny düşündirýär, olary goramaga, umuman, haýyr işe, adalata çagyrýar. Iň esasy zat hem şahyryň keramatly sözi, türkmen halkynyň ruhy medeniýetiniň, daýanjynyň özenine öwrüldi.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. – Aşgabat, 2015, 8-nji tom.

2. *Mustakow R.* Magtymguly we Gündogar edebiýaty.

3. Sözüm saňa, Pyragy! (Türkmen we beýleki ýurtlaryň şahyrlarynyň Magtymguly Pyraga bagyşlanan goşgular ýygyndysy).


## MAGTYMGULYNYŇ GOŞGULARYNDA WE TARYHDA WASP EDILÝÄN BAHAR BAÝRAMY


**Orazpolat Ekäýew**


Magtymguly Pyragynyň ençeme goşgularynda wasp edýän türkmenleriň her ýylda dabaraly belläp geçýän baýramçylyklarynyň esasylarynyň biri bolan Ýaňy, Täze ýyl, Nowruz – Bahar baýramy hem halk bilen, gadymy geçmiş taryhymyz bilen baglanyşyklydyr.

Akyldaryň «Hor galmasyn puştba-puşdum, Berkarar döwlet islärin» [5, 361] diýip, arzuw eden Türkmeistan döwleti 1991-nji ýylda Garaşsyz türkmen halkyna hem azatlygyň, erkinligiň eýesi bolmaga, Garaşsyz döwletini gurmaga amatly şert, mümkinçilik döredi. Eýran Yslam Respublikasy Uzyntokaý ýerinde ýerleşýän Magtymguly atamyzyň guburyna ýyly-ýylyna zyýarat etmek, döwlet möçberinde ýola goýuldy.

Rowaýatlarda nygtalyşyna we käbir alymlarymyzyň belleýşine görä, Nowruz, ýagny Ýaňy, Täze gün, Täze ýyl gadymy türkmenlerde we beýleki türk dilli kowumlarda şowhunly baýram edilen «Ergenokonyň» dowamydyr. Miladynyň başynda mälim bolan türkmen halk dessany «Ergenokonda» wasp edil-

megine görä, Göktürkmenleriň demir daglary eredip, azatlyga çykyşlary we öz watanlaryna dolanyşlary şöhlelendirilýär. Olar azatlyga çykan günlerini «Ergenokon», ýagny «azatlyk güni» diýip atlandyrypdyrlar [3, 51]. Şol gün bolsa, Magtymguly Pyragynyň goşgularynda wasp edilýän Nowruz gününe–Bahar baýramyna–mart aýynyň 21-ne gabat gelýär. Beýik türk şahyry Nyýazy Ýyldyrym Gençosman ogly bolsa Ergenokon ody bilen alawlanyp, bu günde, ýagny baharda Oguz illeriniň köňülleriniň açylyp, bilbilleriniň saýramagyny isläp:

Ses wermez oguz illeri,
Niýe susmuş bilbilleri?
Ko, tutuşsun gönülleri,
Ergenokon odu ile [ 2, XXX ] – diýipdir.

Gürgençde, Hindistanda ýaşap geçen ildeşimiz, beýik akyldar, alym Abu Reýhan al-Biruny [8,5–13]: «Horasanyň ilaty Nowruzy adamlaryň döremegi bilen baglanyşdyrýar. Bu gün Ferwerdin (ilkinji aý) aýynyň hurmuz güni gije bilen gündiziň deňleşen güni hasaplanylýar. Bu baýram bütin türk dilli halklaryň baýramydyr. Olar Nowruzdan iki gün öň öýlerini arassalap, keçelerini, halylaryny kakyşdyryp, päkizläpdirler. Diňe soňky gün tagamly naharlar taýýarlap, goňşular bir-birine äkidipdirler» [4, 22] diýip ýazýar.

Käbir rowaýatlara görä, oguzlar uzak wagtlap duşman bilen söweşip, öz ýurtlaryna dolanan günlerini, mart aýynyň ahyry bilen baglanyşdyrypdyrlar. Şol güni «Erkin gün» hasaplapdyrlar. Olar uly ot ýakyp, oňa demir gyzdyryp, çekiçläpdirler. Munuň özi oduň güýji bilen ýere we suwa täsir edip, ýeri we suwy gyzdyryp, sowugy kowduklary bolýar. Ýer janlanyp başlaýar, otlar gögerýär [4, 22–23].

Türkmenlerde «Nowruz» baýramçylygynda geçirilen däp-dessurlar, oýunlar, çäreler şu günlerde hem öz beýanyny tapýar.

Magtymguly Pyragy hem akyldar şahyr bolmak bilen, türkmeniň we umumy türk dilli halklaryň geçmiş taryhyny, medeniýetini, däp-dessurlaryny, baýramlaryny, gadymyýeti düýpli bilen we Bahar baýramy–Nowruz barada ýokarda salgylanan akyldarlaryň işlerini gowy bilip, olardan täsirlenen alymdyr diýip hasaplamak bolar. Çünki akyldaryň «Nowruzdan seni» atly şygrynda:

Bolmady bizden nesibiň istedim güýzden seni,
Diýdiň: «Ötsün gyş, tapar men Täze Nowruzdan seni»,
Saýladym, seçdim sonam, bir bölejik gyzdan seni,
Neçün biliňi guçmadym, men tapyp düzden seni,
Isterem Hakdan, gowuşdyrgaý maňa tizden seni [5, 526]

diýmek bilen, baharyň gelşine sabyrsyzlyk bilen garaşýandygyny, ony, ýagny bahary ýylyň dört paslynyň içinde iň gowusy hasaplamak bilen, bir bölejik gyzyň içindäki iň näzenin gyz bilen deňeşdirip, çeperçilik bilen beýan edipdir. Öz islegini güýzden, gyşdan tapmandygyny, diňe bahardan tapandygyna şatlanypdyr we pikir ýöredipdir. Nowruz şowhunly we ählihalk baýramydyr. Bu baýram täze günüň, täze ýylyň, täze durmuşyň we ösüşiň baýramydyr. Nowruz beýleki baýramlardan tapawutlylykda, ýeriň-tebigatyň baýramydyr. Tebigatyň gyş paslynyň ýeri sowadyp, doňduryp, haldan goýup, öz ornuny bahara beren döwrüdigini ýokardaky goşgusynyň üsti bilen beýan edýär. Täze ýyl – bahar baýramy, aýratyn hem, ýaşlarda, gelin-gyzlarda uly täsir galdyrypdyr. Gyzlar üýşüşip, läle kakypdyrlar, aýdyşyklary aýdypdyrlar, «Monjugatdy» oýnuny oýnapdyrlar. Monjugatdyny kemala gelen gyzlar oýnapdyrlar we bir-birleriniň gizlin syrlaryny, söýgülerini, arzuwlaryny oý-

nuň üsti bilen joralaryna aýan edipdirler. Gyzlar käsä dürli reňkdäki monjuklary atypdyrlar [6, 239]. Käsäniň içinden monjuk alan gyzlar Bahar baýramynyň gelmegi bilen, monjugatdyda şeýle setirler aýdypdyrlar:

«Nowruzyň baharydyr,
Çopan gül Nahalydyr,
Gyz-oglan bir-birini
Seçmeli mahalydyr» [7, 18] diýipdirler.

Şol gün ýetginjekler bolsa at çapypdyrlar. Göreş tutupdyrlar. Agşamlaryna ot ýakyp, ak süňk oýunlaryny oýnapdyrlar. Uly-kiçi bir-birlerine gowy arzuwlar edipdirler.

Magtymguly Pyragy Bahar baýramyny–Nowruzy ýaş näzenin gyza meňzedişi ýaly we monjugatdynyň hem setirlerinden görnüşi ýaly, ýaşlar Bahar baýramynda biri-birleri bilen duşuşypdyrlar ýa-da duşuşmagy arzuw edipdirler. Şeýlelik bilen hem, Nowruzda ýyl başy bolşy ýaly, köp halatlarda täze maşgalanyň düýbi Bahar baýramynda tutulypdyr diýmek bolýar.

Türkmenlerde Nowruzda ýaşlaryň başyny birikdirip, toý tutmaklyk däbi ýörgünli bolupdyr. Gyz öýüne gelnalyjy geler, kürte geýdiriler, adat boýunça ähli däpler ýerine ýetiriler. Gyz äkidiljek bolnanda, Gorkut ata atamyzyň gutlaýşyna meňzeş:

«Söýüştiňiz, tapyştyňyz.
Ýagşy ýaşaň, ömür sürüň,
Ýetiňler maksat-myrada,
Taňrym ýetir ýagşy ada» [2,454] –

diýip, ak pata berip, ýagşy arzuwlar bilen ugradypdyrlar. Uly şowhun bilen gelni oglanyň öýüne getirilip, ýetginjeklere nika

gyýylýar. Süýjülik nika suwy içirilýär. Soňra gelin bolup gelen gyz oglanyň bilindäki berk düwlen «Guşak çözdi», aýagyndan «Ädik çykardy» däbi başlanýar. Bu dabara ýetginjekleriň arasynda uly şowhun bilen ýerine ýetirilipdir.

Akyldar «Jahan peýda» goşgusynyň şu böleginde bolsa, Nowruzyň gelşini wasp edýär:

Gelse Nowruz äleme, reň kylar jahan peýda,
Ebirler awaz urup, dag kylar duman peýda,
Bijanlar jana girip, ederler dahan peýda,
Görmedigiň giýalar, gögerip rowan peýda,
Ederler haýwanatga hem sudy-zyýan peýda,
Wabesde dahan guşlar kylarlar zyban peýda.

Çöl tarapyn bark edip, der açar suwa harçeň,
Zemin sebzewar olup, teninden aýrylar zeň,
Junbendeler mest olup, göýä içmiş arak, beň,
Her eşýanyň özüne öz awazy bolar geň,
Sebze içre sandywaç ýüz dilde kylar aheň,
Zemin ahzarpuş olup, gül bitirmiş reňbe-reň,
Hyruşa gelip,älem, kylarlar pygan peýda.

Surud-u seda birle, jahan ýüzi abatdyr.
Olma suruda magrur, paýanasy bibatdyr,
Hak yşkynda zende jan, biliň, baky-haýýatdyr,
Her tende ki yşk olmaz, ruzy-ezel mematdyr,
Ýaz ötinçä ýer-u gök, günden güne zyýatdyr
Bir haşry-kyýamatdyr, bir ýowmy-arasatdyr.
Dähr içre bolar her dem, jahan içre jan peýda [5,532–533]

diýip, ýaňy dünýä gelen bäbegiň hemmeleri begendirişi ýaly, bahar döwründe hem ähli zat täzeden janlanyp, otlar maýsalap

güllerini açýar, agaçlar janlanýarlar, guşlar saýraýarlar, tebigatyň, aýratyn hem, daglarda bulutlar gelip, Gök gübürdäp, ses edip, bir ýerde duman basyp, aňry ýanynda bolsa Gün öz şöhlesini saçyp, täze ekine ýol açylyşy, şeýdibem, özüniň dünýä täzeden gaýdyp gelendigini jar edýär.

Şahyryň goşgularyndan getirilen mysallardan görnüşi ýaly, özüniň köklerini gadymdan alyp gaýdýan milli Bahar–Nowruz baýramyny biziň ýurdumyzda ýylyň-ýylyna giňden, örän dabaraly bellenilýär. Paslyň hoştap howaly döwrüni ýaşaýşyň nyşany, tebigatyň janlanýan döwri, ýer ýüzündäki ähli dirilige dirilik, ruha ruh goşýan bahary uly toý-dabara bilen garşylaýarlar. Nowruzyň gelmegi bilen, tebigat täzeden janlanýar. Daýhanlaryň aladasy, ýere bolan yhlasy artýar.

Magtymguly Pyragynyň «Nowruzdan seni», «Jahan peýda» goşgularynda we «Güzeşt eýle!» şygrynyň aşakdaky bendinden görnüşi ýaly, onuň diňe bir ajaýyp şahyrdygyna göz ýetirmek bilen çäklenmän, ýüňi ýeten älemşynas, tebigatşynas alymdygyna-da göz ýetirmek bolýar. Çünki ol özünden öňki alymlaryň aýdanlaryndan, aýratyn hem, özüne halypa hasaplaýan Omar Haýýamyň astrolýab (asman giňişligini öwrenýän desga) desgalaryň üsti bilen Türkmenleriň Beýik Seljukly döwletiniň soltany Mälikşanyň hormatyna Jelaly kalendaryny (senenamasyny) düzendigini gowy öwrenip [12],ondan täsirlenendigini nygtamak gerek.

Gökde ýyldyz hormaty,
Ýerde Nowruz hormaty,
Gije-gündiz hormaty-
Günähim güzeşt eýle! [5, 392].

Magtymguly Pyragynyň, beýleki nusgawy şahyrlaryň goşgularynda we taryhy ýazuw çeşmelerinde wasp edilýän Bahar baýramynyň taryhyny öwrenen türkmen alymlary, dünýäniň halklarynyň, şol sanda türkmen halkynyň hem kalbynda we hakydasynda ençeme asyrlar bäri ýaşap gelýän iň gadymy baýramlaryň biri bolan Bahar baýramyny döwlet derejesinde bellemekligi Türkmenistanyň Prezidentine teklip etdiler. Gözelligiň we joşgunly ýaşaýşyň bu nurana baýramy biziň döwletimizde halklary birek-birege ýakynlaşdyrýan, ynsanperwerligiň belent ýörelgelerini hem-de zähmetsöýerligi rowaçlandyrýan, dünýä derejesinde dostluga we hoşniýetlilige çagyrýan halkara baýramçylygynyň birine öwrüldi. Hut şundan ugur alyp, Nowruz baýramynyň umumadamzat medeniýetiniň hazynasynda tutýan ornuny ebedileşdirmek, dünýä halklarynyň medeniýetleriniň dürli-dürlüligini gorap saklamak hem-de onuň umumadamzat bähbitli taraplaryny dünýä ýaýmak maksady bilen, 2009-njy ýylyň 30-njy sentýabrynda 24 döwletiň goldamagynda Nowruz–Bahar baýramy ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawuna girizildi. Türkmenistanyň, Türkiýäniň, Azerbaýjanyň, Özbegistanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Owganystanyň, Eýranyň, Täjigistanyň hyzmatdaşlygy we teklip etmegi netijesinde, 2010-njy ýylyň fewral aýynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 64-nji mejlisinde, her ýylyň 21-nji martyny Halkara Nowruz güni diýip yglan etmek barada ýörite Rezolýusiýa kabul etdi. Rezolýusiýa laýyklykda, Nowruz baýramy halklaryň arasynda parahatçylygy berkidýän hem-de Gündogar halklarynyň taryhy-medeni däp-dessurlaryny dünýä ýaýýan halkara bahar baýramy hökmünde giňden bellenýär [1, 198].

Türkmenistanyň Prezidentiniň adyl hem tüýs ýerine düşen permanlarynyň biri-de, Bahar baýramydyr. Ýurdumyzda Täze

ýyl güni dynç güni diýlip yglan edildi. Adamlar şol günde gowy geýnip, şadyýan gezelençlere çykýarlar. Dost-ýarlarynyň, dogan-garyndaşlarynyň öýlerine salama, görme-görşe baryp, gadyrly gatnaşyklarda bolýarlar.

Nowruzda goňşular naz-nygmatlar bişirip, birek-birege hödür-kerem edýärler. Aýratyn hem, Nowruz bilen baglanyşykly Nowruz köje, Nowruz ýarma, ýaňy gögeren ýaşyl bugdaýdan «Äşe-Patmanyň nahary» hasaplanýan semeni ýaly tagamlary bişirýärler we biri-birlerine goňşokara iberýärler.

Baýramçylyk gutaran dessine, ekerançylar Magtymguly Pyragynyň kakasy Döwletmämmet Azadynyň çagyryşyna eýerip, meýdan işlerine üýtgeşik yhlas bilen girişýärler. Täze ýylyň bol hasylynyň düýbüni tutmak ugrunda çalyşýarlar. Akyldar şahyrymyz bolsa kakasynyň ekerançylyk barada aýdanlaryny watansöýer pelsepeçi ýaly çeper esere-goşgularyna siňdiripdir diýmek bolar.

Merdana halkymyzyň Oraza, Gurban baýramlary ýaly, gadymlardan bäri agzybirlik, parahatçylyk, ylalaşyk bilen toýuny toýlap gelýän milli baýramlarymyzyň biridir. Daýhanlarymyzyň-da billerini mäkäm guşap, täze ýylyň başyny başlaýan Nowruzyň daýhançylyk hasabyny dürs çykaryp, täze hasylyň düýbüni tutmaly döwrüdir.

Magtymguly atamyzyň goşgularyndan gelip çykyşy ýaly, taryhda Nowruz –tebigatyň, parahatçylygyň Bahar baýramy müňýyllyklaryň dowamynda sünnälenen, ajaýyp däp-dessurlary özüne siňdiren ähli halk baýramynyň bu gün adamzady parahatçylyga çagyrýan halkara baýramyna öwrülendigine, halklary birek-birege baglanyşdyrýan hem-de ýakynlaşdyrýan bütindünýä medeniýetiniň aýrylmaz bölegi hökmünde gymmatynyň has-da artýandygyny nygtamak bolar.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 6-njy tom. – Aşgabat, 2013.

2. Gorkut Ata.Türkmen halk dessany. – Ankara, 1999.

3. *Ekäýew O*. Halkynyň agzyny birikdirip döwlet guran Göktürkmenler.//«Bilim», № 4, 2020.

4. *Ekäýew O*. Nowruz – Baharyň we tebigatyň baýramy.// Nowruzname. – Aşgabat, 2013.

5. Magtymgulynyň kämil diwany. – A.:, 2014.

6. Türk dünýasinda Nevruz üçüncü uluslararasi bilgi şөleni 18–20 Mart 1999, Elazig. – Ankara, 2000.

7. Uluslararasi Nevruz sempozýumu bildirileri. – Ankara, 2000.

8. *Кедров Б.М., Розенфельд Б.А.* Абу Райхан Бируни. – М., 1973.

9. *Абулгазы Бахадыр хан*. Түркменлериң несил дарагты. – Aşgabat, 1991.

10. *Фазлалла Решидеддин*. Огузнама. – Aşgabat,1990.

11. *Фарук Сүмер*. Огузлар – Түркменлер. – А.: 1999

12. *Омар Хайям*. Трактаты. – М., 1961.

## MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE TEBIGATYŇ WASPY

**Serdar Atdaýew,**
**Bahar Mämmedowa**

Magtymgulynyň döredijiliginiň esasy maksady, adamlaryň bir bitewi maksada birleşmeginden, halkda türkmen topragyny söýgi bilen sarpalamak duýgusyny oýarmakdan, ynsanlaryň öz bagtyna gowuşmagyny gazanmakdan ybaratdyr. Bu meselede bolsa dogduk diýaryň tebigaty esasy orunda durýar. Tebigat şahyryň goşgularynyň özüne çekijiliginiň artmagyna öz täsirini ýetiripdir.

Türkmen tebigatynyň janly görnüşdäki keşbiniň, täsin gözelliginiň goşguda dogruçyl surtlandyrylmagynyň, halkyň watançylyk duýgusynyň ösmegine täsir etjekdigine Magtymguly oňat göz ýetiripdir. Şahyryň goşgularynda adamyň tebigat bilen sazlaşykly dünýädäki hereketlerine ähmiýet berendigini görmek bolýar. Magtymgulynyň döredijiliginde halk öz diýarynyň ajaýyp keşbini, onuň gözel tebigatyny synlap bildi.

Magtymguly diňe bir türkmen halkynyň beýik şahyry we akyldary bolman, eýsem tutuş Gündogar medeniýetiniň iň şuglaly ýyldyzlarynyň biridir. Magtymgulynyň goşgularynyň köpüsi halka ýüzlenip ýazylan eserlerdir. Polýak alymy Aleksandr Hodzko Magtymgulynyň goşgularynyň birnäçesini ýazyp alýar we şeýle netijä gelýär: «Onuň biziň okyjylarymyza hödürlejek birnäçe goşgulary hem bu ajaýyp ynsanyň uly akyldardygyna güwä geçýär. Onuň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri, Aziýanyň şahyrlarynda örän seýrek duşýan tebigata bolan söýgüdir...» [5, 47].

Tebigat şahyryň goşgularynyň özüne çekijiliginiň artmagyna öz täsirini ýetiripdir [3, 171]. Magtymguly daşyny gurşap alan tebigatyň gözelligini we ynsan durmuşy bilen sazlaşygyny Taňrytarapyn bir gudrat hasaplapdyr. Bu ýagdaýy «Ýagmyr ýagdyr, soltanym» goşgusynda görmek bolar. «Jan içinde» atly goşgusynda hem şahyr şeýle ýazýar:

Ýerden çykan nebatlar,
Gyzyl güller, gök otlar.
Gapyl adam, bu zatlar,
Külli perman içinde.

«Ýagmyr ýagdyr, soltanym» goşgusynda şahyr ýene-de Biribara ýüzlenýär:

Kadyr Alla dökgün rehmet barany,
Ekiniň hemdesti, ýeriň ýarany,
**Ýeriň, gögüň, Arşyň, Kürsüň Suhany,**
Rehm eýleýip, ýagmyr ýagdyr, Soltanym.

Magtymgulynyň döredijiliginde dag temasy aýratyn orna eýedir. Dag şahyryň ýakyn dostunyň keşbinde örboýuna galýar we onuň söýgüsiniň şatlygyny we gussasyny paýlaşýar. Bu äpet pälwan dek beýik daglar Magtymgulynyň goşgularynda öz anyk keşbini tapýar. Olar hakyky, ýöne şol bir wagtyň özünde simwoliki mana hem eýe bolup durýarlar. Dag – bu güýç, daýanç, paýhas we ynam. «Soňudagy» we «Gürgeniň» goşgusy hem peýzaž poeziýasynyň ajaýyp nusgasy bolup durýar. Daglyk ýerlerde ýaşan şahyr hemişe onuň jadysyny duýupdyr. «Hasar dagyndadyr» goşguda şeýle diýilýär:

Mesgen tutar çarwadarlar,
***Ýalçysynda ýatar marlar,***
Deresinde biter barlar,
Tirseň, Hasar dagyndadyr.

**Şahyryň «Soňudagy» goşgusynda şeýle setirler bar:**

Kesgiç-kesgiç baýyr geçer,
Gyzylbaýyr göwün açar,
Sowuk çeşme suwun içer,
**Şonda dürli malyň seniň.**

«Gürgeniň» goşgusy hem peýzaž poeziýasynyň ajaýyp nusgasy bolup durýar:

**Öňünde belent dag, serinde duman,**
Deňizden öwüser ýeli Gürgeniň.
Bulut oýnap, dolsa çaýlara baran,
Akar boz bulanyp sili Gürgeniň.

… Magtymguly, ilden ile aralar,
Hijran tygy bilen bagryn paralar,
Golun sallap maral gabak periler,
Iner olumyndan däli Gürgeniň.

Türki halklaryň gadymy goşuklaryndan başlap, çarwa halklaryň dessanlarynda ýyrtyjy jandarlar şahyrana dilde gaýduwsyz batyr ýigidiň gazaply güýjüni ýa-da giden bir mäkäm goşunyň ýowuz hüjümini aňladyp gelipdir. Türki halklarda wagşy jandarlar bilen adamlaryň edebi keşpleriniň deňeşdirilip alynmagy, mifologik göz öňüne getirmeler bilen şertlenendir.

Ý.E. Bertels türki halklaryň eposlary üçin arzuw edilýän gaýduwsyz gerçegiň «dürli jandarlara mahsus bolan birnäçe häsiýetlere» eýe bolmalylydygyny belleýär. VIII asyryň birinji ýarymynda türki halklaryň serdarlary emewileriň Horasandaky dikmesi Nasr ibn Saýýara «gaýduwsyz we edermen serkerdebaşynyň ýyrtyjylara mahsus bolan on sany aýratynlygy – horazyň erjelligini, towugyň jedele bolan höwesini, şir ýürekliligi, ýekegapanyňky ýaly okgunlylygy, tilkiniňki ýaly mekirligi, itiňki ýaly çydamlylygy, laçynyňky ýaly belentlige galmagy, durnanyňky ýaly duýgurlygy, möjegiňki ýaly nebisjeňligi, nugaýryňky ýaly ýognamaklygy (Horasanda ýaşaýan ownuk jan-

dar bolup, ol kynçylyklara we gytçylyga seretmezden, semremegi başarypdyr) başarmalydygyny» aýdar ekenler [4, 45].

X–XII asyrlaryň saklanyp galan çeşmelerinde, türki halklaryň serkerdelerine aýdylan sargytlarda, serkerdäniň häsiýetleriniň nähili bolmalydygy aýdylanda, şeýle häsiýetlere eýe bolan dürli ýyrtyjylaryň we guşlaryň atlary sanalyp geçilýär. Şonda «möjegiň nebisjeňligi, açgözlxgi» hemişe ýatlanylýar. Şeýle edebi däp XVIII asyr türkmen şygryýetinde-de saklanypdyr. Magtymguly öz gahrymanyny gurt, gaplaň, bürgüt, tilki, garga bilenem deňeşdirýär, ýöne şahyr gurdy hemişe has ileri tutupdyr. Şahyryň «Bibat görüner» goşgusynda şeýle diýilýär:

Söweşde gerek ussatlar,
Şir ýürekli, algyr gurtlar.
«Söýmek biläni» goşguda hem diýilýär:

Bedasylda akyl bolmaz, dert bolmaz,
Müň tilki ýygylsa, ýeke gurt bolmaz.

Ýaz gelende guşlaryň uçup gelmegini adamlar gadymy döwürlerden bäri belläpdirler. Ak leglekler köp halklarda ekiş döwrüniň başlanmagynyň buşlukçysy hasaplanypdyr. Bu guş musulmanlarda keramatly guş hasaplanypdyr we ony hajyleglek diýip hem atlandyrypdyrlar. Bu ýerde durnalaryň Ýakyn Gündogaryň üsti bilen musulmanlaryň mukaddes şäherlerine tarap uçup gidýänligi göz öňünde tutulan bolsa gerek. Arap ynançlaryna görä, ömründe bir gezek hem haja gidip bilmedik musulmanlaryň ruhy guşa öwrülüp gidýär diýilýär. Soň olar guşuň keşbinde mukaddes ýerlere zyýarat edermişler. Şonuň üçinem durnalary öldüren adamy ganhor hasaplapdyrlar. Anadolynyň gündogarynda ýaýran başga bir ynanja görä, Mekgä haja

gitmek üçin uzak ýurtlardaky adamlaryň guşa öwrülýän halatlary bolarmyş, olar ýazda ýene dolanyp gelenlerinden soň, ýene-de adam keşbine geçermişler.

Halkyň guşlaryň gyş düşende uçup gidişleri, ýaz möwsüminde ýene dolanyp gelişleri hakyndaky düşünjesi, Magtymgulynyň goşgularynda-da öz beýanyny tapypdyr. «Jan içinde» goşgusynda şahyr şeýle ýazýar:

Durna diýr: «Per açar men,
Bagdat suwun içer men,
Gyş Hindistan göçer men,
Lälezaran içinde».

Magtymgulynyň goşgularynda guşlaryň edebi keşbi örän ýygy-ýygydan duşýar. Magtymgulynyň «Haýrandadyr haýranda» atly goşgusynda şeýle setirler bar:

**Ýerden çykan agaçlar,**
Dili senaly guşlar,
Suhan söýen derwüşler,
Döwrandadyr-döwranda.

***Şahyr «Daşlar bile» atly goşgusynda bolsa şeýle ýazýar:***

Doga kylyp, säher wagty,
Nalyş kylsam guşlar bile.

***Şahyr «Galandar bile» goşgusynda hem ýazýar:***

Dilim guş dilidir, suratym – ynsan.

Magtymguly adamyň bu dünýädäki orny hakynda, onuň ömür ýoly hakynda pikir ýöredende, Gündogarda ýörgünli bolan Symrug guş hakdaky rowaýata ýüzlenýär. Şol rowaýata görä, bir gezek guşlaryň arasynda haýsy guşuň has arzylydygy hakynda jedel döräpdir. Hüthütiň maslahaty bilen, guşlar öz jedelini çözmek üçin, dana guş bolan symrug guşuň ýanyna gidipdirler. Symrug guşuň ýanyna ýetýänçäler, guşlar birnäçe päsgelçiliklere duş bolupdyrlar. Ýol örän agyr bolupdyr. Guşlar talap jülgesini, söýgi jülgesini, bilim jülgesini, alaçsyzlyk jülgesini, ýalňyzlyk jülgesini, dert jülgesini, ajal jülgesini kesip geçmeli bolupdyrlar. Guşlaryň köpüsi ysgyndan gaçyp ölüpdirler. Ölmän galan guşlar haýsy guşuň arzyly guşdugyny anyklamagy isläpdirler. Hüthüt diri galan guşlara özlerini sanap görmegi teklip edipdir. Sanap görenlerinde, olaryň dogry otuz guş bolup galandygy belli bolupdyr. Olaryň şeýle kynçylyklary geçip agtaryp gelen symrug guşy, olaryň özi bolup çykypdyr, ýagny olar otuz guş eken («si» – otuz, «murg» – guş). Bu tymsaldan Taňrynyň (Symrug), piriň (hüthüt), adamlaryň (guşlar) edebi keşbini synlamak bolýar. Adamlar öz ömür ýollarynda söýgini, gaýgyny, ýalňyzlygy, ölümi geçmeli bolýarlar. Bu ýollardan dogry geçmeklige diňe pirler – ruhy halypalar hemaýat edip bilerler. Olar Symrug guşuň huzuryna ýetmek üçin, kyn we azaply ýoly geçmeli bolupdyrlar, ysgyndan gaçypdyrlar, umytdan düşüpdirler. Olar alaçsyz galypdyrlar. Olar öňki aladasyz, bol-elin durmuşyny höwesläp başlapdyrlar. Hüthüt halypa hökmünde beýle eşretden el çekmegi maslahat beripdir. Ol olaryň öňki durmuşynyň panydygyny, bakylygyň bolsa durmuşyň ýedi synagyndan geçeniňden soň başlanýandygyny salgy beripdir [3, 71].

Şeýle ündewi «Gökje kepderi» poemasynda hem görmek bolýar. Poemada metjitde oturan Hezreti Alynyň ýanyna bir

gökje kepderi gelýär. Ol özüni kowup gelýän laçyndan halas etmegi haýyş edýär. Aly kepderini gizleýär. Yz ýanyndan laçyn gelip, özüniň üç gün bäri hiç zat iýmändigini, açdygyny aýdýar. Aly nätjegini bilenok, onuň kepderä-de rehmi inýär, laçynyň açlygyna-da dözenok. Aly oýlanýar-da, öz budundan et kesip laçyny naharlamakçy bolýar. Ýöne laçyn Alynyň elindäki hanjary tutup, özüniň diňe synamak üçin gelendigini aýdýar. Biz bu ýerde Magtymgulynyň ejizleri goramak, olara goldaw bermek, şeýle hem ömrüň aýgytly pursatlarynda dogry çözgütleri tapyp başarmak hakdaky oýlanmalaryny görýäris [3, 100].

Tebigat temasy Magtymgulyny syýahatda bolan wagtlarynda-da terk edenok. Şahyryň Kawkaza we Kiçi Aziýa syýahatlaryndan soň, «Ýaýlahlary bar» goşgusynda şeýle setirler döreýär:

Sapar edip barsak Nowşah mülküne,
Köňül isläni dek ýaýlahlary bar.
Seýran etsek gunçasyna, gülüne,
Bakjasynda bilbil oýnahlary bar.

Şahyr bu ýerleriň gözelligine haýran galýar, ol gözellige çuň akyl ýetirmek isleýär. Ol öz gören-synlan ýerleriniň adamlarynyň şol tebigat bilen sazlaşygyna aýratyn ähmiýet berýär. Tebigatyň kanunlary öz tebigy bolşunda, öz häsiýetinde suratlandyrylýar. Tebigatyň şahyr tarapyndan saýlanylyp alnan anyk bir pursaty, hakyky keşbinde berilýär. Ýagşy bilen ýaman hakdaky, gowulyk bilen peslik hakdaky düşünje gyş bilen ýazyň keşbine meňzedilip, «Döker bolduk ýaşymyz» goşgusynda düşündirilýär:

Ilimiz ulaşsyn sowulmaz ýaza,
Togsan dolup, tamam bolsun gyşymyz.

Tebigat we onuň owadan dünýäsi, ynsanyň tebigat bilen sazlaşykly baglanyşygy hemişe-de çeper oýlanmanyň esasy üns beren ugurlarynyň biri bolup gelipdir. Magtymgulynyň tebigaty çeper özleşdirmekde, onuň gözelligini duýmakda, onuň syrly älemine aralaşmakda özboluşly taraplary bardyr. Magtymgula çenli bolan tebigat poeziýasy hyýalbentlik usulynda ýazylypdyr. Janly tebigat anyk bolmadyk şertli häsiýete eýe bolupdyr. Magtymgulynyň özüniň daşyny gurşap alan dünýäni çeper özleşdirmeginde başgaça, has anyk ýörelgeleri synlamak bolýar. Şahyryň goşgularynda biz janly tebigaty we onuň hakyky gözelligini synlaýarys [3, 180].

Türkmen tebigatynyň janly görnüşdäki keşbiniň, täsin gözelliginiň goşguda dogruçyl suratlandyrylmagynyň, halkyň watançylyk duýgusynyň ösmegine täsir etjekdigine Magtymguly oňat göz ýetiripdir. Şahyryň goşgularynda adamyň tebigat bilen sazlaşykly dünýädäki hereketlerine ähmiýet berendigini görmek bolýar. Magtymgulynyň döredijiliginde halk öz diýarynyň ajaýyp keşbini, onuň gözel tebigatyny synlap bildi.

## EEDEBIÝAT


1. *Magtymguly*. Eserler ýygyndysy I tom. – Aşgabat. 2013.
2. *Magtymguly*. Eserler ýygyndysy II tom. – Aşgabat. 2013.
3. *Бекмурадов А*. Поэтический мир Махтумкули. – Ашгабат. 1993.
4. *Бертельс Е.Э*. Литература народов Средней Азии от древнейших времен до XV в. Новый мир. 1939. №7.
5. Грицкевич В.П. Александр Ходзько (1804–1891) и его вклад в развитие иранистики и тюркологии. Страны и народы.

# TÜRKMEN TEBIGATY – AJAÝYPLYGYŇ NUSGASY

**Annadursun Ataýewa**

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda döreden maddy we ruhy gymmatlyklaryny, tebigatyň gözelligini ajaýyp nusgasyna öwrülen taryhy mirasymyzy wagyz etmek, gorap saklamak, geljekki nesillere ýetirmek möhüm meseleleriň biridir.

Müňýyllyklaryň dowamynda türkmen halkynyň edebiýatyna, şygryýet dünýäsine, edebi gymmatlyklaryna, ylmy genji-hazynasyna goşant goşan şahsyýetleriň durmuş we döredijilik ýoly, halkara derejede öwrenilýär. Şol şahsyýetleriň hataryndaky türkmen nusgawy edebiýatynyň wekilleriniň biri hem, Magtymguly Pyragydyr.

«Zer gadyryny zergär biler» diýlişi ýaly, alym Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Magtymguly Pyragynyň umumadamzat gymmatlyklaryna sarpa goýýan eserlerini dünýä ýaýmakda, olaryň berkarar döwletimiziň milli taryhynda mynasyp orna eýelemeginde uly işleri amala aşyrýar.

Hormatly Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow: «Magtymguly Pyragy ajaýyp eserleri döreden, halkymyzyň müňýyllyklarynyň dowamynda kemala gelen pelsepesini, kalbynyň owazyny, isleg-arzuwlaryny dünýä ýaýan beýik söz ussadydyr» diýip belleýär [1, 240–241].

Ähli döwürleriň beýik söz ussady, nusgawy türkmen edebiýatynyň kämilleşmegine uly goşant goşan akyldar şahyr Magtymguly Pyragy, XVIII asyrda ýaşap geçýär. Onuň döredijiliginde halkyň taryhy, dogruçyllyk, dost-doganlyk, Watana bolan söýgi baradaky goşgular esasy orny eýeleýär.

Şahyryň pähim-parasada ýugrulan döredijiligi özüniň köptaraplylygy, dürlüligi, many-mazmuna baýlygy, çeperçiligi bilen tapawutlanýar.

Magtymguly Pyragynyň omrüniň köp bölegi Etrek, Gürgen, Garrygala sebitlerinde geçipdir. Ol öz ilkinji başlangyç bilim-terbiýesini kakasy we halypasy Döwletmämmet Azadydan, ussat-kyblasyndan, pederinden alýar.

XVIII asyrda Etrek, Ahal, Mary sebitlerinde güýçli medreseleriň bolmandygy sebäpli, ol okuwyny abraýly Idris baba medresesinde, Hywadaky Şirgazy medresesinde we Buharadaky medreselerde dowam edýär [2, 26].

Magtymgulyda syýahat etmek duýgusy ýaşlykda döräpdir. Akyldar Kawkazda, Owganystanda, Eýranda we beýleki ýurtlarda bolup, sebitleriň medeniýetini, halkyň gylyk-häsiýetini, däp-dessurlaryny öwrenipdir. Gündogaryň beýik alymlarynyň edebiýatlaryny akyldaryň öz döredijiliginde türkmen eserleri bilen baglanyşdyrmagy, halklaryň dost-doganlygynyň has-da pugtalanmagyna, medeni hyzmatdaşlygynyň ösmegine ýardam beripdir. Bu barada şahyr özüniň «Nurana düşmez» [3, 139] goşgusynda şeýle setirleri ýazýär:

Gözüm görmuş Hindistany,
Eýran bilen hem Owgan,
Umman, Hazar, Dehistan.

Ýa-da «Bady-sabany görsem» goşgusynda:

Yedi dag yedi derýa,
Däli dünýäni görsem –

diýen setirleri ýene bir ýola muňa şaýatlyk edýär.

Magtymguly Pyragy çeper döredijiliginde türkmen halkynyň taryhy, ykbaly bilen bagly bolan möhüm jemgyýetçilik-syýasy meselelere ýüzlenýär.

Şahyryň Watan, halkyň ykbaly, adalatlylyk baradaky eserleri terbiýeçilik ähmiýetli bolup, olaryň täsiri egsilmeýär.

Gahryman alym Arkadagymyzyň alyp barýan ekologiýa syýasaty ýaşlara bilim we terbiýäni bermekde nusgawy şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň tebigata bolan söýgi duýgularynyň akyl-paýhasly döredijiliginiň orny we ähmiýeti uludyr.

Alymlaryň berýän taryhy maglumatlaryna görä, şeýle hem ýazuw çeşmelere salgylansak, müňýyllyklaryň dowamynda türkmen tebigatynyň özüniň gözelligi bilen tapawutlanandygyna aýdyň göz ýetirmek mümkin. Daş-töweregimizi gurşaýan tebigatyň özboluşly gözelligi, Köpetdagyň ýaşyl reňke bürenen gerişleri we etekleri, jülgeleri, eňňitleri, dury suwly çeşmeleri, tebigatynyň dürli ýabany ösümlik we haýwanat dünýäsi, müň derdiň dermany bolan ot-çöpleriniň görnüşleri, Gerkez obasynyň gymmatlyklary akyldaryň kalbyna siňipdir:

Baýrynda ýazlaýyr baýtaly, aty,
Ysgasaň dermandyr baýyrnyň oty.

Akyldaryň şygyrlary bol hasylly ene topraga sarpa goýmagyň, türkmen tebigatynyň baýlyklarynyň mukaddes mekdebi bolup, olarda ýaşaýşyň gözbaşy bolan gözel tebigatynyň waspy, onda bolup geçýän hadysalaryň beýan edilmegi, tebigata bolan söýginiň has-da artmagyna «Gürgeniň» [4, 99] goşgusynda wasp edýar:

Öňünde belent dag, serinde duman,
Deňizden öwüser ýeli Gürgeniň,

Bulut oýnap, baran dolsa çaýlara,
Akar boz bulanyp sili Gürgeniň.

Şahyryň «Gerkeziň» ýa-da «Bu gün» [4, 177] atly goşgularynda «Gül dessesin tirer bolsaň», «Daglar ýeriň myhydy», «Güri tokaýlary, bardyr gargy-gamyşly» ýaly setirlerinde bolsa, daglar ýeriň esasy özeni, tebigatynyň waspy, täsinligi, ýatdan çykmajak pursatlary beýan edilýär. Şeýle hem, daglarda, tebigatda bolup geçýan hadysalar, ýyllaryň geçmegi bilen howanyň üýtgeýändigini, daglaryň düzlüklere, deňizleriň we derýalaryň gury ýere öwrülýändigi beýan edilýär.

Suw tebigatyň iň bir möhüm baýlyklarynyň biri, ýaşaýşyň gözbaşy, bolçulygyň sakasy hasaplanýar. Magtymguly Pyragy suw baýlyklarymyzdan ummanlar, deňizler, derýalar, köller we beýleki suw desgalary barada hem öz garaýşyny beýan ediýar:

Üç essesi däli derýa,
Bir esse ýerde müň gowga.

Bu setirler bilen şahyr Yer togalagynyň, takmynan, 75 göteriminiň suwdugyny we 25 göteriminiň gury ýerdigini beýan edip geçipdir.

Alym Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ensiklopedik beýan edişi ýaly we ösümlik dünýäsini öwrenen alymlaryň berýän maglumatlaryna görä, Magtymguly etrabynyň tebigy, geografik we howa şertleri seýrek duş gelýän çylşyrymly gülli, dermanlyk häsiýetli ösümlikleriň, gök-bakjanyň we miweli baglaryň dürli görnüşleriniň ösüp ýetişmegine ýardam berýär. Muňa Gürgen subtropik zolagynda nar, zeýtun, hurma, grek hozy we sitrus agaçlarynyň ösdürilip ýetişdirilýändigi hem şaýatlyk edýär. Etrek-Gürgen ekin meýdanlarynda bugdaý, arpa, üzüm, nohut, gowaça ekipdirler. Şeý-

le hem tut agaçlarynyň ýetişdirilmegi, ýüpekçiligiň giň gerim almagyna itergi beripdir.

Şahyryň şygyrlaryndaky «alma-enar», «injiri-nar», «gyzyl güller, gök otlar», «gülzar», «bagy-bossan», «Ysgasaň, dermandyr baýyrnyň oty» ýaly setirleri arkaly onuň töweregini gurşap alan tebigatyň baýdygyna göz ýetirýärsiň, şahyryň bu gözellige sarpa goýup, oňa egsilmez çeşme hökmünde garandygyna ýene-de bir gezek göz ýetirýäris [4, 83]:

Jeýhun bilen Bahry-Hazar arasy,
Çöl üstünden öser ýeli türkmeniň.
Gül-gunçasy-gara gözüm garasy,
Gara dagdan iner sili türkmeniň.

Akyldar «Ýigide müň dürli hünär hem az» diýlen halk pähimine eýerip, diňe çeper söz ussady bolman, eýsem durmuşda gerek bolan dürli hünärleri, ýagny zergärçilik sungatyny hem ele alypdyr. Türkmen halkynyň milli guwanjy bolan zergärçilik sungaty hemme döwürde-de daş-töweregi gurşaýan tebigatyň ajaýyp gözelligini, milliligini, halkyň däp-dessurlaryny şöhlelendiripdir. Beýik şahyr hem tebigatyň täsin we nepis gözelligini, şeýle hem oňa bolan söýgüsini ýasan bezeglerine-de siňdiripdir. Tebigatyň gözelligi akyldaryň ylham çeşmesine, içki dünýäsine öwrülip, zergärçilik ussadyna melhem bolupdyr. Şahyr zergäriň gelin-gyzlara niýetläp ýasan şaý-sepleriniň her biri syrly dünýä bolup, olaryň gözelligini wasp edipdir.

Zenanlara niýetläp ýasalan bezegler sap arassa kümüşden bolupdyr. Ýasalan önümler ýarym gymmat bahaly we tebigy daşlar bilen bezelipdir. Mysal üçin, zümerret, hakyk, pöwrize, almaz, kümüş daşlar oturdylypdyr. Zergärler, esasan, öz işle-

rinde hakyk daşy ulanypdyrlar. Bu daş bilen bezelen şaý-sepler bagt, saglyk, abadançylyk getirýär we göz-dilden goraýar diýlip hasaplanypdyr.

Magtymguly şahyryň goşgularynda «göwher», «ýakut» we «ýaşyl zümerret» daşlary barada hem beýan edilýär. Şahyryň («Nary dilberiň», «Ýeli Gürgeniň») goşgularynda «Göwher, ýakut ýar boýnunda», «Gözelleri bardyr altyn-kümüşli» ýaly setirleri zenanlaryň gymmat bahaly daşly saý-sepleri dakynandyklary barada beýan edýär.

Ussalaryň ýasan önümlerinde daşlaryň daş-töwereginde, aralarynda ýerleşdirilen ýapraklaryň çylşyrymly görnüşleri, geometrik çyzgylary, täsin we dürli nagyşlary ünsüňi özüne çekýär. Olardan «islimi», «çybyk», «bugdaý», «gülnary», «üzüm» ýaly nagyşlaryň görnüşlerini mysal hökmünde görkezmek bolar.

Magtymguly Pyragynyň tebigata bolan söýgüsini zenanlar haly nagyşlarynda hem ulanandyklaryny aýratyn bellemek ýerlikli bolar. Eli çeper zenanlar türkmen halysynyň çitimlerinde daş-töweregi gurşaýan gözel tebigaty, haýwanat dünýäsini, türkmen topragynyň maddy-medeni gymmatlyklaryny giňişleýin beýan edipdirler.

Ösümlikler dünýäsiniň täsin görnüşlerini türkmen haly nagyşlaryna geçirmeklik, bolçulygyň, uzak ömrüň, baý nesliň, hasyllylygyň alamatlary bolup, nusga hökmünde ulanylypdyr.

Maddy we ruhy medeni gymmatlyklar adamzadyň inkär edip bilmejek beýik buýsanjydyr, müňýyllyklaryň dowamynda döreden, kämilleşdirip gelýän paýhas hem gözellik genjidir. Topragy söýmek, ajaýyp türkmen tebigatynyň gözelligini söýmekdir.

Magtymguly Pyragy şygyrlarynda türkmeniň gözel tebigatyny, adamyň ruhy duýgularyny, düşünjelerini, pikirlerini

we durmuşa garaýyşlaryny beýan edýär. Döwürleri we nesilleri baglanyşdyrýan bu gymmatlyklary gorap saklamakda we öwrenmekde, wagyz etmekde, geljekki nesillere ýetirmekde akyldaryň goşgularynyň hyzmaty uly ähmiýete eýedir.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 4-nji tom. – Aşgabat, 2014.

2.Түркмен эдебиятының тарыхы. II т. – Ашгабат, 1976.

3. *Магтымгулы.* Сайланан гошгулар. – Ашгабат, 1976.

4. *Magtymguly.* Saýlanan eserler ýygyndysy. – Ашгабат, 2014.

# MAGTYMGULYNYŇ ÝAŞAN MEKANYNDA DÖRÄN GADYMY SUMBAR MEDENIÝETI

**Nurgözel Bäşimowa,**
**Oraznabat Saparmämmedowa**

Türkmen halkynyň baý taryhy we medeni mirasy, taryhy ýadygärlikleri, şol sanda edebiýaty dünýä jemgyýetçiligi üçin uly gyzyklanma döredýär. Jemgyýetimiziň we döwletimiziň ösüşiniň aýratyn bir basgançagynda – Berkarar döwletiň täze eýýamynyň galkynyş döwründe, hormatly Prezidentimiz biziň ýurdumyzda milli mirasymyzyň goralyp saklanmagyna we düýpli öwrenilmegine uly üns berýär.

Beýik Magtymguly Pyragy barada söz açylanda, gahryman Arkadagymyzyň Magtymguly barada: «Öz iliniň asuda, parahat durmuşda ýaşamagyny, ylymly-bilimli bolmagyny, medeniýetiniň beýgelmegini arzuwlan beýik şahyr, halkyna pähim-parasatdan we şirin duýgulardan püre-pür bolan ajaýyp

şygyrlar hazynasyny miras galdyrdy» diýen sözleri bilen başlamakçy [1, 552].

Gündogar halklarynyň taryhyny, medeniýetini öwrenmekde ummasyz köp işler bitiren akademik W.W. Bartold, beýik Magtymgulynyň eserleriniň milliligini alymlaryň arasynda ilkinjileriň biri bolup kesgitläp: «Türki halkyýetleriň arasynda Magtymguly ýaly milli şahyrly halk diňe türkmenlerdir» diýip ýazypdyr [2, 187].

Türkmenistanyň halk ýazyjysy, Magtymguly adyndaky halkara baýragynyň eýesi Gylyç Kulyýew «Magtymguly» atly iki kitapdan ybarat romanynda türkmen nusgawy edebiýatynyň iň beýik gerişleriniň biri bolan Magtymguly Pyragynyň edebi portretini döreden alym ýazyjydyr. Alym ýazyjy bu romanda şahyryň baý hem köptaraply döredijilik dünýäsine içgin aralaşmaga çalyşýar. Şahyryň belent duýga, ýiti pähim-paýhasa ýugrulan goşgularynyň özenini düzýän ynsanperwer pikirlerini akyldaryň edebi portreti arkaly okyjylara ýetirýär [3].

Asly türkmen bolan her bir ynsan, akyldar şahyr – beýik Magtymgulynyň akyl-paýhasa, inçe duýga ýugrulan setirlerini özüniň milli ruhly kalbynda ýaşadýar. Her bir türkmen Magtymguly şahyryň şygyrlarynda özüniň içki dünýäsini, gylygyny, häsiýetini görýär.

Magtymgulynyň şygyrlary öz halkynyň gündelik durmuşy, arzuw-hyýallary bilen onuň çekýän jepasy, erkinlik ugrundaky göreşi bilen bagry badaşan şygyrlarydyr. XVIII asyryň ikinji ýarymy türkmen halkynyň taryhynda iň bir hesretli döwür bolupdyr. Kese ýerli basybalyjylaryň weýrançylykly çozuşlaryndan ýaňa türkmen topragy lerzana gelipdir. Türkmeniň giň ülkesinde at toýnaklarynyň sesi, gylyçlaryň jarkyldysy ýatmandyr. Magtymguly watanyny, halkyny ähli zatdan ileri tutan akyl-

dar şahyrdyr. Ol öz döwrüniň, özünden öňki döwrüň danalarynyň, öz ildeşleriniň arzyly oý-hyýallaryny jahana ýaýmagyň hötdesinden gelipdir. Magtymguly öz halkyna hyzmat edip, ölmez-ýitmez ajaýyp eserleri döredip, dünýä edebiýatynyň egsilmez hazynasyna öz gaýtalanmajak goşandyny goşupdyr. Halk öz şahyryny söýüpdir, onuň düzen her bir setirini gyzyla gaplan ýaly edip, aýdym edinip aýdypdyr we nesilden-nesle geçiripdir. Şonuň üçin şahyryň işlän ussahanasy, ýaşan hüjresi döredijilik öýüne öwrülipdir. Türkmen topragynyň dürli künjeklerinden şahyryň täze-täze eserlerini diňlemek üçin gelýänleriň yzy üzülmändir. Çünki halk ony özüniň söýgüli şahyry, pähimli maslahatçysy, sarsmaz hemaýatçysy hökmünde tanapdyr [4, 11].

Beýik akyldar Magtymgulynyň şygyrlaryna döredilen aýdymlary diňe türkmen bagşylarynyň aýtmagy bilen çäklenilmän, eýsem goňşy halklaryň, aýratyn hem Özbegistanyň aýdymçylary höwes bilen ýerine ýetirýärler.

Magtymgulynyň ýaşan we öçmejek yz galdyran döredijiligi bilen meşgullanan mekany bolan Sumbar jülgesi – häzirki Magtymguly etraby, gadymy döwürlerden bäri türkmenleriň ata-babalarynyň ýaşap gelýän ýeri bolup, ol ýerde müňýyllyklardan köklerini alyp gaýdýan taryhy-arheologik ýadygärlikleriň birnäçesi ýerleşýär.

Magtymguly etrabyndaky taryhy-arheologik ýadygärliklerde XX asyryň ikinji ýarymynda taryhçy A.A. Roslýakow, arheologlar I.N. Hlopin, M.Ý. Masson, B.A. Litwinskiý, A.F. Ganýalin, Ý. Atagarryýew, N.S. Bäşimowa, E.A. Myradowa hem-de antropologlar T.P. Kiýatkina, Ý.K. Çistow, O. Babakow, O. Saparmämmedowa dagy ylmy-barlag işlerini geçirdiler.

«Sumbar medeniýeti» ady bilen dünýä mälim bolan siwilizasiýa Sumbar derýasynyň çep kenarynda ýerleşýän Parhaý ýadygärlikleri bilen baglanyşykly bolup, olarda, esasan, arheolog, t.y.d., professor Igor Nikolaýewiç Hlopiniň ýolbaşçylygynda arheologik gazuw-barlag işleri alnyp baryldy. Bu medeniýet giçki eneolit (daş-mis) eýýamyndan başlap, giçki bürünç döwrüne çenli aralygy öz içine alýar.

Bu gadymy toprakda gazuw-agtaryş işleri geçirilende, sumbar medeniýetine häsiýetli aýratynlyklaryň üsti açyldy. Olardan biri adamlary – ululary we çagalary ýerzeminlerde ýekelikde hem-de bükülen (enesiniň göwresinde ýaly) görnüşde jaýlanmagydyr. Ikinjisi bolsa, Türkmenistanyň beýleki ýadygärliklerinde seyrek duş gelýän garamtyl-çal keramikanyň ýüze çykarylmagydyr [5, 80].

Sumbar medeniýetine degişli 200 sany ýadygärlikde geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde, 1500-den gowrak tapyndy ýüze çykarylyp, olar esasan, keramikadan, ýaraglardan, gurallardan, derejäni-hormaty görkezýän esbaplardan, bezeglerden we süňk galyndylaryndan ybarat bolupdyr. Şeýle hem haly dokamak üçin ulanylan gurallar-keserler we beýleki taryhy gymmatlyklar aýratyn ähmiýete eýedir. Gadymy zamanlarda dirikä ulanylan esbaplary adamlar jaýlananda jesetler bilen bile goýupdyrlar. Olaryň arasynda gymmat bahaly altyn, kümüş şaýlarynyň hem bolandygy sebäpli, gadymy döwürde guburlar talanypdyr, emma keramiki gaplaryň köpüsi abat galypdyr.

Keramiki gaplar, tapyndylaryň arasynda iň uly topary düzýär. Gaplaryň bütinleri örän az mukdarda ýüze çykarylanda, ilki bilen olaryň göwrümine däl-de, eýsem beýleki aýratynlyklaryna: ýasalyş usullaryna, reňkine, palçygynyň düzümine we gabyň galyňlygyna-ýukalygyna üns berilýär.

Sumbaryň orta akymlarynyň ýadygärliklerinden aglabasy bitin bolan 650 keramiki gap ýüze çykarylypdyr. Olar birnäçe topara bolünip, olaryň köpüsinde ikiden alta çenli görnüş bar:

1-nji topar humçalar bolup, olar iň köp duş gelýän we gaplaryň iň ulusydyr. Humçalaryň dik, gysga, dar, käbiri bolsa giň bokurdaklydyr. Şeýle-de, humçalaryň käbiriniň üç gapdalynda kiçijik tutawaçlar bar. Olara 10–16 litr suwuklyk ýerleşýär.

2-nji topara gysga göwresi bolan, dikje kiçijik erňegine ýelmenen açyk jürnükli golçalar girýär. Bu golçalar diňe uly adamlaryň guburyndan ýüze çykarylypdyr. Golçalaryň käbirinde otda goýlandygyny görkezýän gurumyň yzy bildirýär. Şular ýaly jürnükli golçalar Dehistanyň irki demir asyrlaryna degişli ýadygärliklerinden, mysal üçin, Benguwanda duş gelýär, emma goňşy Eýranda we beýleki ýerlerde heniz aýan edilmändir [6, 24].

3-nji topara şakäse sypatly gaplar girýär. Olaryň düýbünden erňegine çenli giňäp, käbiriniň düýbüne golaý tutawaç ýelmenen. Erňekleri göni we içine eglen görnüşde ýasalypdyr.

4-nji topara boýlary uzyn, düýbünden erňegine çenli giňäp, soň içine eglen erňekden göni jürnük ýasalan, giň agyzly gaplar girýär. Bu golçalar hem diňe uly adamlaryň guburyndan ýüze çykarylypdyr, diýmek, olar çagalara degişli bolmazlygy ähtimaldyr.

5-nji topara çäýnek görnüşli, göwrümi togalagrak, egri we ýokary galdyrylan jürnügi erňeginiň aşagragynda ýerleşdirilen görnüşdedirler.

6-njy topara-da çäýnek görnüşli, emma tutawaçsyz, dik jürnügi gabyň düýbüne we göwresine berkidilen turba şekilli ýasalypdyr.

7-nji topara dürli göwrümdäki küýzeler girýär.

8-nji topara agzy giň, göwresi togalagrak, käbirleri iki tutawaçly kiçi göwrümli golçajyklar girýär.

9-njy topara ululy-kiçili, beýik aýakly miwe goýulýan gap bolan wazalar girýär.

10-njy topara giňräk düýbi düz, bir ýa-da iki tutawaçly kiçiräk küýzeler girýär.

11-nji topara seýrek duşýan görnüşli, örän beýik aýakly kubok ýa-da waza, şeýle-de ýarym togalak görnüşli, uzyn bokurdakly küýzeler girýär.

12–13-nji toparlara seýrek duş gelýän grafinler we çüýşe şekilli, emma palçykdan ýasalyp bişirilen gaplar girýär.

Ýokarda görkezilen toparlaryň içinde hem dürli görnüşleri bar. Olaryň gündelik durmuşda we aýratyn dabaralarda ulanylanlary duş gelýär. Şeýle-de, bu gaplaryň elde ýasalanlary we çarhda taýýarlananlary bar [7, 9–20].

Gaplaryň palçyklary hem dürli reňkli, açyk sarymtyl reňkden tä çal, garamtyl çal reňklileri duş gelýär. Sumbar medeniýetiniň aýratynlyklarynyň biri hem çal reňkli keramikadyr.

Guburlaryň talanandygyna garamazdan, biziň günlerimize çenli az mukdarda bolsa-da, saklanyp galan beýleki esbaplar hem bar. Tapyndylardan görnüşine görä, sumbarlylar ekerançylyk, maldarçylyk, hünärmentçilik, dokmaçylyk we awçylyk bilen meşgullanypdyrlar.

Ýadygärliklerde barlaglar geçirilip, guburlar açylanda, ol ýerde goýlan bezeg esbaplar dürli ölçeglili gulak syrgalar, bilezikler, egin-eşiklere dikilýän ilikler, monjuklar ýüze çykaryldy. Tapyndylar birnäçe müňýyllyklaryň dowamynda toprakda bolan hem bolsalar, olar diýseň ajaýyp hem-de aglabasy abat.

Gulak syrgalar iki gatly spiral görnüşinde ýasalypdyr, olar kelleçanagyň çekge süňküniň ýanyndan tapylypdyr. Bezeg şaýlary kelleçanagyň her tarapynda bar bolup, olaryň saça ýa-

da saçyň bir bölegine dakylan bolmagy ähtimal. Gulak syrgalar köp halatda bürünçden ýasalypdyr, ýöne kümüşden we altyndan ýasalanlary hem bar. Süňk tapyndylary alnanda, gulak syrganyň diňe bir tarapda tapylmagy, belki beýlekisiniň wagtyň geçmegi bilen, pytramagy bilen baglydyr.

Bezeg üçin niýetlenen esbaplaryň ýene-de bir görnüşi bileziklerdir. Olar gönüburçly plastinalardan, biri-biri bilen birikdirmek üçin gyralary deşijekli ýasalypdyr. Bilezikleriň arasynda bitewi, arasy bölünmedik plastinadan ýasalanlary hem bar. Olaryň ýüz tarapy owadanlyk üçin ýalpyldap durar ýaly edilipdir.

Şol döwürlerde bezeg hökmünde egin-eşiklerde ilikler-sadaplar hem ulanylypdyr. Ilikleriň köpüsinde bir ýa-da iki deşik bar. Bu bolsa olaryň eşige çatylýandygynyň subutnamasydyr. Guburlar açylanda, ilikleriň kelleçanak süňk tapyndysynyň ýanyndan çykarylanlary hem bar, olaryň başga-ba tikilen bolmagy ähtimaldyr.

Egin-eşik bezeg hökmünde her dürli temençeleri hem ulanypdyrlar. Temençeler döş süňküniň üstünden tapylýar (ossis sternalis). Bu ýagdaý temençeler bilen ýapynjalaryň birikdirilýän bolmagynyň mümkindigini aňladýar.

Täsin bezegleriň biri hem, monjuklar. Aýnadan we faýansdan ýasalan monjuklara köp mukdarda duş gelindi. Olaryň arasynda ýukajyk altyn örtülenleri hem bar. Monjuklar adatça, bezeg hökmünde boýna dakylýar, ýöne olaryň egin-eşige hem tikilen bolmagy ähtimaldyr. Monjuklar pöwrize, hakyk we başga-da gymmatbaha daşlardan ýasalypdyr. Eşige tikilen daşlaryň doga-tumar hökmünde ulanylan bolmagy hem mümkin. Tapylan monjuklaryň ölçegi her dürli bolup, 3 mm-den 25 mm-e çenli bolupdyr.

Aýal maşgala degişli guburlarda gaşlara çalynýan sürmäni saklamak üçin niýetlenen gurşundan ýasalan gutujyklar hem tapylypdyr [8, 228].

Türkmenleriň haly dokamagynyň gelip çykyşy we gadymylygy baradaky meseläni çözmeklige-de mümkinçilik berýän dürli materiallar Sumbaryň ýadygärliklerinden toplandy. Bu esaslar, ilki bilen, keramikanyň ýüzündäki bezeg toplumy, ikinjiden bolsa, Sumbarda aýallara degişli guburlardan ýüze çykarylan haly önümçiliginde ulanylan gurallarda öz beýanyny tapýar [8, 100].

Sumbar I we Parhaý I mazaryndaky sekiz aýal guburynda haly dokalanda ulanylýan keserleriň galyndylary çykaryldy. Bu bolsa Günorta Türkmenistanyň çäginde toparlaýyn haly önümçiliginiň eýýäm bürünç zamanynda bolandygynyň subutnamasydyr [8, 101].

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe biz – türkmen halky Magtymguly ýaly şahsyýetimiziň bolandygyna we onuň ýaşan mekany bolan Sumbaryň kenarynda müňýyllyklara uzap gidýän gadymy kökleriniň, baý medeniýetiň bolandygyna guwanmaga haklydyrys. Şeýle hem, bu gymmatlyklarymyzy geljek nesillere ýetirmeklige borçludyrys.

## EDEBIÝAT


1. *Magtymguly.* Saýlanan goşgular. – Ашгабат, 1976.
2. *Magtymguly.* Eserler ýygyndysy. – Ашгабат, 2014.
3. *Бартольд. В.В.* Сочинения, т.5, – М., 1968.
4. *Kulyýew G.* Magtymguly. – Ашгабат, 1983.
5. *Kösäýew M.* Magtymguly. Saýlanan eserler. – Aşgabat, 1993.
6. *Хлопин И.Н.* О некоторых событиях эпохи бронзы в юго-западной Туркмении. // Тезисы докладов Республиканского совещания «Технологический и культурный прогресс в раннеземледельческую эпоху». Ашхабад, 1987.
7. *Мурадова Э.А.* Поселения архаического Дехистана. – Ашхабад, 1991.
8. *Хлопин И.Н.* Юго-Западная Туркмения в эпоху поздней бронзы. – Ленинград, 1983.

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGINDE ÖZÜŇI ALYP BARYŞ MEDENIÝETI

**Mäti Annanurow,**
**Zarina Lalakowa**

Özüňi alyp baryş medeniýeti ýurdy ykdysady taryhy, adamlaryň ýaşaýşy, maşgala durmuşy, dünýägaraýşy, psihologiýasy, bilimi, tejribesi, şahsy aýratynlyk häsiýetleri, sabyrlylygy, kanagatlylygy, giňgöwrümliligi, gaýraty, ýerlikli sözlemegi, ynamy, zähmetsöýerligi, ynsanperwerligi bilen baglanyşyklydyr.

Şahyryň döredijiliginde şahsyýetiň özüni alyp barşynda akyl ýetiriş medeniýetine, ynsanperwerlige uly ähmiýet berilýär.

Adamlaryň jemgyýetçilik durmuşynda, maşgalanyň ýaşaýşynda özlerini alyp baryşlary teoretiki we adaty aňa bagly bolup durýarlar. Adatça, adamlar jemgyýetçilik durmuşynda we maşgalanyň ýaşaýşynda özlerini ýagşy niýetli, ýagşy sözli, ýagşy işler bilen alyp barýarlar. Päk ahlaklylar, olar adatça, özlerini rahat duýýarlar. Teoretiki aňly adamlar bilimli, ylymly, medeniýetli, ynamly, sabyrly, düşnükli, geçirimli, işi bilen sözi deň gelýän, seresaply, dogruçyl adamlardyr. Şeýle adamlar jemgyýetiň we maşgalanyň guwanjy we buýsanjy hasaplanýar. Adaty aňly adamlar jemgyýetçilik durmuşynda köplügi emele getirýärler, adatça jemgyýetçilik pikirleri bilen ylalaşýarlar. Adaty aňly adamlar umumadamzat ahlaky kadalaryna, däp-dessura, jemgyýetçilik pikirlerine eýerýärler we olary berjaý edýärler. Adaty aňly adamlar özleri üçin ýönekeý bolmadyk netijelere, karara gelmekde kynçylyklar çekýärler we maslahatlaşmak, geňeşmek esasynda hakykata golaýlaşýarlar.

«Biz milletimiziň taryhy aň-düşünjesini kämilleşdirmek boýunça işlerimizi mundan beýläk-de dowam ederis» diýip, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň mejlisindäki çykyşynda nygtaýar.

Intellektual, zehinli ýaşlaryň jemgyýetde barha köpelmegi, nesilleriň kämilleşmegine, jogapkärçiligiň, ynsanperwerligiň artmagyna getirýär. Mert ýigitleriň ýagşy ilde köpelmegi, başdan agzybirligi güýçlendirýär. Jemgyýetde her kim öz gylyk-häsiýeti bilen tapawutlanýar. Magtymguly Pyragynyň döredijiligini täzeçe çemeleşmek, onuň filosofiki dünýägaraýşyny, ahlaky pikirlerini, ynanjyny, akyl ýetiriş usullaryny, halk döredijiligi bilen baglanyşygyny, şahsyýetleriň gylyk-häsiýetlerine baha bermekdäki esaslandyrylan, deňeşdirmelerini öwrenmeklik maksadalaýykdyr. Ol öz döredijiliginde döwrüň aýgytly meselelerini, adamlaryň gylyk-häsiýetlerini haýyr-yhsan, şer işlerini, ikiýüzli häsiýetlerini açyp görkezýär. «Magtymgulynyň hem eserleri halk bilen onuň isleg-arzuwy, şatlygy, gaýgy-gamy, dünýägaraýşy, watana bolan söýgüsi hem ony goramak ugrunda eden tagallalary, göreş ýollary, ruhy sypatlary, adamkärçilik mertebeleri bilen ýygy baglanyşykly bolupdyr. Şeýlelikde, Magtymguly XVIII asyr türkmen edebiýatynda ägirt uly özgeriş döredip, ony özünden öň görülmedik derejede ösdüren şahyrdyr» [1. 18] diýip, professor Mäti Kösäýew ýerlikli baha berýär.

Adamlaryň özlerini alyp baryşlaryna olaryň gylyk-häsiýetlerine, jemgyýetçilik gatnaşyklaryna akyl ýetirmeklik we gysga setirlerde manyly we esaslandyryp beýan etmek, şahyra başardypdyr. Şahyryň ýatda galyjy goşgulary, pähimleri, aýdymlar, gutarnykly ýol-ýörelge, jogaplar bolup halkyň aňynda saklanypdyr.

XVIII asyr türkmen halkynyň ruhy dünýäsinde jemgyýetçilik-syýasy gatnaşyklarynda watançylyk, ynsanperwerlik, berkarar döwlet döretmeklik, mertlik-namartlyk ýaly meselelere aýratyn üns berlipdir.

Magtymgulynyň dürli meseleler barada ýazan goşgularynyň arasynda adamlaryň gylyk-häsiýetleri, öwüt-ündewleri, ahlak nesihatlary uly orun tutýar. Şahyr «Ýyrak eýle özüňni» diýen goşgusynda, mert gylyk-häsiýetli adamlaryň dileg edilende umytly bolunýanlygyny, namartlaryň hergiz iş bitirmeýänligini, her hili bahana tapýandyklaryny, gowusy, olardan daş durulmalydygy barada «Ýyrak eýle özüňni» goşgusynda şeýle ýazýar:

Magtymguly, doga eýlegil derde,
Janym gurban bolsun tanygan merde.
Agzy gülýän, galby bozuk namarda
Gardaş olma, ýyrak eýle özüňni.

Şahyr her bir derdiň dermanynyň bardygyny, tangyr adamlaryň köp bolmagyny, ikiýüzli kalby bozuklardan gaça durulmalydygyny nygtaýar.

Şahyr «Namys-ary gerekdir» diýen goşgusynda:

Destur bolar ýol öwrenmek ussatdan,
Är myrady jedel bilen gaýratdan.

Adamzadyň ussatlardan tälim alýandygyny meseleleriň jedel bilen aýdyňlaşdyrylýandygyny anyklaýar. Şahyr «Söhbet ýagşydyr» diýen goşgusynda:

Adam bolsaň, gulak goýgul öwüde,
Alymlar ýanynda söhbet ýagşydyr;

Atarman, çaparman, algyr ýigide
Ýeri gelse, aman-nurbat ýagşydyr.

Adamlara öwüt-ündewleriň, alymlar bilen söhbetdeş bolmaklygyň, ýeri gelende aman-nurbatly bolmagyň gerekdigi nygtalýar. Magtymguly Pyragy «Ýar eýlär» goşgusynda:

Aklyň bolsa, ýagşylara hemdem bol,
Akmak özün nadan bilen ýar eýlär.
Magtymguly, imdi özüňi gözle,
Haýyr işiň artdyr, ýamany düzle
Aklyň bolsa, märekede az sözle,
Köp söz seni il içinde har eýlär –

diýmek bilen, adam gatnaşyklarynyň çylşyrymlydygy, köptaraplydygy tirkeşýän adamlaryň kimdigini bilmekligiň zerurlygy görkezilýär.

Şonuň ýaly-da, şahyr özüňi alyp baryşda ýagşyny taryplamagyň, ýamany düzlemegiň az sözlüligiň gerekdigi aýdyňlaşdyrýar.

Magtymguly adam gylyk-häsiýetlerini açyp görkezmek bilen, olaryň aslyna, hereketlerine, özlerini alyp baryşlaryna üns beripdir.

Şahyr adamyň adamkärçiligini gylyk-häsiýet aýratynlyklaryny «Görüň» diýen şygrynda açyp görkezýär:

Her ýigidiň aslyn bileý diýseňiz.
Märekede otur-turuşun görüň.
Birew bilen aşna bolaý diýseňiz,
Ozal ykarynda duruşyn görüň.

Bir pul düşse bir üflisiň goluna,
Göwsün açyp gezer gyşyň ýeline,
Hyrydar bolsaňyz gyza, geline,
Edebin, ekramyn, oturşyn görüň.

Şahyr adamlaryň gylyk-häsiýetlerine, özlerini alyp baryşlaryna baha berende, olaryň aslyna, terbiýesine, dünýägaraýşyna, sözüniň üstünde tapylyşyna, ygrarlygyna, pul düşende özlerini alyp baryşlaryna, edebine-ekramyna üns beripdir. Ilki bilen, şu gylyk häsiýetler arkaly adamlara mynasyp baha beripdir.

Şahyr gylyk-häsiýetleriň üsti bilen mertligiň, namartlaryň, dogruçyllygyň, ýalançylaryň, ikiýüzlüleriň, ygrarsyzlaryň, sözi bilen, işiniň deň gelmeýänligi ýaly çylşyrymly häsiýet sypatlaryny açyp görkezýär. Erbet we bolgusyz häsiýetleri ýazgarmak bilen il arasynda şeýle boluşlara ýigrenç döredilipdir.

Magtymguly gylyk-häsiýet barada söz açanda, mertleriň, namartlaryň özlerini alyp baryş medeniýetleri barada «Tapsa» goşgusynda şeýle ýazýar:

Mertden dileg eden näumyt öwrülmez.
Namarda düşen iş hergiz gaýrylmaz –

diýmek bilen, mert bilen namardyň tapawutlaryny açyp görkezýär.

Magtymguly «Gide başlady» atly goşgusynda pikirlerini dowam etdirip, şeýle nygtaýar:

Namart gezdi mala özün ýar eýläp,
Myhman alabilmez, baryn bar eýläp,
Mert ýigidiň köňli daýym zar eýlär,
Ykbaly, gör laýa bata başlady –

diýmek bilen, namartlaryň gysgançlygyny, dargursaklygyny açyp görkezmek bilen, adamlarda ynsanperwer garaýyşlary terbiýelemeklige jan edipdir. Şahyr bozuk ahlaklylygy we olaryň özlerini alyp baryşlaryny halka aýan edipdir. Magtymgulynyň durmuşa synçylygy netijesinde ýaşaýyşda adamlaryň gylyk-häsiýetlerine belentlik bilen göz ýetiripdir, adamlarda iň gowy adamkärçilik sypatlaryny terbiýelemäge, olaryň mähirli-mylakatly, sabyrly, kanagatly ýaşamaklyga çyn ýürekden çagyrypdyr. Şol sebäpden, adamlaryň ahlak we häsiýetlerini gowulandyrmaga gönükdirilen pähimler ýeterlik derejede duş gelýär.

Şahyr jemgyýetdäki ýaltalary, gorkaklary, namartlary, ýaňralary, wepasyzlary, ýalançylary, ikiýüzlüleri, pakyr we ejizlere ganym bolanlary, ýaranjaňlary, men-menlik edenleri, aňlamazlary ýazgaryp, tankytlaýar. Adamlaryň ýagşy ýaman taraplaryny öz döredijiliginde adamyň gylyk-häsiýetlerini açyp görkezýär.

Magtymguly «Bu işi» diýen şygrynda adamyň ahlak sypatlaryny beýan edýär:

Magtymguly, tur, goluňny köze goý,
Eger döze bilseň, kylgyl bu işi.

Bu ýerde ol ynsanperwerligiň nusgalaryny görkezip, özüňe rowa bilmedik zadyňy başgalara-da rowa bilmegin diýip, gutarnykly ündew-nesihat edýär.

Şahyr «Gybatkeş» diýen şygrynda, umuman, gybatkeşligi ýazgaryp, onuň jemgyýete zyýan berýän endikdigini belläp, şeýle ýazýar:

Magtymguly aýdar, iliň gözünden,
Düşüban, hor bolsaň, görgül özüňden.

Şahyr bu ýerde gybatkeşleriň iliň gözünden düşmeklerinde olaryň özleriniň günäkärdiklerini belleýär.

Şahyr «Bolarmy» diýen goşgusynda hem gybatkeşleri iň näkes we ýigrenjileriň hatarynda goýýar:

Adam bardyr adamlary bozduran,
Şeýtan bolup, dogry ýoldan azdyran,
Hatyň, sözüň öý arada gezdiren
Ýigrenjidir, aňa güman bolarmy.

Magtymguly şeýle adamlary adamlaryň arasyny bozdurýan şeýtanlara meňzedipdir.

Zehinli şahyryň döredijiliginde öňe süren meseleleriniň biri-de, hüşgärlik meselesidir. Ol goşgularynda şol meselä üns berip, adamlary hüşgär bolmaklyga çagyrypdyr. Ol hüşgärlik şahsy durmuşda gerekdigini öňe sürýär. Ol «Seni» diýen şygrynda şeýle başlaýar:

Içki syryň aýtma her bir namarda,
Syryň ile ýaýyp, paş eder seni.
Ogry-kezzap bilen obadaş bolma,
Malyňdan aýyryp, aç eder seni.

Şahyr içki syryňy paş edijileri, ogry-kezzaplaryň ýaramaz gylyklaryny ýazgarýar. Ol adamlaryň häsiýetleriniň üsti bilen olaryň hakyky keşbini görkezipdir. Şahyr «Düýşüne degmez» atly goşgusynda:

Niçeler bar – ýigitlikde nist bolar,
Niçeler bar – suren ýaşyna degmez –

diýmek bilen, adamlaryň juwanlykda adynyň ýöremeýändigini ýa-da ýaşan ýaşyna mynasyp däldigini nygtaýar. Şahyr şeýle adamlaryň ýigitlikde-de, ýaşy bir çene baranda-da ýaşlaryna mynasyp bolup bilmeýändigini görkezýär.

Magtymguly «Ykrarsyz ärden» goşgusynda şeýle ýazýar:

Gördük saýy, göwün sowar.
Sabyrsyz, kararsyz ärden.
Yssy beren köpek ýegdir,
Uýatsyz, ykrarsyz ärden.

Şahyr şeýle adamlar bilen iş salyşanyňda has oňat bilinýändigini, olaryň erbet gylyk-häsiýetlerini ykrarsyzlyklaryny, durnuksyzdyklaryny, uýatsyzdyklaryny ýazgarýar. Biziň şu günki jemgyýetimizde heniz öz şahsy bähbitlerini halkyň we watanyň bähbitlerinden öňde tutýan adamlar, ogrular, egriler, ýaňralar, ýaranjaňlar, ýalançylar, men-menlik edýänler we başga-da şuňa meňzeş ýaramaz häsiýetde bolan adamlar ýüze çykarylýar.

Magtymgulynyň ynsanperwer garaýyşlaryny öwrenmek we olardan jemgyýetde ahlak terbiýesine üns bermek zerurdyr. Magtymgulynyň öňe süren asylly niýetleri, öwüt-ündewleri, nesilleriň terbiýesinde uly orun tutýar. Adamlaryň gylyk-häsiýeti özlerini alyp baryş medeniýeti jemgyýetiň we maşgalalaryň ýaşaýyş durmuşynda sazlaşyklary döredýär.

Akyldar şahyryň gylyk-häsiýet we özüňi alyp baryş medeniýeti baradaky akyl ýetirilen gutarnykly pähimleri häzirki döwürde-de özüniň ähmiýetini saklaýar. Adamlaryň mertebesi olaryň gylyk-häsiýeti, özüňi alyp baryş medeniýeti, dünýagaraýşy, tejribesi adamkärçiligi jemgyýetçilik we maşgala durmuşy bilen baglanyşyklydyr.

Adamzat jemgyýetiniň ösüş taryhynda belent mertebeli, mynasyp gylyk-häsiýetli, medeniýetli, düşnükli, jogapkärçilikli adamlaryň asylly adamlaryň köpelmegi jemgyýeti sazlaşdyryjy, jebisleşdiriji güýje öwrülýär. Halka peýdaly gylyk-häsiýetler, asylly endikler jemgyýetiň ösüşine ýardam etse, erbet we bolgusyz gylyk-häsiýetler ýazgarylyp, şeýle gylyk-häsiýetler ýigrenilipdir.

Şahyr bir tarapdan, ýalançylary ýazgaran bolsa, ikinji tarapdan, töhmetçi we ikidilli adamlary masgaralapdyr.

Şahyryň «Biwepalardan» diýen goşgusynda:

Sözüm nesihatdyr, bir gulak salyň,
Bendesi men söze hyrydar guluň,
Kyrk oýnaşly hatyn ýagşydyr, biliň,
Şereňňiz, köp tilli kethudalardan.

diýmek bilen, şahyr bet gylykly adamlary ýazgaryp, olary şereňňiz, köp dilli «kethudalaryň» «kyrk oýnaşly» aýallardan hem ýaramazdyklaryny deňeşdirip görkezýär. Magtymguly bu ýerde, «söz hyrydarlaryndan söz açyp, sözüň manysyna düşünip, oňa amal edýän adamlara «bende» bolmaga taýýardygyny aýdyp geçýär. Halk köpçüligi üçin ýörite sözüň bolmalydygy hem beýik şahyryň söz sungatyna bolan estetiki garaýyşlarynda esasy orun tutýar. Bu bolsa onuň goşgularynyň janly, täsir ediji düşnükli dilde ýazylmagyna getirýär.

Beýik şahyryň döredijiliginde adam gylyk-häsiýetleri, özüňi alyp baryş medeniýeti, adamlarda asylly duýgulary, endikleri kemala getirmekde ähmiýeti diýseň uludyr. Şahyr jemgyýetçilik durmuşynda özüňi alyp baryş medeniýetinde iň gowy gylyk-häsiýetler taryplaýar we sahawatlylyk, adalatlylyk, adamkärçilikli ýaly ahlak düşünjeleri aýdyň görnüşde ýüze çykarýar.

## EDEBIÝAT

1. *Kösäýew M.* Magtymguly Pyragy. Magtymguly Beýik şahyryň 225 ýyllygyna bagyşlanan makalalar ýygyndysy. – A.: 1959. 3–30 sah.

2. *Magtymguly.* Saýlanan eserler. Düz.: B.A. Garryýew, M. Kösäýew, Red. B. M. Kerbabaýew. – A.: Türkmenistan 1976.

3. *Magtymguly.* Saýlanan eserler. – A.: Türkmenistan 1983 1-nji tom.

4. *Magtymguly.* Saýlanan eserler. – A.: Türkmenistan 1983 1-nji tom.

5. *Magtymguly.* Eserler ýygyndysy. 1-nji tom.– A.: Ylym 2013 ý.

6. *Magtymguly.* Goşgular. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

## MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGINE DÖWLETMÄMMET AZADYNYŇ TÄSIRI

**Atageldi Nepesow**

Şeýle ýokary baha mynasyp bolan Magtymguly Pyragynyň diňe bir öz döwrüniň akyldary bolman, eýsem häzir hem dünýäniň köp ýurtlarynda sarpa goýlup okalýan şahyrdygyny bellemelidiris. Hormatly Arkadagymyzyň jaýdar belleýşi ýaly, Magtymguly Pyragynyň türkmen halkynyň aňyna müdimilik ornaşan, akyl-paýhasa ýugrulan ajaýyp goşgulary bilen milli edebi mirasymyzda öçmejek şugla bolan hem-de türkmen poeziýasynyň abraýyny arşa çykaran beýik akyldar hökmünde bütin dünýäde ykrar edilen şahyrdygyna biziň her birimiziň buýsanjymyzyň çägi ýok.

Mälim bolşy ýaly, döwürdeşleri hem-de ondan soňky gyzyklanma bildiren alymlaryň hiç biri tarapyndan Magtymgulynyň terjimehaly ýazylmandyr. Onuň ýaşan döwri hem-de akyldar bilen baglanyşykly wakalar, onuň öz döreden

şygyrlarynyň üsti bilen, halk arasynda aýdylýan rowaýatlaryň, pähimleriň mysalynda akyldar şahyryň terjimehalynyň ýazylandygyny, bu boýunça ylmy seljermeleri geçiren edebiýatçy alymlar belläp geçýärler. Şonuň üçin akyldaryň durmuşy barada takyk maglumatlar hem saklanyp galmandyr diýen çaklama bilen hem razylaşmaly bolýar. Asla, bu mesele bilen şahyryň özi hem sadalygy bilen çäklenipdir. Nebereleri-de şeýle mesele bilen içgin gyzyklanmandyrlar [9, 57]. Her niçik hem bolsa, akyldar şahyryň öz eserleri, ol hakdaky halk arasyndan toplanan maglumatlar, ylmy seljermeler, rowaýatlar, gürrüňler esasynda Magtymgulynyň geçen durmuş hem-de döredijiligi barada birnäçe anyklamalar esasynda düşünjeler alyndy. Magtymguly Pyragy il arasynda meşhur şahyr Döwletmämmet Azadynyň ylymly-bilimli maşgalasynda eneden dogulýar. Döwletmämmet Azady 1695-nji ýylda dünýä inýär. Ol Etrek derýasynyň boýlarynda we Gürgende ýaşapdyr. Onuň kakasyna Magtymguly Ýonaçy diýer ekenler. Onuň şahyrçylykdan hem habary bolup, kämil goşgulary ýazypdyr. Magtymguly Ýonaçy daýhançylygyň gapdalyndan at esbaplaryny ýasapdyr, zergärlik ussaçylygyny hem edipdir. Onuň Döwletmämmet atly ogluny Ýonaçynyň kakasynyň ady bilen, ýagny Garry molla diýip hem atlandyrypdyrlar. Şahyryň asyl ady Döwletmämmet bolup, Azady onuň edebi lakamydyr. Azady – azat, erkin, özygtyýarly ýaly manylary aňladýar. Şahyr lakamyna laýyk bolupdyr, ýagny ol öz pikirini hemme ýerde aýdyp bilipdir.

Döwletmämmet oba mekdebini tamamlap, Hywa medreseleriniň birinde okaýar. Şol döwürde ol Gündogar edebiýatyny, taryhçylaryň, pelsepeçileriň işlerini, arap we pars

dillerini öwrenýär. Döwletmämmet öz döwrüniň iň sowatly adamlarynyň biri bolýar. Ol öz obasyna dolanyp gelip, daýhançylyk edipdir, onuň gapdalyndan oba mekdebinde ýaşlary okadypdyr.

Döwletmämmet arassa we halal adam bolupdyr. Şahyryň aýalyna Orazbagt diýer ekenler. Ondan 6 perzendi: Muhammetsapa, Abdylla, Magtymguly, Gaýrymguly, Güýde (Gulja) atly ogullary we Zübeýda atly gyzy bolupdyr. Muhammetsapa we Abdylla Owganystanda heläk bolýarlar. Orazbagt aradan çykandan soňra, Döwletmämmet gazak aýala öýlenýär. Ondan Çaky we Ýary atly ogullary bolýar.

Döwletmämmediň halkyň arasynda abraýy uly bolupdyr. Ol ýiti pähimi, giň gözýetimi bilen uly halk maslahatlarynyň geňeşdary bolupdyr. Ol XVIII asyrda dagynyk ýaşaýan türkmen halkyna milli döwletini döretmegi maslahat beripdir we şu meseleleri öz döredijiliginde beýan edipdir. Ol özüniň dört bapdan ybarat bolan «Wagzy-azat» kitabynda döwlet gurmak, ylym we alymlar, häkimler hakynda, döwleti adalatly dolandyrmak, halk köpçüligi barada durup geçýär. Türkmen halkyny bir döwlete birikdirmek ýaly şol döwrüň derwaýys syýasy meselelerini gozgaýar.

Azadynyň türkmen milli döwletini döretmek baradaky pikirlerini ogly Magtymguly, şeýle hem Nurmuhammet Andalyp we beýleki nusgawy türkmen şahyrlary öz şygyrlarynda ösdürdiler. «Wagzy-azat» kitaby türkmen durmuşynyň köp taraplaryny öz içine alýar. Onda syýasy meselelerden başga-da, edep-terbiýe beriji ahlak ündewleri hem uly orun tutýar. Durmuşdaky wakalar rowaýatlaryň we dürli tymsallaryň üsti bilen düşündirilýär.

Magtymguly Pyragy önüp-ösen ýurdy barada «Äleme belgilidir» atly goşgusynda şeýle maglumat berilýär:

Bilmeýen soranlara aýdyň bu garyp adymyz,
Asly gerkez, ýurdy Etrek, ady Magtymguludyr.

Akyldaryň Durdy şahyra ýüzlenip, ýazan bir şygrynda-da bu aýdylanlary tassyklap, «Sen Gözli ata bolsaň, biz gerkez ili» [10, 127] diýip, özüniň aslynyň kimlerdendigini ýatladyp geçýär:

Görmesem, söýlemen oý bile çenden,
Maksadyna ýeter ýykylan çyndan,
Ýarysy melekden, ýarysy jyndan,
Müjewirsiz bolmaz üsti atamyň.

Magtymgulynyň döredijiligi has içgin öwrenilmelidir, onuň durmuş ýolunda bitiren işleri barada täze çemeleşmeleriň bardygy, bu ugurdan ýene köp pikirleriň boljakdygyna güwä geçýär. Magtymgulynyň döredijilik aýratynlygy barada we onuň ýurduň taryhynda bitiren hyzmatlary barada köp zatlary aýtsa bolardy. Şahyr XVIII asyr türkmen edebiýatynda uly öwrülişik etdi diýsek hem, onuň hakykatdan şeýlediginiň subutnamasy köp. Ilki bilen, ol halk köpçüligine düşnüksiz bolan arap, pars dillerinde şygyr ýazmakdan saklandy. Ol özüniň hakdan içen ussatlygy bilen halk köpçüligine düşnükli, sada dili, ýagny milli dili saýlap aldy. Mahlasy, şahyryň döredijiliginiň milli tarapynyň hem halka ýakyndygy barada aýtmak gerek. Magtymguly hakykatdan hem atasy, ylym ussady Azadynyň güýçli täsir etmegi bilen milli poeziýany dünýä berendigi baradaky pikiri goldamazlyk mümkin däl. Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde orta asyr romantizmiň, sopuçylyk akymynyň

XVIII asyrdaky türkmen halkynyň agyr durmuşy bilen utgaşdyrylyp, köpçülige hödürlenmeginiň özüniň hem täze ädim bolandygyny bellemelidiris. Magtymguly Pyragynyň goşgularynyň halka ýakyndygynyň esasy sebäbi bolsa, olaryň milli öwüşgin çaýylan şygyrlary bolup, il-günüň erk-isleglerini ussatlarça beýan etmegi başarmagy bilen baglanyşykly. Şol döwriň Gündogar ylmynyň ähli pudaklary boýunça sowady ýetik şahyr, bilimden susup alan ähli bilýänlerini sopuçylyk taglymatynda orta asyryň edebi dünýäsini – gazalda milli ruhly gahryman bilen bezemegiň ussadydygyny hemmelere aýan etmegi başardy.

Öň hem belleýşimiz ýaly, XVIII asyrda edebiýatyň taryhynda uly öwrülişik boldy. Netijede, milli galkynyş ruhunda ýaşaýan gahrymanyň milli keşbini açmak örän derwaýysdy. Şol döwürde milli ykbal, özbaşdak ýurt, asyrlaryň jümmüşinden gelýän däp-dessur bilen ýaşamak isleýän halka täze ýol-ýörelgeleri salgy bermek gerekdi. Çünki, taryhyň agyr günleri başdan geçirilýän şol döwürde halk köpçüliginiň ykbalyny açmak ýaly möhüm meseleler, bir hili, gyrada galyp barýardy. Jemgyetde, durmuşda açylmagyna garaşyp duran meseleler hem-de amal edilmeli işler örän köpdi. Şeýlelikde, XVIII asyrdaky türkmeniň gün-güzerany, syýasy durmuşy, şahyry öz erkine goýmaýardy. Ýurtda, türkmen topragynda bolýan ösüşler, yzagalaklyklar, tire-taýpa dawasy, gaýry döwletler bilen bolýan çapawulçylyklar... Garaz, Watan aladasy şahyryň pikir äleminde peýda bolýar.

Mälim bolşy ýaly, her bir beýik şahsyýetiň öz döwrüniň jemgyýetdäki hakyky ornuna göz ýetirmek üçin, ol ýa-da beýleki eseri döretmäge itergi beren taryhy wakalary, onuň ýaşap geçen we döreden wagtyny öwrenmeli bolýar. Ony anyklamak üçin, beýik akyldaryň önüp-ösen jemgyýetinde şol döwre çenli bolup geçen taryhy wakalary, onuň ýaşan döwründäki durmuş şertleri

öwrenilip anyklamak mümkin bolup biler. Sebäbi her ynsanyň mertebesi, ilki bilen, milli ahlak sypatlary özünde jemleýşi, öz ýaşan döwrüne, jemgyýetine we onuň talaplaryna dogry düşünmek bilen, halkyna ak ýürekli hyzmat edendigini hem-de özüniň taryhy wezipesini näderejede ýerine ýetirendigi bilen kesgitlenýär. Azady bu wezipäni Magtymguly ýaly beýik akyldar ogly ýetişdirip bu taryhy wezipäni ýokary derejede ýerine ýetiripdir diýip bileris. Şu nukdaýnazardan akyldar şahyrynyz Magtymguly Pyragynyň türkmen halkynyň öňünde bitiren hyzmatlary diňe bir ajaýyp şygyrlary bolman, eýsem onuň ýokary ahlak sypatlarynyň bolandygyny hem bellemelidiris. Rowaýatlara görä, Magtymguly bilen tanyşmak, gürrüňdeş bolmak üçin ýurduň ähli künjeklerinden myhmanlar geler eken. Şahyr olaryň her biriniň sözüni diňläp, öz bilýän zatlary barada olar bien söhbetdeş bolar eken. Gelen myhmanlar özüni gyzyklandyrýan meselelere şahyryň garaýşyny bilip, onuň akylyna we paýhasyna ýokary baha beripdirler. Ine, Magtymguly şahyryň meşhurlygy, görelde alarlyk häsýetleri özünde jemläp, maslahatlary bilen halkyny agyr günlerde goldandygy, il-güni bilen bir jan, bir ten bolandygyny şu aýdylan deliller doly subut edýär.

Magtymguly Pyragynyň giň hem çuň dünýägaraýşyna göz ýetirmek üçin, ilki bilen, onuň pederi Döwletmämmet Azadynyň öňe süren pikirlerini içgin öwrenmeli bolýar. Ilki bilen, Döwletmämmet Azady ahlak päkligi barada mistitsizmiň üsti bilen «Wagzy-azat» poemasynda durup geçýär. Şahyryň bu poemasy haýyr-sahawat, sogap işleri amala aşyrmak, watany söýmek, jomartlyk, perzendiň ata-enäniň, şägirt-halypanyň, kiçi-ulynyň öňündäki ýerine ýetirilmeli borçlar barada. Azadynyň pikirine görä, şol ýerine ýetirilmeli borçlaryň 40 sanysy bolup, Azady şahyr olary on-ondan dört topara bölýär. Azady şahyr olaryň onusy ten, onusy dil, onusy köňül, onusy mal bilen berjaý etmeli borçlar diýen pikiri öňe sürýär [9, 10] .

Birinjiden, ten bilen bitirilmeli borçlar diýip, Azady hasaplapdyr. Ýagny, ata-enäniň hyzmatyny etmek, olara hormat goýmak, diýenlerini iki gaýtalatman ýerine ýetirmek, bir ýere sapara gidenlerinde ugratmak we garşy almak hem-de ş. m. hereketler girýär. Magtymguly Pyragynyň goşgularynda bu borç barada köp ýerde gaýtalanýar.

Döwletmämmet Azadynyň geljekki akyldar şahyryň dünýägaraýşynyň belli derejede giň bolmagy barada tagalla edenligi, bilim babatda hiç kimiňkiden pes bolmazlygy üçiň aladalanandygy onuň döredijiligini öwrenen alymlar tassyklaýarlar. Azady öz perzendi bilen bolan ikiçäk gürrüňdeşlikde aňyna guýan terbiýesinden başga-da, şol döwrüň belli okuw jaýlarynda bilim almaga ähli şertleri döretmegi Magtymgulynyň gözýetiminiň has giňemegine getiripdir diýen pikir bilen hem razylaşmazlyk mümkin däl.

Ikinji borça, dil (söz) bilen amal etmeli borçlar girýär. Bu borç gürleşeniňde batly ses bilen gepleşmezlik, gödeksi, biedep sözleri sözlemekden saklanmak, rugsat berilmese, ata-enäniň adyny tutmazlyk, mydama mylakatly bolup, olara sypaýylyk bilen ýüzlenmeklik we başgalar girýär. Çagalykdan aňyna siňen bu ýörelgeler barada akyldar şahyr öz goşgularynda hem dürli meňzetmeleriň üsti bilen beýan edýär. Magtymguly «Märekä barmaz» goşgusynda bu barada:

Garnyňy doldurma haram nygmatdan,
Tiliňi saklagyn dürli gybatdan,
Alymlara kylma ýowuz töhmetden,
Garnyň otdan dolup döke boilmez sen –
ýa-da şahyr «Depe nedir, düz nedir» şygrynda:

Magtymguly, söz joş eder tiliňden,
Muhannese ýol bermegil ýeläňden,
Bu hünärler geler-gelmez eliňden,
Dilden gelen bu jürýetli söz nedir.

Akylly adamyň her bir sözüni paýhas eleginden geçirip gürleýändigi, bolgusyz gürrüňlerden daşda durýandygy, namardyň bolsa öz «dogan ilinden» aýyp gözläp, ýat ýerlerde mesgen tutup ýörendigini bellemek bilen, Magtymguly durmuşda gabat gelýän bu ýagdaýy gülünden jyda düşen bilbile meňzedipdir we onuň mysalynda namart adamlaryň bu hereketlerini berk ýazgarypdyr. Durmuşda mynasyp orun tapmak, şahyryň wesýetleriniň esasydygyny bellemek gerek.

Akyldar şahyryň pederi Döwletmämmet Azady üçünji orunda ata-enäniň öňünde köňül bilen berjaý edilmeli borçlara ünsi çekýär. Perzent ata-enä mydama mährem bolmaly, olara iň ýakyn ynsan hökmünde garamaly, şat gününde şatlanyp, gynanan ýagdaýlarynda gynançlaryny paýlaşmaşmaly, olar hakda pikirleneniňde, diňe ýagşy umytda bolup, ata-enä uzak ýaş dilemeli. Ynha, alym Azady öz oglunyň aňyna-da şu ýörelgelerden ugur alan paýhasy ornaşdyrmagy başarypdyr. Il içinde «ata-enäniň alkyşy, perzenti ähli bela-beterlerden gorarmyş» diýen pähim bar.

Azadynyň borçlar toplumynyň dördünjisine mal hem-de baýlyk bilen ýerine ýetirilmeli parz işler girýär. Türkmeniň ahlak ýörelgelerinde islendik perzent ata-enesini özüňden gowy geýindirmeklige çalyşmaly, iýiljek tagamy taýýarlap, edep bilen olaryň öňüne alyp bermeli, maşgaladan aýry ýerde ýaşaýan perzentler öz ata-enelerini tiz-tizden hoş söz bilen myhmançylyga çagyrmaly hem-de olara hyzmatlaryny gaýgyrmaly däl, durmuşda bolup biläýjek ýagdaýlarda, mysal üçin,

ata-enäniň näsaglan wagtlary hökmany suratda baryp soramak, perzentleriň jana-jan borjy bolmaly diýip Döwletmämmet Azady wesýet edýär. Onuň mähriban perzendi Magtymguly bolsa bu barada şeýle ajaýyp setirleri ýazýar:

Tiliňde öwürmiş haky senany,
Agyrtmagyl ata birle enäni... –

diýmek bilen, öz atasynyň ýaşlykda beren öwütleri barada ýöreden pikirini oňlaýandygyny, ogul-gyzyň hata iş etmän, diňe pederleriniň hyzmatynda bolmalydygyny nygtaýar.

Azady «Wagzy-azat» poemasynda ylym-bilim, alymlar hakynda hem pikir ýöredýär. Onuň pikirine görä, adamlar ylym bilen meşgullananda, şol döwürde örän meşhur bolan sopuçylyk ylymynyň öňe sürýän taglymatlaryny ýörelge edinmeli diýip ündeýär. Azady şol ylym arkaly dana kalbynyň törüni açyp bolýandygyny hem-de şeýle ýörelgeden ýörelse ruhy erkinlige çykmak mümkinçiliginiň bardygy hakyndaky pikiri öňe sürýär.

Filosofiki pikirleriň birnäçesi öňe sürülýän Azadynyň «Wagzy-azat» eseriniň dördünji bölümi derwüşler hem-de pakyrlyk durmuşy barada söz açýar. Şu ýerde ýene bir hakykat bellenmäge mynasyp, ol hem taryhymyzyň belli bir döwründe derwüşler özüni oňarmaýan, diňe oba-oba aýlanyp, dilegçilik edip ýöreň bikär adamlar hökmünde görkezilýärdi. Hakykatda welin, bu beýle däl. Ony A.Wamberiniň «Orta Aziýa syýahat» atly ýatlamalar kitaby bilen tanşanyňda [7, 85] hem, derwüşleriň il arasynda sarpasynyň belent bolandygyna doly göz ýetirmek bolýar. Filosof, alym pakyrlar-derwüşler dünýäniň diregi, olar özleriniň hereketleri bilen adamlara edep-ekramlylygyň ýokary nusgasyny görkezýärler hem-de

olaryň gynançlaryny deň paýlaşmaga ukyply, okuwdan ýüki ýetik, ýiti paýhasly jahankeşdeler hökmünde görkezýär.

Ýokarda görkezilen delillerde we meselede iki akyldaryň hem pikiri deň gelýär. Olaryň ikisi hem derwüşlik–kämillikden nyşan diýen pikiri öňe sürýärler. Magtymguly bu pikiri has-da ýokary göterip, derwüşler Alla iň ýakyn adamlar diýip hasap edýär [3, 17].

Şunuň bilen Azadynyň tagallalary ýerine gowşup, onuň öňe süren pikirleri Magtymgulynyň döreden goşgularynda milli meýiller has-da ösdürilipdir. Akyldar şahyryň döreden ajaýyp eserleri şol döwrüň nusgawy edebiýatynyň we jemgyetçilik aňynyň ösüşine ägirt uly goşant goşandygy hem bellenmäge mynasyp [2, 10]. Magtymguludan öňki şahyrlar öz döreden eserlerini arap ýa-da pars dilinde ýazan bolsalar, beýik akyldar şahyrymyz arassa türkmen gepleşik dilinde öz eserlerini döredipdir. Bu barada görnükli rus alymy E.E. Bertels şeýle ýazýar: «Eger belli bir halkyň belli bir döwürdäki mahsus sypatlaryny has mahsus suratda görkezýänligi manysynda edebiýata «klassyky» (nusgawy awt.) edebiýat diýip at berilmegi, türkmen edebiýaty barada ulanylmakçy bolsa, onda, elbetde, şol at XVIII–XIX asyrlaryň türkmen poeziýasyna berilmelidir, ol poeziýanyň has aýdyň we mahsus wekili bolsa, türkmen halky tarapyndan henize çenli-de örän hormatlanýan şahyr – Magtymguly bolupdyr» [6,18]. Bu örän ýokary bahanyň Magtymguly Pyraga berilmegi onuň ýiti zehininiň muşdaklarynyň sanardan köplüginiň, özem diňe bir Türkmenistanyň çäklerinde däl, eýsem, dünýä halklarynyň 60-a golaý diline terjime edilen akyldaryň goşgularynyň söýlüp okalýandygyna göz ýetirip bolýar. Magtymguly Pyragynyň öz atasynyň ile belli ese-

rini durmuşynyň ähli menzillerinde ýol-ýörelge edinip, ondaky ajaýyp pikirleri has-da giňeltmegi başarandygy subut bolýar.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap, Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.

2. *Magtymguly.* Saýlanan eserler. Düzüjiler: B.A. Garryýew, – M. Kösäýew. Red. B.M. Kerbabaýew. – Aşgabat, 1976.

3. *Magtymguly.* Saýlanan eserler. – Aşgabat, 1983.

4. *Magtymguly.* Saýlanan eserler. – Aşgabat, 1993.

5. *Magtymguly.* Şygyrlar. Üç tomluk, II tom. – Ашгабат, 1994.

6. *Бертельс Е.Э.* Махтумкули. – М., 1948.

7. *Arminiý Wamberi.* Orta Aziýa syýahat (terjime eden Kakabaý Gurbanmyrdow) «Dünýä edebiýaty» žurnaly, №2 2011.

8. *Garryýew B.* Magtymguly.Saýlanan goşgular. – Aşgabat, 1977.

9. *Kösäýew M.* Edebiýat barada söhbet. – Aşgabat, 1956.

10. *Magtymguly.* Şygyrlar üç tomluk. 2-nji tom. – Aşgabat, 1994.

11. *Magtymguly.* Eserler ýygyndysy. 2-nji jilt. – Aşgabat, 2013.


# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ŞYGYRLARYNDA ZERGÄRÇILIK


**Aýnabat Babaýewa**


Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň gadymyýetden gözbaş alýan maddy hem-de ruhy medeniýetini öwrenmäge we geljekki nesillere ýetirmäge aýratyn üns berilýär. Türkmen milli zergärçilik sungaty taryhy geçmişiň dowamynda belent sepgitlere ýetipdir. Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow: **«Halyçylyk, zergärçilik, nakgaşlyk ýaly, aklyňy haýran ediji sungat eserleri,**

**beýik alymlarymyzyň, söz ussatlarymyzyň gymmatly edebi mirasy dünýä siwilizasiýasynyň altyn hazynasynda mynasyp orun eýeleýär»** diýip, örän jaýdar belleýär [1, 249].

Türkmenleriň zergärçilik sungaty kämil sungatdyr. Zergärçilik käri bilen meşgullanmak, türkmen halkynyň söýgüli kespleriniň biridir. Zergär sözüne dilçi alym S.Atanyýazow şeýle düşündiriş berýär: «Altyn, kümüş bilen iş salyşýan ussanyň kärini aňladýan bu söz, parslaryň «altyn» manysyndaky zer «sözünden we kesp-kär bildiriji –ger» goşulmasyndan durýar: «zerger» – «altyn-kümüşçi ussa». Sözlüklerde zergär görnüşinde «ýazylsa-da, bu sözüň asly zergerdir» [2, 446].

Hakykatdan-da, türkmenlerde «Kümüşçiler obasy», «Kümüşçiler syrgyny» diýen ýaly, bu hünär bilen obasyny meşhur edýän ussalar kän bolupdyr. Uly şan-şöhrata eýe bolan türkmen zergärleriniň biri, akyldar şahyrymyz beýik Magtymguly Pyragydyr. Magtymguly atamyz türkmen halkynyň tutuş medeniýetini, şol sanda zergärçilik sungatyny öz ady bilen şöhratlandyran hem bolsa, ýasan şaý-sepleriniň birinde-de öz adyny galdyrmandyr. Muňa garamazdan, akyldar şahyrymyzyň baý döredijiliginde onuň bu käriň eýesi bolandygyna, ýasan şaý-sepleriniň Meňli gyzy bezändigine we altyn-kümüş şaý-sepli türkmen gyzlarynyň gözelligini wasp edendigine anyk göz ýetirmek bolýar. Aýdaly, Magtymguly: «Meňli gyzyň ýüzügine gaşlar goýsam kümüş bilen» [5, 92], «Gözelleri bardyr altyn-kümüşli» [5, 60] diýip joşmagy ýa-da «Saçbagyň ujunyň simdir işmesi» [6, 203] diýip, «gözelleri bezemek üçin ussalaryň kümüş simi işip ýasan ajaýyp şaýlaryna guwanmagy muňa mysaldyr. Şeýle-de, «sim» sözi nusgalyk edebiýatda kümşi aňladýandygy hemmä mälimdir. Akyldaryň hormat-gymmaty deňeşdirme mysalynda «Göwher daşyn ýüzük etseň mis bile, Gymmaty egsilmez, ýagşydyr» [7, 228] diýme-

gi, gowy zady derejesi pes zada golaýlaşdyrsaň hem onuň gymmatynyň egsilmejegini nygtap, gowynyň ýanynda erbediň hem gowulaşjakdygyna welilik bilen adamyň ünsüni çekipdir.

Türkmen zergärleri şaý-sepleri guýmak, ýüzüne çaýmak, oýmak ýa-da nagyşlamak usullary bilen ýasapdyrlar. Kümüş türkmen ussalarynyň iň köp ulanýan metaly bolup, onuň ýumşaklygyndan, amatlylygyndan başga-da, adamyň jan saglygyna bolan peýdasyny bellemelidir.

Türkmen halkynyň zergärçilik sungaty özüniň köp görnüşliligi, şekilleriniň biri-birleri bilen utgaşdyrylmagy, bezelişi we nagyşlara baýlygy bilen beýleki halklaryňkydan örän tapawutlanýar. Arheologiýa gözlegleri netijesinde tapylan orta asyr şaý-sepleri türkmen bezeg şaýlarynyň töwerekdäki goňşy halklaryňky bilen käbir meňzeş taraplarynyň bardygyny ýüze çykarýar. Alymlar Köpetdag eteklerinde, şeýle hem Murgap derýasynyň boýundaky taryhy ýadygärliklerden XII–XIII asyrlara degişli tapylan ençeme şaý-sepler bilen, Kawkazyň we Orta Aziýanyň köp ýerlerinden tapylan şaý-sepleriň umumy meňzeşligiň bardygyny belleýärler [3, 26–30]. Tapyndylaryň arasynda armyt we düwme görnüşli, içine tegelek nagyş çekilen ýasy bürünç asyklar, gaşly hem gaşsyz ýüzükler we beýlekileriň bardygy ýüze çykaryldy.

Milli şaý-sepleriň içinde zenan şaýlary aýratyn orna eýedir. Zenan şaý-sepleriniň dürli görnüşleri bardyr we olar öz şekillerine hem-de toplumlaryna görä birnäçe topara bölünýärler. Bulardan has köp ýaýranlary egme, ildirgiç we sünsüle şaýlarydyr. Şaýlaryň bu görnüşleriniň her biriniň diýen ýaly ady we görnüşi türkmenleriň durmuşda ulanyş derejesine baglylykda üýtgäpdir. Etnograf alym G. P. Wasilýewa türkmen şaý-sepleriniň aýratynlygy boýunça türkmenleri uly iki topara bölýär [8, 91]. Bularyň birinji toparyna teke, ýomut

we saryk türkmenleri degişli bolsa, ikinji topara Lebapda we Demirgazyk Türkmenistanda ýaşaýan türkmenleriň köp bölegi degişli bolupdyr.

Türkmen zenanlarynyň başgaplaryna dakylýan şaý-seplerine gupba, egme, ildirgiçleriň dürli görnüşleri, çekelik ýa-da teneçir ýaly şaýlar bilen bilelikde saça, eşigiň ýeňsesine dakylýan ýeňselik, asyk we saçlyklaryň dürli görnüşleri girýär.

Taryhçy W. S. Zaletaýew: «Türkmen gyz-gelinleriniň şaý-sepleriniň entek hem doly bolmadyk sanawy mundan bir ýarym, iki müň ýyl, belki, ondan hem öňki bolan harby lybasyň bolşuny bize görkezýär. ...bize diňe hut şolaryň harby lybasyny taryhyň gazaply ýyllarynyň içinden halkyň gözellige we edermenlige bolan söýgüsinden, çylşyrymly kada getirilen ulgam deňi-taýy bolmadyk, köpmanyly we nepis halk zergärçilik önümleri döräp, bize ýetipdir diýip, netije çykaraýmak galýar. Olaryň simwolik wezipesi – her maşgalanyň görnüşinde materiallaşdyrylan milli buýsanjymyzy we halklaryň gahrymançylykly taryhy barada ýatlamalary gorap saklamakdyr. Geçmişde maşgaladaky şaý-sepleriň aýratyn hormat goýulýan zatlar hökmünde arkama-arka geçirilmegi ýöne ýerden däl bolsa gerek» diýip belleýär [4, 94].

Şu aýdylan maglumatlardan ugur alynsa, gyz-gelinleriň dakynýan şaý-sepleriniň türkmen durmuşynda örän gadymy döwürlerden bäri bellidigine göz ýetirmek bolýar. Emma wagtyň geçmegi bilen, şaý-sepleriň köp görnüşleri gözden-dilden goranmak ýaly ynanja eýerip dakylan-da bolsa, soňky döwürlerde olaryň diňe bezeg hökmünde ulanylandygy hemmelere mälimdir. Ýöne şeýle-de bolsa, şaý-sepleriň käbir görnüşleri biziň günlerimize çenli gözden-dilden goraýan nyşan hökmünde dakynylyp gelnipdir.

Türkmenler şaý-sep ýasalýan metallaryň jadyly häsiýetiniň bardygyna ynanypdyrlar. Ýasalýan önümleriň görnüşleri hem şeýle häsiýet bilen baglanyşdyrylypdyr. Gadymy ynanja görä, türkmenler kümşe asyllylygy, päkligi saklaýan, zäheriň, erbet nazaryň badyny gowşadýan zat hökmünde garapdyrlar.

Türkmen şaý-sepleriniň görnüşlerinde arassalaýjylyk we öňdengörüjilik güýçlerine eýe bolan ynançlar has aýdyň duýulýar. Mysal üçin: döşe dakylýan şaý-sepleriň üçburçluk, inedördül, pişme, gönüburçluk görnüşleri muňa şaýatlyk edýär. Özünde geometrik şekilleri jemleýän şaý-sepiň biri-de, aýal-gyzlaryň döşe dakynýan «tumar» şaýydyr. Tumar türkmenlerde kümüş şaýyň ady bolsa-da, Magtymguly Pyragynyň «Tumar gördüm» goşgusyndaky:

Hakykat depderin açdym,
Bir ýazylan tumar gördüm –

diýen setirlerinden tumaryň ýazylan haty-da aňladýandygyny bilmek bolýar. Halk arasynda ulanylýan «doga-tumar» tirkeş sözi göz-dilden goramak üçin ýazylan ýazgylary aňladýar. Tumary türkmen zergärleri silindr, üçburçluk we gönüburçluk görnüşlerinde ýasapdyrlar. Tumar belli bir ululykda bolman, ululy-kiçili ýasalypdyr. Türkmen zenanlary tumary çagalarynyň köp bolmagyny diläp, göwüsleriniň üstünden dakypdyrlar.

Türkmen halky kümşüň ynsan saglygyna edýän oňyn täsirleriniň bardygyna hem ynanypdyrlar. Türkmenleriň kümşi arassalygyň aňrybaş nusgasy hasaplaýandyklaryna güwä geçýän mysallaryň bardygy muňa şaýatlyk edýär. Mysal üçin, ýaýla göçüp baran türkmenler şol ýerdäki guýa ýa-da kak suwuna kümüş şaýlaryny atyp goýupdyrlar. Birnäçe wagtdan şol, suwdaky ähli zyýanly jisimleri kümşüň özüne çekip alýandygyna ata-babalarymyz ir döwürlerde göz ýetiripdirler.

Gyz gupbasynyň, ilkinji nobatda, söweş geýminiň alamaty bolandygyna garamazdan, ony gyz gözelligini goramak üçin dakynandyklaryny hem aýtmak bolar. Gyz-gelinleriň örüm saçlaryna dakýan saç baglarynyň ujundaky kümüş düwmeleriniň täsin owazlary ynsan beýnisine rahatlandyryjy täsir edýändigi mälimdir. Gelinleriň börüklerine dakýan maňlaýlyklary kelleçanagyň gan basyşyna oňyn täsir edýänligi, börügiň bolsa çakyza, kelleagyry, gan basyşynyň näsazlygy, beýni sowuklamasy ýaly keselleriň öňüni almakda ähmiýetiniň uludygy bellenilýär [5, 2].

Zergärçilik sungatynyň inçe tilsimleri beýik şahyrlarymyzyň setirlerine, halk döredijilik eserlerine, yrym-ynançlara siňip, häzirki döwürde zergärlerimize miras bolup, ösüşiniň täze görnüşlerine eýe bolýar. Belli bir taryhy döwürde şaý-sepler diňe muzeýlerde ýa-da sergilerde bezeg bolan bolsa, bu günki günde gyz-gelinlerimiziň gözelligine gözellik çaýýan, millilige ýugrulan, olaryň şadyýan we ruhubelent durmuşyndan habar berýän kümüş, gyzyl şaý-seplerimiz olaryň gündelik durmuşynyň bezegine öwrüldi. Muny biz türkmen gyz-gelinleriniň geýýän bezegli lybaslarynda, dakynýan şaý-seplerinde görýäris.

Türkmen halkynyň maddy gymmatlygy bolan kümüş ussaçylygynyň, şaý-seplerimiziň taryhyny öwrenmek zerurdyr. Şaý-seplerdäki nagyşlar, olaryň dürli görnüşleri, şekilleri hem edil haly nagyşlary ýaly, uly manylara eýedir. Sebäbi kümüşçilik senedi hem uly taryhy ýoly geçip, biziň şu günlerimize gelip ýetendir.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, 3-nji tom. – Aşgabat: TDNG, 2010.

2. *Atanyýazow S.* Türkmen diliniň sözköki sözlügi. – Aşgabat: Miras, 2004.

3. *Grişin Ý.* Türkmen zergärçilik sungatynyň käbir stilistik aýratynlyklary. // Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1982, №2.

4. *Gündogdyýew Ö.* Türkmen zenanlarynyň taryhy keşbi. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşrýat gullugy, 2013.

5. *Hangulyýewa E.* Egmeli börük. // Ahal durmuşy, 2004-nji Ruhnama aýynyň 6-sy.

6. *Magtymguly.* Eserler ýygyndysy, I-nji tom. Çapa taýýarlan A. Aşyrow. – Aşgabat: Ylym, 2014.

7. *Magtymguly Pyragynyň kämil diwany.* Çapa taýýarlan O. Ekäýew. – Aşgabat: Ylym, 2014.

8. *Васильева Г. П.* Туркменские женские украшения. // Советская этнография, 1973, №3.

## MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGINDE WATANÇYLYK NAMASY

**Hurma Çommadowa**

Gahryman Arkadagymyzyň: «Watançylyk namasy Magtymguly akyldaryň döredijilik äleminiň kuýaşydyr» [1, 27] diýip belleýşi ýaly, XVIII asyryň görnükli wekili, nusgawy şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde Watanyňa hem-de halkyňa bolan söýgi, Watany goramak, Watan üçin janyňy gurban etmek ýaly edermenlige, merdi-merdanalyga bagyşlanan goşgular bar.

Nusgawy şahyr köp okan we köp bilýän şahs bolan. Akyldar şahyr halypalaryna hem-de okan medreselerine uly hormat goýupdyr. Bu bolsa onuň sadadan beýik adam bolandygyny görkezýär. Ol özünden öňki ýaşap geçen belli şahsyýetleriň döredijiligi bilen ýakyndan tanyş bolupdyr. Munuň şeýledigi

häzirki zaman yazyjy-şahyrlaryň işlerinde-de bellenilýär. Ýazyjy O. Ödäýew özüniň Magtymguly Pyraga bagyşlap ýazan makalasynda «Milletine täze ýoly görkezmek üçin şahyr, ilki bilen, türkmeniň milli geçmişini içgin hem-de anyk öwrendi. Onuň pikirleri Hoja Ahmet Ýasawynyň, Rumynyň, Ýunus Emräniň, Nejmeddin Kubranyň, Burhaneddin Siwasly Türkmeniň, Nagyşbendiniň, Mäne Babanyň, Muhammet Baýram hanyň pikirleri bilen äheňdeş gelýär» [4] diýip ýazypdyr. Ady agzalan beýik türkmen şahsyýetleriniň arasynda Burhaneddin Siwaslynyň ady hem getirilipdir.

Bar bolan maglumatlara görä, Burhaneddin Siwaslynyň asly oguzlaryň salyr boýundan bolupdyr [2, 6]. Onuň nebereleri XIII asyryň başlarynda mongol basybalyşlarynyň döwründe Horezmden ilki Anadola Kastamonynyň töwereklerine ýerleşip, soňra-da Kaýserä göçüpdirler [7, 76]. Burhaneddin Siwaslynyň kakasy Şemseddin Muhammet, onuň kakasy Syrajeddin Süleýman, onuň kakasy Hüsameddin Hüseýin, onuň kakasy Jelaleddin Habyp Kaýseride kazy bolup işläpdirler. Burhaneddin Siwaslynyň doly ady Abulfath Burhaneddin Ahmet ibn Şemseddin Muhammet bolupdyr. Burhaneddin Siwaslynyň ejesi Rum seljuklaryndan baş wezir Abdylla Çelebi ibn Jelaleddin Mahmydyň gyzy bolupdyr. Ol Burhaneddin Siwasly heniz çagaka aradan çykypdyr. Burhaneddin Siwasly bäş ýaşlarynda atasyndan okamagy öwrenip, on iki ýaşlarynda ene dilinden başga arap we pars dillerini hem özleşdiripdir [2, 6–7]. Burhaneddin Müsürde şerigat ylmy, hadys, lukmançylyk dersleri ýaly birnäçe bilimleri öwrenipdir. Burhaneddin Siwaslynyň at-abraýynyň artyp başlamagy bilen, onuň ýanyna dürli ýerlerden talyplar gelip başlapdyrlar. Şeýle hem, kakasy ýok wagty ýa-da iş bilen gitmeli bolanda, ogly Burhaneddin

Siwasla kazylyk işleri ynanylypdyr [8, 40–41]. Ol kakasy bilen Hijaza gidip, haj parzyny ýerine ýetiripdir. Yzyna dolanyp gelýärkäler, kakasy aradan çykypdyr [2, 7].

Eretna begliginiň hökümdary Gyýaseddin Muhammet (1352-1365) tarapyndan Burhaneddin Siwasly 1365-nji ýylda Kaýseriniň kazysy edip bellenipdir [5, 29]. Gyýaseddin Muhammet aradan çykansoň, ýerine ogly Alaeddin Aly beg (1365-1380) geçende, Burhaneddin Siwaslyny özüniň weziri edip belläpdir (1378 ý.). 1380-nji ýylda Aly beg aradan çykanda, ýerine ogly Muhammet geçipdir. Ýöne ol entek çaga ýaşynda bolandygy üçin, Burhaneddin Siwasly onuň ata begi hökmünde döwleti dolandyrypdyr. Köp wagt geçmän hem, Burhaneddin Siwasly öz adyny göterýän begliginiň hökümdary diýip yglan edip, adyna hutba okadypdyr, zikge kakdyrypdyr [2, 8–9]. Burhaneddin Siwasly 1381-nji ýyldan tä 1398-nji ýylda söweşde wepat bolýança esaslandyran begliginiň hökümdary bolupdyr. Onuň gubury häzir Siwas şäherinde ýerleşýär [5, 29].

Kazy, wezir, hökümdar, serkerde hem şahyr Burhaneddin Siwaslynyň goşgular diwany biziň günlerimize gelip ýetipdir. Onuň döredijiliginde mertlige aýratyn orun berlipdir. Burhaneddin Siwaslynyň özi hem şahsy göreldesi bilen mertligiň beýik nusgasyny görkezipdir. Munuň şeýledigi Aziz ibn Erdeşir-i Esterabadiniň «Bezm u rezm» atly eserini okanyňda göz ýetirýärsiň.

Bar bolan taryhy maglumatlara görä, Burhaneddin Siwasly entek kazy wezipesindekä, hüjüm edip gelen Garamanogullaryndan Eretna begligini goramagy başarypdyr. Burhaneddin Siwasly goşunyň öňüne düşüp, begligi daşky howpdan goramagy başarypdyr. Ol söweş meýdanynda ilkinji bolup, goşunyň öňünden gidipdir. Az sanly mert ýigitleri bilen köp sanly garşydaşynyň goşunyndan üstün çykmagy başarypdyr [6, 90–109].

Bulardan başga-da, Burhaneddin Siwasly döwletiň berk binýatly bolmagy üçin, ilkinji nobatda, goşunyň güýçli bolmalydygyny, munuň üçin bolsa esgerlere amatly şertleri döretmegiň zerurdygyny nygtapdyr. «Bezm u Rezmde» beýan edilişine görä, Burhaneddin Siwasly döwletiň goşuny bilen bagly şeýle diýipdir: «Ýolbaşçylykda hem-de dolandyranyňda maksadyňa ýetmekde mert esgerleriň hem-de söweşçi ýigitleriň ähmiýeti uludyr. Sebäbi döwletiň zikgesi bu halkyň biliniň güýji bilen zikgelener, duşmanyň haýbaty bu gatlagyň güýji bilen basylyp ýatyrylar. Özüňi goldaýan tarapdarlary, ynsanlary çekmek üçin hiç bir zat güler ýüzli hem-de jomart bolmakdan, bagyşlamany başarmakdan, gowy adamlary goramakdan has täsirli bolup bilmez. Diňe şonda adamlaryň kalplary eýelener we kynçylyklardan üstün çykylar. Danalaryň biri ogluna şuny nesihat edipdir: «Eý ogul, saňa erbetlik edenlere ýagşylyk et! Senden zat dilänlerinde ber! Güýçli bolaňda bagyşlamany başar! Hiç wagt gysgançlyk etme! Beren sözüňde dur! Kynçylyk döreden kynçylyk bilen, ýeňillik görkezen ýeňillik bilen ýüzbe-ýüz bolar». Patyşa maksadyna ýetmek üçin, adalatyň we syýasatyň esasyny güýçlendirip, olary howandarlygynda gorap, halkyna ýol görkezip, kalplarynda orun tutmaly. Esgeri we söweş esbaplary bolmaýan bir patyşa, ganatsyz guş, oksuz bir ýaý ýalydyr. Goşunsyz soltan bolmaz. Sebäbi küştde şa diňe esgerleri bilen başy dik, boýny bükülmedik we mertdir. Onuň ýanynda esgerleri we hyzmatkärleri bolmasa, mal bolar we bir dirhemlik gymmaty galmaz» [6, 133–135] diýipdir.

Burhaneddin Siwaslynyň watançy şahs bolup, hemişe il-ýurdunyň aladasyny edendigi getirilen taryhy maglumatlardan hem görünýär. Ol öz döwrüniň edermen serkerdesi, adalatly hökümdary bolmak bilen, daşky duşmandan goranmak üçin gaýduwsyz esgerleriniň paýynyň uludygyny nygtapdyr.

Şeýle beýik şahsyýetiň miras galdyran diwanynda-da mert ýigitleriň edermenligi wasp edýän setirleri bar. Muňa mysal edip, aşakdaky setirleri görkezmek bolar:

Erenler öz ýolunda är tek gerek,
Meýdanda erkek kişi ner tek gerek.
Ýahşy, ýaman, katy, ýumşah, olsa hoş,
Serwerem diýen kişi erkek gerek [2, 129].

Ýa-da:

Jana kalma ger ýara irem diýrseň,
Baga düşgül şeftalu direm diýrseň.
Başa, jana, dünýälige kalmagyl,
Erenler meýdanyna girem diýrseň [2, 133].

Goşgy setirlerinden görnüşi ýaly, kazylykdan hökümdarlyk derejesine ýetip, özüniň şygyrlar diwanyny miras goýan Burhaneddin Siwaslynyň döredijiliginde mertlik beýan edilipdir. Magtymguly Pyragynyň hem döredijiliginde-de Watana söýgi, Watany janyň-teniň bilen goramak wasp edilipdir. Muňa mysal edip, şahyryň «Meýdan ýoluksa» atly goşgusyndaky şu aşakdaky setirlerini getirmek bolar:

Ýüz namart ýerini tutmaz bir merdiň,
Mert çeker täsibin iliniň – ýurduň,
Bitiren işini, görüň namardyň –
Jeňdir diýip gaçar duman ýoluksa.

Ýa-da «Mala seretmez» goşgusynda şeýle setirler bar:

Atda aýak bolsa, başga syn bolmaz,
Ärde gaýrat bolsa, işi kyn bolmaz,
Söweş güni goç ýigitde müýn bolmaz,
Garşy bakar, peýkam-ýaýa seretmez.

Geçmişimizde şular ýaly özüniň bitiren hyzmatlary hem-de döredijiligi bilen öçmejek yz galdyran şahsyýetlerimiziň durmuş ýoluny öwrenmegiň geljekki nesillerimizi biziň ata-babalarymyzyň ýol-ýörelgeleri esasynda terbiýelemekde uly ähmiýeti bardyr. Çünki Watançylyk ruhunda terbiýelen ýaşlar Watanymyzyň geljekde mundan beýläk hem uly ösüşlere ýetmekde öz mynasyp goşantlaryny goşarlar.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Mertler Watany beýgeldýär. – Aşgabat, 2017.

2. *Бурханеддин Сивaслы.* Сайланан эсерлер. – Ашгабат, 1980.

3. *Magtymguly.* Saýlanan eserler ýygyndysy. – Ашгабат, 2014.

4. *Ödäýew O.* Köňül nagşy // «Galkynyş», 2012-nji ýylyň 16-njy maýy.

5. Ylham gudratynyň seýilgähi. – Ашгабат, 2010.

6. *Aziz ibn Erdeşir-i Esterabady.* Bezm u Rezm. Çev. M. Öztürk. – Ankara: TTK, 2014.

7. *Turan Ş.* XIII Yüzyılda Orta ve Doğu Anadolu’dan batı Anadolu’ya göçler. Dokrora Tezi. – Konya, 2009.

8. *Yücel Y.* Anadolu Beylikleri hakkında araştırmalar II. – Ankara: TTK, 1991.

# MAGTYMGULYNYŇ ŞYGYRLARYNDA ZENANLARYŇ MAŞGALADAKY ORNUNYŇ BEÝANY

**Annajemal Orakowa**

Zenanlar öýüň diregi hem-de maşgala ojagynyň mizemez sütüni hasaplanýar. Şonuň üçin göze gelşikli iň owadan bezegler olara bagyşlanypdyr. Zergärler olar üçin sünnälenip ýasalan iň gözel şaý-sepleri bagyş edipdirler. Akyldar şahyrymyz Magtymguly hem şeýle zergärleriň biri bolupdyr. Bu hünär nesilme-nesil geçip, il arasynda iň bir abraýly kär hasaplanypdyr. Zergärçilik sungaty Garaşsyzlyk ýyllary içinde has-da ösdürilip, bu ugurdan yzygiderli guralýan dürli bäsleşikli sergiler ussat zergärleriň ýüze çykmagyna getirdi we olaryň işleri täze many-mazmuna eýe boldy. Türkmen aýal-gyzlary eli çeper halyçylar, tikinçiler, dürli egin-eşikleri ezberlik bilen örüp bilýän dokmaçylar hökmünde meşhurlyk gazanýarlar diýmäge-de olaryň ellerinden çykan önümler bilen tanşanyňda göz ýetirmek bolýar. Her bir halkyň el hünäriniň inçe syrlary bar. Olar nesilme-nesil geçirilip, biziň günlerimize gelip ýetipdir. Aýal-gyzlarymyzyň yhlasyndan dörän el hünäriniň önümleri, özüniň nepisligi hem-de başga bir halkda ýok diýen ýaly dürli öwüşgini bilen tapawutlanýandygyny şu ugurdan iş alyp barýan daşary ýurtly bilermenler biragyzdan tassyklaýarlar. Olary halkymyzyň milli mirasy, köp asyrlyk nusgalyk sungaty atlandyrmaga doly esas bar. Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde ýokarda aýdylanlary subut edýän mysallar näçe diýseň bar. Şahyr ussat zergärlik bilen çäklen-

män, halkyň oňlaýjak hem-de maňzyna bataýjak şygyrlary döredip, halkymyzyň kalbynyň giňligini, mertebesiniň beýikligini, mähir-muhabetiniň bimöçberdigini hemmelere mälim etmegi başarýar. Şahyryň dünýägaraýşy umman ýaly giň, onuň durmuş hakdaky oýlanmalary, halky agzybirlige çagyrmagy, sabyr-takat kadalaryny berjaý etmek bilen, sagdyn bolmaga öwütleri döredijiliginden eriş-argaç bolup geçýär:

Saglygyň gadryny bilgil, hasta bolmasdan burun,
Hastalyk şükrüni kylgyl, täki ölmesden burun,
Düz ýeriň gadryny bilgil, derýa dolmasdan burun,
Gämide hüşgär oturgul, girdaba gelmesden burun,
Ýaşlygyň gadryn bilgil, tä ulalmasdan burun.

Şahyr bu setirleriň üsti bilen, döwürdeşlerini durmuşyň gadyryny bilip ýaşamaga, islendik kynçylygy mertlerçe ýeňip geçmäge, mydama hüşgärligi elden bermezlige çagyrypdyr we tebigatyň gadyryny bilmekligi ündäpdir.

Şahyryň şygyrlarynda zenanyň keşbi şeýle bir ýatda galyjy suratlandyrylýar welin, onuň beýik ynsandygyna hiç kimde şübhe döremeýär. Türkmen halkynyň nusgawy edebiýatynda, saz eserlerinde enäniň keşbi mynasyp orun eýeleýändigini köp sanly mysallaryň üsti bilen tassyklamak bolýar. Mähriban eneler hakynda türkmen halkynda rowaýatlar örän köp, olar dilden-dile geçip, asyrlaryň dowamynda halk döredijiliginiň aýrylmaz bölegi bolup, biziň günlerimize gelip ýetipdirler. Il arasynda ene ýüregi hakyndaky rowaýatyň haçan dörändigini bilmek aňsat düşmese gerek. Ýöne onuň islendik ýaşdaky adamy biparh goýmaýandygy bolsa hakykat. Sebäbi perzent

näçe ýaşasa-da, ene üçin ol iň ýokary gymmatlyk hasaplanýar. Akyldar şahyrymyzyň «Kaýda sen» atly goşgusynda mähriban käbesine bagyşlanan setirlerde şeýle diýilýär:

Ne hasraty ötürip sen, kördür görmez gözlerim,
Uly jemagatlar içre boldy syýa ýüzlerim,
Asal eripdi bu günsäher bolmuş sözlerim,
Daglarym deşte dönüp, dag bolupdyr düzlerim,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym kaýda sen?

Ene aýralygyna şahyryň gynanjynyň çägi ýok. Ol köpçülige baran wagty hem özüni oňaýsyz duýýandygyny, sähel zada gaharynyň gelýändigini tekrarlaýar. Durmuş sazlaşygyny saklaýan ene birden bakyýete gidende, töweregi gurşaýanlaryň ählisi haýsy hem bolsa bir näbelli güýjüň täsiri bilen şahyryň keýpini bozýandygyny ýokardaky setirlerden görmek bolýar. Elbetde, bu goşgyny tolgunman okamak mümkin däl. Şol goşguda şahyr ene hakdaky pikirine dowam edip şeýle diýär:

Ýowuz galyp bu jahanda telmurar bu şirin jan,
Sensiz indi men pakyram boldum, neýleý nätuwan,
Gymmatyndan aýrylypdyr, gözüme zyndan jahan,
Ýörüşem misli guýun dek, taparynmy bir nyşan,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym kaýda sen?

Şahyr öz mähribanyndan aýrylanyna perýat edip, dünýäniň ähli gymmatlyklarynyň enäniň ornuny tutup bilmeýändi-

gini, ene mähriniň islendik ýaşdaky adama zururdygyny goşgy setirleriniň üsti bilen beýan edýär:

Goç ýigitniň goludan gaçdy bu gün, gör, gylyjy,
Uzamaz, ýetmez, zeminde, ýokdur onuň alajy.
Dökdi ýapragyn birden, ýas tutup serwi agajy.
Daýy, dogan-gardaşy zar eýleýip hem-de bajy,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym kaýda sen?

Magtymguly enesinden jyda düşen pursadyny agyr ýitgidini, agyr hasraty başdan geçirenini, bu ajy aýralygyň adama edýän täsiriniň hiç zat bilen deňär ýaly däldigini belläpdir.

Akyldar şahyryň döredijiliginde zenan waspy aýratyn orna mynasyp. Onuň «Gözel sen» goşgusy muňa mysal bolup biler:

Gün hanjary gökden ýere inende,
Güne garşy dogan Aýy, gözel sen.
Usta Japar işi, sanjap jüpbesi,
Yspyhanda gurlan ýaýy, gözel sen!

Magtymgulynyň bu setirlerinden ähli älem gowulyklary zenanlarda jemlenendigini, olaryň owadanlygyny Aýa meňzetmek bolýandygyny belleýär. Şahyr bu goşgusynda türkmen zenanyna mahsus häsiýetleri aýanlygy bilen okyja ýetirýär we olara döredeniň Gudraty Güýçlüdigini teswirleýär. Ýöne durmuşda duş gelnişi ýaly, hemmetaraplaýyn tarypa mynasyp zenanlar ykbalyň takdyryna kaýyl bolup, bagtsyz ýaşaýan halatlarynyň duş gelýänini hem beýan edýär:

Her kim güýçli bolsa, oňa pir diýrler,
Dertli guluň dermanyny biýr diýrler,

Gawunyň gowusyn şagal iýr diýrler,
Ykbally bendäniň paýy gözel sen.

Alym Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Enä tagzym–mukaddeslige tagzym» atly kitabynda türkmenlerde maşgala gatnaşyklarynyň ýola goýluşy şeýle teswirlenýär – «Türkmençilikde ýöne ýerden «Kimlerden?» diýlip soralmaýar ahyryn. Bu maşgalada ata-enäniň berýän terbiýesiniň, emer-damaryňa ornan edim-gylymlaryň hyzmatynyň uludygynyň ykrar edilmegidir. Halkymyzyň ata-babadan bäri dowam edip gelýän däp-dessurlarynda maşgala saýlamak edähetiniň inçeligi hem geljekki nesiller barasyndaky aladanyň nyşany. Birek-biregini kemsiz öwrenen, il arasynda özüni aldyran adamlar garyndaşlyk açmak ýaly döwletli işi niýet edenlerinde hem, ilki bilen, geljekki nesilleriniň ykbalyny alada edýärler. Sebäbi guruljak maşgaladan ýakynlaryň nesil dowamaty uzaýar. Şol geljegiň nämälimliginden hem diňe ýagşylygy ýaran edinýän ata-babalarymyz bu meselä indiki dünýä inmeli nesilleriň ykbalynyň çözgüdi hökmünde garaýarlar. Sebäbi enäniň perzent üçin nähili ynsandygyna olar örän gowy düşünýärler» [2, 46–47].

Alym Arkadag Prezidentimiz bu durmuş hakykatyny beýan etmek bilen, maşgala gatnaşyklarynda «Maslahatly biçilen don gysga bolmaz» diýen atalar sözünden ugur alynýandygyny terbiýede hem onuň örän wajypdygyny belleýär. Türkmen nusgawy edebiýatynda perzent terbiýesine uly üns berilýändigini, esasy ornuň bolsa zenanlara degişlidigi, olar bilen tanşanyňda göz ýetirmek bolýar. Şonuň üçin maşgala ojagynyň eýesi, görüm-göreldäni perzendiň aňyna guýýan zenanlaryň waspy akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijili-

ginde aýratyn orun eýeleýär. Magtymgulynyň «Durasyň geler» diýen goşgusy, türkmen zenanyna bolan uly sarpadan nyşan hökmünde kabul etmek bolar:

Gözel bardyr, gözellerden zyýada,
Onuň hyzmatynda durasyň geler.
Edepli, ekramly, mylaýymzada,
Tä, ölünçäň bile ýöresiň geler.

Türkmençilikde gyz edebi iň bir üns berilýän ýagdaýdygyny şahyr bellemek bilen, oňat terbiýe alan maşgala ojagynyň bezegi bolýandygyny, şonuň üçin şeýle zenanlaryň hyzmatynda bolup, «tä, ölünçäň bile ýöresiň geler» diýip beýan edýär. Göreldeli terbiýe enäniň ukusyz geçiren gijeleriniň netijesi dälmi eýse! Muňa taryhyň ähli döwürlerinde aýratyn üns berlendigi barada maglumat ýeterlik derejede toplanypdyr. Türkmenlerde çaga terbiýesi esasy hereketlendiriji güýç hökmünde garalypdyr. Şonuň üçin ýaşlara durmuş toýuny tutmazdan ozal, iki tarapyň hem maşgalasynyň ýagdaýy içgin öwrenilýär, sebäbi nesil dowam etdirijiler hemme bildirilýän talaplara gabat gelmeli. Maşgala näçe terbiýeli bolsa, şonça-da berk bolýar diýen düşünje türkmeniň ganyna siňen kadadygy bellenmäge mynasyp.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Enä tagzym – mukaddeslige tagzym. – Aşgabat, 2018.

3. *Magtymguly.* Eserler ýygyndysy. I tom. – Aşgabat, 2013.

4. *Magtymguly.* Eserler ýygyndysy. II tom. – Aşgabat, 2013.

# MAGTYMGULYNYŇ GOŞGULARYNDA GELIN-GYZLARYŇ GÖZELLIGINIŇ WASPY

**Bahar Mämmedowa,**
**Bossan Çakanowa**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda, ýurdumyzda zenan mertebesi belentde tutulýar. Gahryman Arkadagymyz «Enä tagzym–mukaddeslige tagzym» atly kitabynda: «Zenan düşünjesine halkymyz «ene», «uýa», «aýal dogan», «ömürlik durmuş hemrasy» diýen manylarda garaýar» diýip, belläp geçýär [1]. Taryhda belli bolşy ýaly, türkmen halky zenanlaryny gözüniň göreji ýaly saklap, olara dünýädäki iň owadan we gymmatly zatlary bagyş edipdirler. Şöhratly taryhymyzyň ähli döwürlerinde keramat saýylýan topragymyzda ýaşan şahyrlar hem türkmen zenanyny suratlandyryp, wasp edipdirler. Türkmen zenanyny wasp etmedik şahyr ýok bolsa gerek.

XVIII asyrdan bäri türkmeniň ruhy ganaty we şamçyragy bolup gelýän beýik akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň döredijilik temasy köptaraplaýyndyr. Magtymgulynyň goşgularyny okan her bir okyjy durmuşda gabat gelýän iň çylşyrymly ýollardan baş alyp çykmaklygyň iň ygtybarly ýollaryny tapýandyr. Beýik akyldar öz döredijiliginde gelin-gyzlara örän uly hormat goýýar. Akyldar şahyryň umman ýaly giň we çuň manyly, köptaraplaýyn ajaýyp şygyrlarynda türkmen halkynyň durmuşy, däp-dessurlary bilen birlikde, gelin-gyzlaryň mertebesi, gylyk-häsiýetleri, edep-ekramy, görk-görmegi bilen baglanyşykly ençeme şygyrlary döredipdir. Ol zenanla-

ryň maşgalada, durmuşda, jemgyýetde tutýan uly orny baradaky pikirleri öňe sürüpdir. Şahyr «Duz hem bolmasa» diýen goşgusynda:

Dünýä ýüzi meňzär duzsuz tagama,
Söz içinde gelin-gyz hem bolmasa –

diýmek bilen, gelin-gyzlary maşgalanyň görki, durky, durmuşyň bezegi hasaplaýar. Dana şahyrymyz Magtymguly Pyragy özüniň «Ýar gerekdir» diýen şygrynda:

Menem diýen goç ýigide,
Bir mynasyp ýar gerekdir ...
Magtymguly, söwer ýaryň
Syýa zülpi tar gerekdir –

diýýär. Beýik akyldar şahyr aýal-gyzlaryň durmuşdaky ornuna hem örän ýokary baha beripdir. Çagalary watansöýerlik, ahlaklylyk, ynamlylyk ruhunda terbiýelemek işinde esasy borç zenanlaryň-maşgalanyň bikesiniň egnine düşýär. Sebäbi eneler gije-gündiz balalarynyň aladasy bilen dem alýar, olary terbiýeleýär, il halar adam edip ýetişdirýär.

Şahyr zenanlaryň maşgalada, çagalary terbiýelemekde, aýratyn hem asylly, edep-ekramly, göreldeli gyzlary we mert, batyrgaý, watana wepaly, il-halkyň aladasyny edýän oglanlary kemala getirmekde uly hyzmatynyň bardygyny nygtaýar. Magtymguly atamyz öý bikesiniň akyllylygy, zähmetsöýerligi, salyhatlylygy bilen gyzlaryna görelde görkezmelidigini ündeýär.

Hut şoňa görä-de, türkmen ýigitleri aýallaryň sarpasyny, mertebesini elmydama belende göterip, olaryň belent adamkärçiligine, edim-gylymynyň päkligine, perzent terbiýesindäki yhlasyna ýokary baha berip gelipdirler. Erkek kişiler zenanlary ýürekden söýüp, olara bar hany-manyny, etsem-goýsamlaryny, janyny ynanypdyrlar. Magtymguly Pyragynyň pikirine görä, hakyky türkmen zenany maşgala bolan çäksiz söýgüsi, yhlasy bilen öz at-abraýyny mydama arşa götermelidir. Munuň üçin ýigit gyzlaryň içinden akylly-başly özüne ömürlik ýar saýlamagy başarmalydyr. Iň esasy zat, söýginiň, hormatyň, ynamyň ikitaraplaýyn bolmagydyr. Bu pikir Magtymguly Pyragynyň köp goşgularynda duş gelýär.

Şahyr öz döredijiliginde gyz-gelinlere hormat goýup, olary ýaşaýşyň bezegi, maşgalanyň görki hasaplapdyr. Şahyr aýal-gyzlaryň durmuşdaky kanuny orunlary barada sazlaşykly pikirleri öňe sürüpdir:

1. Maşgalanyň erkin söýgi esasynda gurulmagyny isläpdir.

2. Maşgalada iki tarapyň-da birek-birege hormat goýmagyny, goldamagyny zerur hasaplapdyr.

3. Maşgalanyň biri-birine mynasyp adam bilen gurulmagynyň möhümdigini belleýär.

4. Gyzlaryň mynasyp bolmadyk adamlara durmuşa çykarylmagyna garşy çykýar.

5. Adamzadyň iň näzik duýgusy bolan söýgä, Magtymgulynyň döredijiliginde möhüm orun berilýär.

Magtymgulynyň köp goşgulary gyz-gelinleriň gözelligini, edep-ekramyny, olaryň el hünärini wasp etmeklige bagyşlanýar.

Şahyr türkmen gyzlarynyň şar gara saçlaryny syýa, nurana ýüzlerini bolsa kümşe meňzedip, «Meňzär hökümli» atly goşgusynda şeýle ýazýar:

Alma zenehdana, bu kümüş ýüze –
Zülpüň syýa, suratkärler dökümli.

Ýa-da:

Humaý oturyşly, laçyn turuşly,
Kebuter topukly, maral görüşli,
Täze helal gaşly, merwerit dişli,
Tawus guş zynatly, Dawut towuşly,
Tezerw şiweli, käkilik ýörişli,
Tugun guş timarly, tarlan bakymly.

Magtymguly, sen dek görmedim dildar,
Bu jana ýararly, köňle ýakymly.

Şahyr türkmen gyzlarynyň gözelligini guş-gumrularyň keşbi, timarlylygy, asylly hereketleri we kereşmeleri, owadan hem gelşikli sypatlary bilen deňeşdirýär. Magtymguly durmuşy-da, tebigaty-da ýiti synlaýan, ony döredijilik terezisine salyp, her taraply öwrenýän adam bolupdyr. Onuň gyzlaryň çalasynlygyny laçyna, salyhatly hem näzli ýörişini marala, owadan hem-de gelşikli aýaklaryny kepderi topugyna ýa-da olaryň buýsanjaňlyk bilen bakyşyny tarlaň bakyşyna meňzedýänligini hem aýdyň görmek bolýar [5].

Magtymguly her kimiň özüne ýürekdeş, gadyr bilen mähriban ýarynyň bolmagyny arzuw edipdir:

Gadyr bilenden daş etme,
Nägadyra ýoldaş etme,

Til bilmez bela duş etme,
Sada dil bolsun türkana.

Magtymgulynyň zenanlara bagyşlap ýazan goşgularynda öňe sürülýän pikirleri biziň günlermizde hem özüniň terbiýeçilik ähmiýetini ýitirmeýär. Onuň döredijilik galybyndan syzylyp çykan pikirler, ugur-ýol görkeziji bolýar.

Magtymguly türkmen zenanlarynyň görkini wasp edip, öz şygrynda şeýle ýazypdyr:

Bir dilbere duş boldum, gamzasy ok, gaşy ýaý,
Gün haýrandyr görkünden, hijalata dogan Aý.

Ýa-da:

Är ýigidiň içi doly armandyr,
Gara göz, inçe bil ýary bolmasa – diýýär.

Beýik şahyrymyz Magtymgulynyň goşgularyny neşir etmekde Garaşsyzlyk ýyllarynda köp işler edildi. Sowet ideologiýasy döwründe neşir edilmedik goşgulary hem halka ýetirmäge giň mümkinçilik döredi. Indi şahyryň goşgularyny hemmetaraplaýyn doly öwrenmägede uly mümkinçilikler bar. Magtymguly Pyragy köp şygyrlarynda gelin-gyzlaryň päk söýgä mynasypdygyny beýan edýär. Olaryň edep-ekramyny, içki we daşky gözelliginiň sazlaşygyny, gyz maşgala mahsus bolan asyllylygyny, sadalygyny, mylakatly – mylaýymlygyny, arassa ahlaklylygyny, edepliligini, utanç-haýalylygyny, wepalylygyny ussatlarça wasp edipdir.

Magtymguly tüýs halk şahyry derejesinde öz eziz milletiniň, gelin-gyzlarynyň ruhy, ahlak-ynam belentligine ýürekden guwanýar. Maşgala bikesi boljak gyz, ozaly bilen, sagdyn ruhy haly, edep-ekramy boýunça ýokary derejäni eýelemelidir, şi-

rin sözli-mylaýym, medeniýetli bolmalydyr diýýär. Diňe şonda geljekki gelin täze düşen öýünde tämiz ruhy bilen, goýazy-agras häsiýeti bilen tutuş maşgalanyň ar-namysyny özüne tug edinip göterip biler.

Şunuň bilen birlikde adamçylygy pes häsiýetli, ýalta, nalajedeýin gyz-gelinleriň hem bardygyny görkezýär:

Bardyr gözel sirke basdyr saçyny,
Artmaz-ýuwmaz tabagyny daşyny,
Sylamaz atasyn, ene ýaşyny,
Anuň hyzmatyndan gaçasyň geler.

Bu ýerde Magtymguly haýsydyr bir aýalyň ýa gelniň dälde, durmuşa çykmadyk gyzyň hyýaldaky suratyny göz öňüne getirip, üýtgeşik bir şekili dünýä inderipdir. Ýokarda agzalan bentde bolsa, bir nalajedeýin aýalyň keşbi janlanýar. Beýle deňeşdirme häsiýetli goşgy Kemine şahyrda-da bar. «Jem bolsa hatynlar bary, Her biri emire meňzär» diýip, Kemine birnäçe aýallaryň keşiplerini, deňeşdirýär. Her haýsynyň synyny-summatyny, hüý-häsiýetini anyk mysallaryň üsti bilen teswirleýär.

Şeýle häsiýetli goşgy Magtymgulynyň 1983-nji ýylda neşir edilen iki tomlugynda hem duş gelýär:

Her başy saçlyny hatyn diýmäňler,
Hatyn oldur, syýagyndan bellidir.
Kir saklamaz oglanyny, özüni,
Gözi, gaşy, gabagyndan bellidir.

Akyldar şahyryň pikiriçe, zenan ak bäbekli, görmegeý, gelşikli bolsa, oňa ýetesi zat ýok, emma esasy zat, onuň ýüreginiň päkligi bolmalydyr, ýagny «Jan içinde bile bolar ýüregi», şonda iki ýürek her hili kynçylyklary ýeňip geçmäge ukyply-

dyr, diňe deň urýan arassa ruhly ýürekler maşgalany abraýly, belent derejä göterer. Bu bolsa, tutuş obanyň,halkyň abraýydyr. Sebäbi maşgala Watanyň ilkinji basgançagydyr.

Beýik şahyr özüniň «Ýüzünden» atly şygrynda türkmen zenanynyň gözelligini wasp edýär:

Aý kibi roýuňy gördüm,
Nur saçylar ýar ýüzünden,
Bir Mejnunam, däli erdim,
Nowaýy jindeli sazyndan.

Şahyryň «Uýat eýleýir» atly goşgusynda türkmen gyzyny Meňliniň mysalynda şeýle suratladyrýar:

Meňli hanym golun dişläp,
Bizden ki uýat eýleýir.
Kä daranyp uz ýörişläp,
Bizden ki uýat eýleýir.

Magtymguly söýen gyzynyň gara gözlerini wasp edip, şeýle diýýär:

Magtymguly ýar armany,
Agladar beşer-gulmany,
Musulmanyň din-imany,
Ymmatdyr gara gözleriň.

Bu tymsallardan görnüşi ýaly, olarda taryplanýan maşgalanyň gara gözleri, görki, häsiýeti din-iman bilen deňeşdirilýär. Zenanlara şu derejede hormat bilen garamak, Gündogar hal-

klarynyň beýik şahyrlarynda-da – Nowaýyda, Nyzamyda we beýlekilerde duş gelmek bolýar.

Magtymgulynyň goşgularynda türkmen gelin-gyzlarynyň häsiýetini we egin-eşiginiň aýratynlyklaryny görkezýän deliller, alamatlar hem giňden ulanylýar. Meselem, şahyr özüniň «Gözel sen» atly goşgusynda türkmen gyzynyň örän owadan keşbiniň bardygyny suratlandyrýar.

Magtymguly aýal-gyzlaryň ýerliksiz gylyk-häsiýetleriniň maşgala durmuşyna uly zyýan berýändigini, munuň aýratyn hem ýan ýoldaşyna-adamsyna agyr degýändigini ýerlikli belläp geçýär:

Guwanmagyn sypatyna,
Münersiň gahar atyna,
Duş bolsaň ýaman hatyna,
Ömrüň öter şer biläni.

Gyz-gelinlerde, aýallarda esasy sypat-näzeninlik, ýagny mähremlilik, ýuka ýüreklilik ýaly zenany bezeýän häsiýetler bolmaly. Şonsuz duýgy-söýgi gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy mümkin däl. Durmuşy mysallar muny aňyrýany bilen tassyklaýar. Hut şonuň üçin hem Magtymguly öz halkynyň gyz-gelinlerine, zenanlara dünýäniň diregi, bezegi, şatlygy, durky, gönezligi hökmünde garapdyr, olary peri-peýkerden, perişdelerden we beýleki hyýaly gözelliklerden hem belent goýupdyr. Ol özüniň «Mala seretmez» diýen şygrynda:

Dünýä görki näzeninler, ne janlar,
Nadana ýolukdy türpe jenanlar,
Ýardan galan-äri ölen juwanlar,

Goç ýigidi gözlär, mala seretmez.

Ynsanyň ruhubelent duýgusynda dünýä gözellikleriniň täsin görnüşleri nakyllardyr, atalar sözüne baý bolan Magtymguly Pyragynyň döredijiligi, paýhas çeşmesi, halkyň aňyna mäkäm ornaşyp, özboluşly gözelligi emele getirýär. Gözellik bolsa öz nobatynda, ynsan kalbynda edil özi ýaly gözel duýgulary döredýär. Ynha, zenanlary durmuşynda şeýle maksatly tutumlaryň, gözellikleriň, ynsanperwer häsiýetleriň emele gelmeginde, Magtymguly Pyragynyň ornunyň ulydygyny hiç kim inkär edip bilmez. Onuň döredijiligi halkymyzyň paýhas ylhamynda joşgun döretmegi, türkmeniň milli gymmatlyklarynyň derejesini has-da ýokarlandyrýar we belende göterýär.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Enä tagzym – mukaddeslige tagzym. – Aşgabat, 2018.
2. *Magtymguly.* Saýlanan eserler. – Aşgabat,1957.
3. *Magtymguly.* Saýlanan eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2014.
4. *Magtymguly.* Saýlanan eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2014
5. *Magtymguly.* Beýik şahyryň 225 ýyllygyna bagyşlanan makalalar ýygyndysy. – Aşgabat, 1959.
6. *Magtymguly.* Saýlanan eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2014.
7. *Magtymguly.* Saýlanan eserler. – Aşgabat, 2014.
8. *Magtymguly.* Saýlanan eserler ýygyndysy. – Aşgbat, 2014.
9. *Magtymguly.* Saýlanan eserler ýygyndysy. – Aşgbat, 2014.
10. *Magtymguly.* Saýlanan eserler. – Aşgabat, 1957.
11. *Magtymguly.* Saýlanan eserler. – Aşgabat, 1957.
12. *Magtymguly.* Saýlanan eserler. – Aşgabat, 1957.
13. *Magtymguly.* Saýlanan eserler. – Aşgabat, 1957.


## MAGTYMGULYNYŇ ESERLERINDE

# TÜRKMENIŇ TÖRESINIŇ – MILLI ÝOL-ÝÖRELGESINIŇ TESWIRI

**Alparslan Baýramow,**
**Kakajan Baýramow**

Türkmenistan döwletiniň Garaşsyzlygyny gazanmagy bilen, şan-şöhratly türkmen taryhynyň täze bir ähmiýetli sahypasy açyldy. Bu kerem-keramatly toprakda asyrlarboýy ýaşap gelýän gadymy hem müdimi halkymyzyň taryhyny, ýol-ýörelgelerini düýpli we ylmy esasda öwrenmekligi ündeýän alym Arkadagymyz, goja taryhyň alyslyklara uzap gidýän menzilleriniň içinde ägirt işleri bitiren, halallykda we agzybirlikde ýaşan, mertebeli, edermen, gahryman milletimiziň bu mübärek topragyň hakyky eýesidigini hem-de Türkmenistanyň türkmen halkynyň eziz Watanydygyny eserlerinde nygtaýar. Alym Arkadagymyz «Türkmenler dünýä medeniýetiniň genji-hazynasyna, medeni-ruhy ösüşine örän uly goşant goşan iň gadymy halklaryň biridir» [2, 84; 4, 8] diýip, adalatly belleýär.

Adamzat nesliniň ýaşaýyş ulgamynda medeniýetiň ähmiýetli orny bar. Her bir halka degişli bolan millilikleriň ählisi diýen ýaly umumylykda şol milletiň medeniýetiniň içine girýär, şol medeniýet hem oňa eýe bolan milletiň üsti bilen tanalýar. Türkmen medeniýeti diýlende, ata-babalarymyzyň bize miras goýup giden we türkmenleri beýleki kowumlardan aýratyn özboluşlylykda tapawutlandyrýan milliliklerimiz biziň aňymyza gelýär. Türkmenligimize ýaşaýyş güýjüni beren bu özboluşly milli aýratynlyklarymyza bolsa – taryhymyz, türkmen dilimiz, ýol-ýörelgämizdir milli törämiz, däplerimiz, dessurlarymyz, edim-gylymlarymyz, milli

dünýägaraýşymyz, dinimiz, milli sungatymyz we beýlekiler girýär. Bu milliliklerimiz bolsa iki sany esasy ene akabadan gözbaş alyp gaýdýar. Olaryň birinjisi, taryhyň has irki döwürlerinden bäri dowam edip gelýän türkmençilik, beýlekisi bolsa, türkmenleriň yslam dinini kabul etmegi bilen ülkämize gelen musulmançylykdyr.

Kitaplarda türkmençilige şeýle häsiýetnama berilýär: «Türkmençilik – halkyň, iliň-günüň bähbidini araýan demokratik düzgünlerdir. Türkmençilik – halkymyzyň öz milliligine mahsus demokratiýasydyr... Türkmençilik – gerçek bolup ýaşamagyň kada-kanunydyr...» [5, 288]. Türkmençilik milletiň her bir agzasyndan, döwletiň her bir raýatyndan ýaşaýan topragyny mukaddes saýmagy, ýüreginiň töründe ene topraga bolan söýgi duýgusyna orun bermekligi talap edipdir. Türkmenleriň musulmançylykdan öňki türkmençilik döwründäki ynanjy Gök Taňryçylyk dini bolupdyr. Taňryçylyk dinini türkmenler ilkinji asyl din hasaplapdyrlar. Bu dinde ildeşlerimiz asmandaky, gökdäki göze görünmeýän ýeke-täk beýik Taňra uýupdyrlar. Türkmençiligiň esasynda milli ýol-ýörelgämiz – Türkmen töresi ýatyr.

Beýik şahyrymyz Magtymguly Pyragy hem «Eýlär» atly şygrynda:

Ýaradanda uly Taňry,
Her kime bir gylyk eýlär.
Ýene «Geçer sen» atly şygrynda:

Aýralyk ýürekde derdi-dagyňdyr,
Toba kyl Taňryýa, ýigit çagyňdyr,
Ömrüň şugla ursa, ýürek ýagyňdyr,

Ýag tükener, peltäň söner, öçer sen –

diýmek bilen, beýik Taňryny ýatlaýar.

Halkymyzyň gadymy taryhly il-ulusdygynyň subutnamalarynyň biri hem, türkmen milletinde gadymy milli ýol-ýörelgäniň – Töräniň bolmagydyr. Türkmenlerde taryhyň has gadymy döwürlerinden bäri «Töre» (Orhon daş ýazgylarynda «Törü») atlandyrylan, halkyň ideal ynsanperwerlik ýaşaýyş ýörelgelerini özünde jemleýän hukuk we düzgün-nyzam düşünjesi bolupdyr. Töre – milletiň ýazga geçirilmedik, milletiň bitewiligini, agzybirligini, raýdaşlygyny, doganlyk-dostluk gatnaşyklaryny saklamaklyga itergi berýän durmuşy we ruhy ýörelgesidir. Türkmeniň ýaşaýşynyň islendik ugry milli ýol-ýörelgä – Törä bagly bolupdyr. Muny şeýle sanawda görkezsek ýerlikli bolar:

– Türkmen töresinde maşgala we terbiýe düşünjesi;

– Türkmen töresinde taýpa, boý, tire we olardaky milli raýdaşlyk düşünjesi;

– Türkmen töresinde millet, halk we il-ulus bolup agzybirlikde ýaşaşmak düşünjesi;

– Türkmen töresinde döwlet we döwleti adalatly edara etmeklik düşünjesi;

– Türkmen töresinde syýasat we uluslaryň arasynda hoşniýetli goňşuçylyk düşünjesi;

– Türkmen töresinde harby hünär, harby hereketlerde agzybir gulluk, sübaşynyň, öňbaşçynyň buýrugyndan hiç çykmazlyk;

– Türkmen töresine görä hukuk we «etgi» («etgu», kanun);

– Türkmen töresinde ahlak we ruhy tämizlik düşünjesi;

– Türkmen töresine görä ynsan düşünjesi we şahsyýet mertebesi;

– Türkmen töresine görä millete we Watana söýgi, dogduk watana wepalylyk düşünjesi;

– Türkmen töresine görä jemgyýetde hatynyň: enäniň, aýalyň we gyzyň hormatly orny;

– Türkmen töresinde milli däpler;

– Türkmen töresinde milli dessurlar;

– Türkmen töresinde milli ýaşaýyş durmuş parzlary;

– Türkmen töresinde il-ulusdaky agzybirligi, kanagatlylygy, raýdaşlygy, biri-biriňe bolan goldawy ündeýän wagyz-nesihat;

– Türkmen töresinde rugsat berlen zatlar;

– Türkmen töresinde gadagan edilen zatlar;

– Türkmen töresinde ynsanperwerlik düşünjesi;

– Türkmen töresinde hünärmentçiligi, senetçiligi, söwdany halal alyp barmaklyk we bu işler alnyp gidilende milli ýörelgä berk baglylyk;

– Türkmen töresini edebiýatyň we sungatyň üsti bilen wagyz etmeklik, ýagny törä görä sungat we edebiýat; [7, 1] we beýleki ugurlar. Türkmen töresinde edim-gylym, her kimiň öz ýerini bilmegi, ulynyň ulylygy, kiçiniň kiçiligi, kişä hormat we beýleki milli ýol-ýörelgeler möhüm etgiler bolupdyrlar.

Halkymyzdan çykan ynsanlar tarapyndan, taryhyň köp asyrlarynyň dowamynda Ýer togalagynyň dürli ýerlerinde, Aziýanyň, Ýewropanyň belli-belli böleklerini, Demirgazyk Afrikany öz çäklerine alan ululy-kiçili döwletleriň gurulmagynda hem türkmen töresi möhüm roly oýnapdyr. Garahany, Gaznaly, Beýik Seljuk türkmenleriniň, Anuşteginiler horezmşalarynyň, Akgoýunly, Garagoýunly türkmenleriň döwletiniň ildeşlerimizden bolan patyşalary hem milli ýol-ýörelgä uly üns beripdirler. Gaznaly türkmenleriň döwletiniň soltanlarynyň Garahanly türkmenleriň hanlary bilen biziň ene dilimizde resmi hat aragatnaşygyny alyp barandygy hem muňa bir mysaldyr.

Bu milli töräniň, ýol-ýörelgäniň ilat arasynda wajyp ähmiýeti bolupdyr. Onuň nä derejede wajyplygy şu mysallardan hem görünýär:

Ýazyjy ogly Alynyň «Seljuknama» [11. 272; 9, 179]. eserinde Oguz han atamyzyň nesillerine «Töre we ýol» goýup gidendigi şeýle ýazylýar:

Hanlar atasy Oguz han söýledi,
Beýle töre-ýol-u erkan eýledi,
Uşbu resmile wesýet kyldy ol,
Tä ola oglanlaryna Töre-ýol...
Diýdi: «Gaýy çünki soňra han ola,
Saga begler beg Baýat ondan ola.
Törämiz begler begi hem sol gola,
Şeýle gerekdir ki Baýyndyr ola.
Töre-ýu ýol-u agyrlamak dahy,
Uşbu tertip üzre ola eý ahy. *(ahy-dogan)*
Kim, Gaýy otura, ondan soň Baýat...

Il-ulsuň töresini gorap saklan, Gök Türkmenleriň guran ikinji döwletiniň meşhur hökümdary Bilge Kaganyň (716–734 ýý.) daş ýazgysynda şeýle sözler ýazylypdyr:

«...Milletim üçin gündiz oturmadym, gije uklamadym, jan aýaman meşgullandym. Başga ýerlere göçen we gutaran halky ýene ýurtlaryna topladym. Taňrynyň ýardam edendigi üçin, ölen milletimi direltdim. Çyplak halky geýindirdim, ýoksul halky gurply etdim... Eý, Oguz begleri, milleti diňläň! Üstde Gök basmadygy, astda Ýer dilinmedigi halda seniň Iliňi we Törüňi (Töräňi) kim bozar» [9, 156, 160].

Ýusup Has Hajybyň «Kutedgu bilik» («Kutadgu Bilik») [8, 3463–3464. b.] eserinde:

Bu kök tirgüki ol könilik Törü,
Törü artasa kök turumaz örü.
Törülüg bu begler ýok erse tirig,
Baýat buzgaý erdi ýiti kat ýirig.

Ýazgyda:

/Bu gögüň diregidir, gönülik Törü, *(dogrulyk, dürüstlik Töresi, adalatly Töre)*

Töre bozularsa Gök örüsinde *(ýerinde)* durmaz.

Bu Töre goýan begler dirilikde ýok bolsadylar,

Baýat *(Taňrynyň bir ady)* ýedi gat ýeri bozup taşlardy./ – diýlip, milletimiziň bu milli ýörelgesi teswir edilýär. Ýusup Balasagunly beýik Taňrynyň Töre bolan ülkä Gut iberýändigini «Kutedgu bilik» eserinde belläpdir.

Il-ulusyň Töresine, milli ýol-ýörelgesine uly sarpa goýan taryhy şahslaryň biri, türkmeniň beýik akyldary, tanymal alymy we gezende şahyry Magtymguly Pyragydyr. Ol döwrüniň görnükli alymy Döwletmämmet Azadynyň (1695–1760 ýý.) ogly, hem şägirt sopusy hem-de bilim-ylym beren talyby bolupdyr. Şahyryň kakasy, sopy alym Döwletmämmet Azady Magtymguly Ýonaçynyň ogludyr. Halk arasynda hormatlanyp, Garry molla atlandyrylan Azady «Wagzy-azat», Behiştnama, «Hekaýat» atly eserleri we bir topar goşgulary döreden alym-şahyrdyr.

Dana şahyr Magtymguly Pyragy öz şygyrlarynda Türkmen töresine baglylykda millete, Watana, beýik Taňra bolan söýgini, dogduk watana wepalylygy, agzybirligi, kanagatlylygy, halkyň biri-biriňe goldawuny we beýleki halk pentlerini wagyz-ne-

sihat edipdir, Türkmenistan diýaryny wasp edipdir; Beýik nusgawy şahyrymyz «Türkmeniň» atly şygrynda:

Alu-ýaşyl bürenip çykar perisi,
Kükreýip bark urar anbaryň ysy,
Beg, Töre, aksakal ýurduň eýesi,
Küren tutar gözel ili Türkmeniň –

diýmek bilen, begiň – hökümdaryň, Töräniň – milli ýol-ýörelgäniň, aksakalyň – Töräni aňynda göterip, halkyň arasynda ýöredip ýören ýaşulynyň ýurduň eýesidigini nygtapdyr. Pyragy «Geçdi diýdiler» atly şygrynda:

Bedew atly, bek kemerli, ýaragly,
Döwleti, zynaty malyna bagly,
Myhmanly bir ärdir, zatly, otagly,
Bir belent ordasy çaşdy diýdiler.

Magtymguly diýr, Türküstan töresi,
Bir goçakdyr ýeriň, suwuň seresi,
Ýygyn görki, ýow gününiň öresi,
Uşbu gara ýeri guçdy diýdiler –

diýmek bilen, şol döwürde dünýeden öten Öwez atly ähmiýetli bir şahsy, törelik mertebesine ýeten şahslara meňzedip, «Türküstan Töresi» atlandyrypdyr.

Töre goýan taryhy şahslaryň biri, «Olmasyn ki oturak ola siz, beglik (döwlet) türkmenlik we ýörüklik edenlere galar!» diýen Osman begdir. Ol taryhda örän uly giňişlige ýaýran, beýik şadöwletini döreden neberelerine türkmen töresini galdyrypdyr. Şol döwrüň türkmen töresini miras alyp, aňynda

göteren, Anadolynyň Akkyşla atly türkmen obasyndan bolan bagşy-şahyr Aşyk Meýdany Magtymguly bilen duýgy meňzeşligini teswirleýän «Türkmeniň»[10, 155] atly şygrynda:

Oguz han babasy, bozok soýundan,
Boz gyry, Aziýasy, çöli Türkmeniň.
Guzlaryň hasyndan, gaýy boýundan,
Hakykat töresi – ýoly Türkmeniň –

diýip ýazýar. «Men Türkmen äriýim, türkü söýlärin» [7, 1] atly şygrynda hem:

Akkyşla, Gömürgen gözel çewresi,
Haly dokar, kilim dokar ýöresi,
Meýdany bu Töre – Türkmen töresi,
Men Türkmen äriýim türkü söýlärin! –

diýmek bilen Türkmen Töresine bolan buýsanjyny beýan edýär. Kaýserili türkmenlerden bolan bagşy-şahyrlaryň biri Aşyk Mahrumy[7, 1] hem:

Töresine bagly ogludyr-gyzy,
Alma ýaňaklydyr, çakandyr gözi,
Oguzlardan geler temeli-özi,
Öz Türkçe konuşar dili Türkmeniň –

diýip ýazmak bilen, ildeşlerimiziň ählisiniň, şonuň ýaly-da, ogullarynyň, gyzlarynyň Türkmen Töresine mäkäm baglydyklaryny beýan edýär. Türkiýeli bagşy-aşyklarynyň şygyrlaryndan getiren bu mysallarymyz, dünýäniň dürli ýerlerinde ýaşaýan ildeşlerimiziň Türkmen Töresine çuňňur hormatlamak bilen, kalbynda orun berendiklerini görkezýär.

Şeýlelikde, asyrlarboýy milletimiz üçin Töre – ýörelgelik ýol goýlup gelnipdir. Ýusup Has Hajybyň «Kutedgu bilik» [8, 1458. b.] eserinde:

Törü edgu ur aý Törü birgüçi
Turu öldi isiz Törü urguçy.
(Aý Töre bergiçi, ur (ugurly, oňat) Töre etgin
Isiz (ugursyz, erbet) Töre urguçy öldi turur) –

diýip, Töre goýujylara nesihat edipdir. Türkmenleriň milli töresine baglylygy, olaryň başga bir halka garyşyp gitmän, haýsy döwürde ýa-da nirelerde ýaşasa-da, milliligini saklap galmagyna getiripdir. Töreleri hökümdarlar, han-begler, bilge-alymlar, aksakgallar öz aňlarynda göterip, ilat arasyna, halkyň durmuşyna ornaşdyryp gelipdirler. Bu mukaddes wezipäni ýerine ýetirmek miýesser eden asylzada kişileriň öz aňynda hem-de kalbynda milletiň ruhy we durmuşy ýörelgesini göterendikleri üçin, halk içinde olar «Töre» atlandyrylypdyr we olar hormat eýesi bolupdyrlar. Töreleriň orny öýüň ýa-da jaýyň «tör» diýlen we iň sarpalanylýan ýerinde bolupdyr. Geçmişde resmi binalaryň hem, öýleriň hem töri bolupdyr. Munuň şu döwrümize gelip ýeten yzlary günlerimizde, öýe gelen myhmanlaryň hormatlanyp, töre geçirilmegidir. Şahyr «Uçdum, ýaranlar» atly şygrynda:

Ol gara baglykda gördüm bir çemen,
Ajaýyp meýlisni gördüm enjimen,
Töre girip gördüm oturmyş çilten,
Salam berip, golun guçdum, ýaranlar –

diýmek bilen, keramat eýesi çiltene törde orun berýär.

Halk arasynda «Iliň, döwletiň Gutlulygy Törä baglydyr» diýilmek bilen, türkmençilik ýaşadylyp gelnipdir. Töräniň

kadalary, düzgünleri taryhy döwürlere, täze göçülip barlan geografik ýerlere görä giňäpdir. Köne döwürlerden bäri ilat arasynda «Töreli millet biri-birini söýüp gürlär, Töresiz millet biri-birine sögüp gürlär», «Töreli millet öre, Töresiz millet göre», «Bir ýurda iki Töre sygmaz» we beýleki görnüşlerdäki nakyllar ulanylyp gelnipdir.

Öňki döwürde millilik ýörelgeleriniň, şonuň ýaly-da töräniň gizlin gadaganlygy bolupdyr. Hatda, sowatly kişileriň ýok edilmegi bilen, halk «Töre» sözüni hakyky manysynda ulanmaklyga-da ýaýdanypdyr. Hakyky manysy unudylan «Töre» sözüniň manysy ýakyn taryh döwürlerinde üýtgäpdir. Hywa hanlygy zamanynda «töre» bir wezipäniňem adydy. Ilat arasynda bu adalga adam ady hökmünde-de ulanylýar. Bu adalganyň milli ýol-ýörelgäni aňladýan hakyky manysy ülkämizde ilat arasynda unudylyp, onuň ýerine «türkmençilik» adalgasy giňişleýin ulanylýardy. Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny gazanmagy bilen, bu ýagdaý düýbünden üýtgedi.

Garaşsyzlyk döwrümizde gadymy Türkmenistanda ýaşaýan, dünýä siwilizasiýasynyň ösüşine saldamly goşant goşan, umumadamzat ruhy-medeni gymmatlyklaryny döretmekde we baýlaşdyrmakda mynasyp orny bolan türkmen halkynyň medeni mirasyny ylmy taýdan çuňňur öwrenmek, taryhy, ruhy-medeni mirasymyzy wagyz etmek, taryhy-medeni gymmatlyklarymyz bilen halkara ylmy jemgyýetçiligini ýakyndan tanyşdyrmak, ýaş nesillerimize merdana ata-babalarymyzyň gymmatly ruhy-medeni mirasyna hormat goýmaklygy öwretmek hem-de Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ruhunda terbiýelemek maksady bilen, ildeşlerimizden bolan beýik şahsyýetlerdir alymlaryň, mukaddes ýerleriň we milli mukaddesliklerimiziň düýpli öwrenilmegi üçin, giň ýollar açyldy.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 5-nji tom. – Aşgabat, 2012.

3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. «Türkmenistanyň gadymy maddy medeniýeti we onuň dünýä medeniýetiniň ösüşindäki orny» atly halkara ylmy maslahatyna gatnaşyjylara. // Türkmenistanyň gadymy maddy medeniýeti we onuň dünýä medeniýetiniň ösüşindäki orny. Halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany. 2011-nji ýylyň aprel aýynyň 7–8-i. – Aşgabat, 2011.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* «Medeni miras – dünýäniň medeni we ruhy galkynyşlarynyň taryhyny öwrenmegiň çeşmesi» atly halkara ylmy maslahatyna gatnaşyjylara. // «Miras», №2 / 2008.

5. *Magtymguly.* – Aşgabat, 2008.

6. Kutadgu Bilig. – metin. Arat, R.R. – Ankara, 1979.

7. *Turan, Osman.* Türk cihan hakimiyeti mefküresi tarihi. 2 baskı. cıld 1. – İstanbul, 1978.

8. *Uğur, Ahmet.* Akkışla II. – Kayseri, 1991.

9. *Ýazyjy ogly Aly.* Seljuk Türkmenleriniň taryhy. I. – Aşgabat, 2004.

10. Magtymguly Pyragynyň kämil diwany. – Aşgabat, 2008.


## MAGTYMGULYNYŇ TÜRKIÝEDÄKI ILKINJI NEŞIRI


**Tahyr Aşyrow,**
**Serdar Maşarykow**


Hormatly Prezidentimiziň 2012-nji ýylyň 6-njy martyndaky «Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň 290 ýyllygyny belläp geçmek hakyndaky» Karary esasynda, 2014-nji ýyly Magtymguly Pyragynyň ýyly diýlip yglan edildi we onuň ýubileý toýy ýeke bir ýurt dereje-

sinde däl, eýsem dünýä derejesinde hem bellenilmek tabşyryldy. Şeýle hem, 2024-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň ýubileý toýy hormatly Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň başda durmagynda, giňden bellenilip geçiler.

Türkmen halkynyň ençeme müňýyllyklaryň synagyndan geçip, birkemsiz sünnälenen, ata-babalarymyz tarapyndan döredilen medeni we ruhy gymmatlyklary özünde jemleýän şygyrlar, aýratynam, akyldar şahyrymyz Magtymgulynyň halk diliniň ajaýyp nusgalaryny özüne siňdiren şygyrlarynyň çeper döredijilikde aýratyn orny bardyr.

Türkmen halkynyň beýik ogly, beýik akyldary hem milli şahyry Magtymgulynyň döredijiliginiň özboluşly taraplaryny ýüze çykarmakda onuň eserleriniň ýazylan döwürlerini, şol döwürleriň jemgyýetçilik aýratynlyklaryny anyklamak örän ähmiýetlidir. Şonuň bilen bir hatarda, beýik şahyryň golýazmalarynyň, nesilden-nesle geçip gelýän şygyrlarynyň alymlar tarapyndan neşir edilen nusgalarynyň bilinmegi hem, aýratyn möhüm meseledir.




Magtymguly Pyragy öz halkyna we bütin adamzada eden hyzmatlary bilen, türkmenleriň hem beýleki halklaryň kalbynda çuňňur orun alýar. Hakykatdan hem, Magtymgulynyň döredijiligi diňe Merkezi Aziýada we Russiýada ýokary baha mynasyp bolman, eýsem Ýewropada hem giňden tanalypdyr. Şeýle-de XIX–XX asyrlarda türkmen topragyna syýahat eden syýahatçylar hem öz işlerinde Magtymgulynyň ömri we döredijiligi barada gymmatly maglumatlary

ýazyp galdyrypdyrlar. 1863-nji ýylda Orta Aziýa syýahat eden wenger syýahatçysy Arminiý Wamberiniň (1832–1913) ýazan syýahatnamasynda («Bir sahte dervişin Asya-yı Vusta'da seyahati») [1] we türk syýahatçysy Mehmet Emin Efendiniň «Stambuldan Orta Aziýa syýahat» («İstanbul'dan Asya-yı Vusta'ya seyahat») atly kitabynda türkmeniň akyldar şahyry hakynda ýatlanylýar [2].

Özüniň köpugurly döredijiligi bilen dünýä alymlarynyň ünsüni çeken Magtymguly Pyragynyň döredijiligini öwrenmek, ýaş nesillere ýetirmek ugrunda uly hyzmatlary bitiren alymlaryň biri hem Şeýh Süleýmandyr. Dünýä meşhur alym, türkşynas Şeýh Süleýman Efendi çen bilen 1821–1822-nji ýyllarda Merkezi Aziýanyň çäginde dünýä inipdir. 1847-nji ýylda Merkezi Aziýadan Osmanly imperiýasynyň paýtagty bolan Stambul şäherine göçüp barypdyr. Alym bu barada «Lugaty Çagataý we Türki-i Osmany» atly eseriniň girişinde hem giňişleýin maglumat berýär [3]. Munuň bilen birlikde, şeýle alymlaryň biri-de bütin ömrüni ylma we ol gymmatly mirasy dünýä tanatmaga, neşir etmäge bagyşlan Molla Abdurrahman Niýazydyr. Ol Magtymgulynyň şygyrlaryny çap edip, Astrahan türkmenlerine ýetirmekde örän uly iş eden alymdyr. Türki dilleriň taryhynda öçmejek yz galdyran tanymal alym Niýazynyň doly ady Molla Abdurrahman Nurmuhammet ogly Niýazydyr (1855–1927). XIX we XX asyrlaryň sepgidinde ýaşan dilçi alym ömür ýolunda türki dillere we edebiýatyna degişli diýseň gymmatly işleri miras galdyrypdyr. Şolardan biri hem, alymyň Magtymgulynyň şygyrlaryny özünde jemleýän işidir [4].

Beýik şahyr Magtymgulynyň gymmatly mirasyny tirsegine galdyrmak, ajaýyp hazynalary dünýä ylmyna tanatmak maksady bilen, olary neşir etmek işine girişen Zeki Welidi Togandyr. Bu işe bolsa Magtymgulynyň döredijiligi bilen başla-

magyň maksadalaýyk boljakdygyny we onuň zerurdygyny şu sözler bilen beýan edýär: «Magtymgulynyň terjimehaly hakynda bar tapan maglumatymyz budur. Türkmenler arasynda bu hakda maglumat yazan bolsa, elbetde, edebiýat taryhymyza köp hyzmat eden bolardy» [5; 1].

Hormatly Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda Magtymguly Pyragynyň şygyrlar ýygyndysy dünýäniň köp dillerine terjime edildi. Şeýle terjimeleriň biri-de, dünýäde uly halklaryň biri bolan hytaý dilindäki terjimesidir [6, 7]. Şeýle-de, Magtymgulynyň goşgularynyň ençeme dillere terjime edilmegi, şahyryň eserlerini dünýä medeniýetiniň, edebiýatynyň derejesine çenli ýokary göterdi. Onuň eserleri umumadamzat ruhy we ylmy gymmatlyklarynyň ulgamyna goşuldy.

Beýik türkmen şahyry Magtymgulynyň şygyrlary barada gürrüň edilende, edebiýatyň taryhyny öwrenen birnäçe görnükli alymlaryň oňa beren bahalaryny, eden işlerini ýatlaman geçmek mümkin däl. Ine, şeýle alymlaryň biri-de, bütin ömrüni ylma bagyşlan Şeýh Muhsin Fanidir. Ol Magtymgulynyň şygyrlaryny çap edip, türk halkyna ýetirmekde örän uly iş eden alymdyr [8]. Zeki Welidi Togan Şeýh Muhsin Faniniň neşir eden eseri hakynda «Mahtumkulu Divany we Ýedi Asyrlyk Türkçe Bir Manzume, Şerh ve Tenkit Eden: Şeyh Muhsin Fânî» ady bilen bir makala yazýar [9].


مخدومقلی دیوانی

— ١ —

گونكل ایدور خلقدین قالیب / گیرسم داغلر داشلر یله
بازوقنی باده سالیب / بوزم بوسم یاشلار یله
هرکیم گورسم بر پیشه‌ده / منم گونكلوم اندیشه‌ده
کوه‌لر ایجره گوشه‌ده / اوتورسم آنجلر یله
قره دنیا آل ایجنده / آدمزاد خیال ایجنده
جهان غلمغل ایجنده / هرکیم یوز تلاشلر یله
اللهینك عشقنده مستلر / دوش گلمشز برمن دستلر
گونكل فرواز اورار دوستلر / دورمن یوز علاجلر یله
کوب کوبلر لمه اوبوردیم / بلدم نه ایش یتوردیم
بیکار قویعه عمر سخت / اوتیدیورسن اوعش بخت
دعا قیلیب سحر وقتی / تالش قلسم قوشلر یله
مخدومقلی توفیق آلسام / راز تاقسم قلیق قلسام
یوراك ایدور یولداش بولسام / دم چکن درویشلر یله

Türki dilleriň taryhynda öçmejek yz galdyran tanymal alym Şeýh Muhsin Faniniň hakyky ady Hüseýin Kazym Kadrydyr. Şeýh Muhsin Fani ady bilen tanalýan Hüseýin Kazym Kadry 1870-nji

ýylda Stambulda doglupdyr. Ömrüni türki dilleri içgin öwrenmäge bagyşlan dilçi alym Şeýh Muhsin Fani, 1934-nji ýylda Tarsus şäherinde aradan çykýar. XIX we XX asyrlaryň sepgidinde ýaşan dilçi alym, ömür ýolunda türki dillere we edebiýatyna degişli, diýseň gymmatly işleri miras galdyrypdyr. Şolardan biri hem alymyň Magtymgulynyň şygyrlaryny özünde jemleýän işidir.

Şeýh Muhsin Türkiýede Magtymgulynyň döredijiliginiň tanadylmagynda saldamly goşant goşupdyr. Ol Ýewropada okap, ylmy barlaglar geçiren döwürlerinde, türkmen edebiýaty, has takygy, Magtymgulynyň döredijiligi, içgin gyzyklanyp ugraýar.

Dilçi alym şol ýyllarda beýik şahyryň XIX asyrda wenger alymy A. Wamberi tarapyndan türkmen we nemes diline geçirilen şygyrlarynyň neşir edilen nusgalaryna gabat gelýär. Şonuň netijesinde, Türkiýäniň Stambul şäherinde Magtymgulynyň goşgular ýygyndysynyň düşündirişli we rejelenen neşirini «Mahdumkulu diwany» ady bilen 1921-nji ýylda Stambul şäherinde çap etdirýär. Şeýlelikde, şahyryň eserleri XX asyryň birinji çärýeginde türk okyjylaryna ýetirilipdir [8; 17–50].

Şeýh Muhsin Fani tarapyndan neşir edilen esere şahyryň 31 sany goşgusy dolulygyna, 10 sany goşgusynyň bolsa bentleri girizilipdir. Goşgular atlary boýunça tertiplenmän, eýsem sanlar arkaly düzülipdir [8; 17–50].

Hemme beýtleri ýerbe-ýer bolan goşgular: «Ar bile», «Harap eýlär», «Söhbet ýagşydyr», «Öňi-ardy bilinmez», «Duz hem bolmasa», «Aty gerek», «Çagdyr bu çaglar», «Aglaryn», «Salar guşun aňlamaz» [8; 17–50].

Goşgularyň bendi ýa-da setiriniň ýerleri çalşylanlary: «Ädejek sen» goşgusynyň ikinji bendi, «Sil galmaz» goşgusynyň üçünji bendiniň birinji bilen üçünji bentleri, «Ykbal bolma-

dy» goşgusynyň üçünji bendiniň ilkinji iki setiri, «Don gerek» goşgusynyň altynjy bendiniň birinji bilen ikinji setiri [8; 17–50].

Goşgulardan bentleriniň käbirleriniň bolmaýanlary: «Dag saýar» goşgusynyň üçünji we bäşinji bentleri, «Çilimkeş» goşgusynyň ikinji bendi, «Depe nedir, düz nedir» goşgusynyň dördünji bendi [8; 17–50].

Goşgulardan käbir setirleriniň bolmaýanlary: «Daşlar bile» goşgusynyň bäşinji bendiniň «Gümra bolup, ýol ýitirdim, Oturdym biweçler bile» diýen soňky iki setirleri, «Meýdan ýoluksa» goşgusynyň bäşinji bendiniň «Mert çykar myhmana güler ýüz bile», diýen üçünji setiri, «Ýar bizim sary» goşgusynyň birinji bendiniň «Gadam ýerne ganat baglap uçar men, Diýse dilber: «Aşyk, ýör bizim sary!» diýen üçünji we dördünji setirleri, «Päliň seniň» goşgusynyň birinji bentiniň bäşinji setiri, üçünji bendiň üçünji setirleri, «Don gerek» goşgusynyň ýedinji bendiň «Ýerlere baran gerek» dördünji setiri, sekizinji bendiň «Ajal geler oýda ýok, Görmek ýylda, aýda ýok, Hiç bir zatdan peýda ýok» birinji, ikinji we üçünji setirleri [8; 17–50].

Goşgulardan käbir sözleriň ýerine köp nokat goýlan ýerleri: «Boldum giryana» goşgusynyň birinji bendiniň ikinji setirinde «boldum giryana» sözüniň ýerine, «Başy gerekdir» goşgusynyň ilkinji bendiniň «Mert oldur ki, bola köňli rehimli, Göwresi giň gerek, özi pähimli» diýen birinji we ikinji setirleri, «Atamyň» goşgusynyň üçünji bendiniň üçünji setiriniň «Müňkür bilmez» diýen sözleri we dördünji bendiniň ilkinji iki setirinde, «Joşa ýet diň» goşgusynyň birinji bendiniň ikinji setiriniň «Sulbundan» diýen sözüň ýerinde, «Päliň seniň» goşgusynyň dördünji we bäşinji bentleriniň käbir ýerlerinde, «Çilimkeş» goşgusynyň ikinji bendiniň «Keýpi kellä gelse, aklyň azdyrar» diýen, ikinji setirinde, «Näme sen?» goşgusynyň dördünji bendiniň «ýa

kürsmi, ýermi» diýen, ikinji setirinde, «Arap dilli söwdügim» goşgusynyň dördünji bendiniň üçünji setiriniň «Gelen» diýen sözüniň ýerinde, «Sözi geçer janyndan» goşgusynyň ikinji bendiniň «Kesse aklyň ýagşy bilen ýamany» diýen, üçünji setiriniň hem-de dördünji bendiň dördünji setirindäki «asan» sözüniň ýerinde, «Depe nedir, düz nedir» goşgusynyň bäşinji bendiniň ikinji setiriniň «Mühannese ýol» diýen setirleriň ýerinde, «Sil galmaz» goşgusynyň ikinji setiriniň «göwde» diýen sözüniň ýerinde, «Yhsan kaýsy, bilinmez» goşgusynyň üçünji bendiniň «Halaýykda görelde ýok, görüm ýok, Baýlarynda sahawat ýok, berim ýok» diýlen setirler birinji bilen ikinji setirleriniň ýerinde, «Byragyň» goşgusynyň üçünji bendiniň «Sygyr sypatlydyr guýruk çykyşy» ikinji (üçünji) setiriň ýerinde, «Bir işe ulaşdy» goşgusynyň birinji bendiniň üçünji setirinde «berdi» sözüniň ýerinde, «Ili gözlär» goşgusynyň ikinji bendiniň «Ne bazygär jahandyr» üçünji setiriniň hem-de üçünji bendiniň «Kimler düýpden gallaçdyr, Kim parça, haly gözlär» diýen üçünji bilen dördünji setirleriniň ýerinde [8; 17–50].

Eseriň soňunda şahyryň on sany goşgularyndan bentler ýerleşdirilipdir. Olar şahyryň «Biwepalardan» goşgusynyň ilkinji üç bendi, «Bu dünýä» goşgusynyň ilkinji üç bendi, «Abat galsyn» şygyryň goşgularyny üçünjisi we dördünjisi hökmünde getirip, üçünjide ilkinji iki bendini, dördünjide bolsa, dördünji we bäşinji bentleri getirýär. Goşgunyň üçünji bendi bolsa getirilmändir [8; 17–50].

Şahyryň «Galmagaly neýlerem» goşgusynyň ilkinji bendiniň dört setirini, «Ölmesden burun» goşgusynyň ilkinji bendiniň dört setirini, «Şalyk bile» goşgusynyň ilkinji bendiniň dört setirini, «Göze myhmandyr» goşgusynyň üçünji we dördünji bendlerini, «Ne iş geler başymyza» goşgusynyň birinji we ikin-

ji bentiniň setirleri garyşdyryp getirilipdir. Şahyryň «At ýanynda bellidir» goşgusynyň birinji bendiniň ilkinji iki setirini, ikinji bendiň soňky iki setirini, birinji bendiniň soňky iki setirini, üçünji bendiň soňky iki setirini, dördünji bendiniň soňky iki setirini getirýär [8; 17–50].

Beýik akyldarymyzyň diwany hemişe-de alymlaryň üns merkezinde bolupdyr. Şeýh Muhsin Fani tarapyndan neşir edilen nusgawy şahyryň goşgular ýygyndysy bolan diwany, tutuş adamzat üçin terbiýe mekdebi hökmünde dünýäniň köp halklary tarapyndan giňden öwrenilendigini we ony okamaga uly islegleriň bolandygyny görkezýän ençeme saldamly ylmy işleriň biridir. Şeýle hem, 2024-nji ýylda beýik akyldar we şahyr Magtymgulynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny baýram etmäge badalga berilmegi, alymlara onuň döredijiligini düýpli we çuňňur öwrenmekde täze sahypany açar.

## EDEBIÝAT


1. *Wamberi A.* Bir Sahte Dervişin Orta Asya Gezisi. / Taý. N. Ahmet Özalp. - İstanbul, 1993.

2. *Mehmet Emin Efendi.* İstanbul'dan Asya-yı Vusta'ya Seyahat. Istanbul: Ewerest.

3. *Aşyrow T., Muhammedow G.* Magtymgulynyň Şygyrlary Türki Dilleriň Nusgasydyr. / Türkmen ruhunyň almaz täji: Magtymguly Pyragynyň 290 ýyllygyna bagyşlanan makalalar ýygyndysy. – Aşgabat, 2014.

4. *Aşirov T.* Divani Mahdumkulu Adlı Eser Üzerine. // International Journal Of Turkish Literature Culture Education. 6-njy goyberiliş. – Erzurum, 2017.

5. *Aşirov T.* Mahdumkulu'yu Anlamak: A. Z. V. Togan Örneği. – Uluslararası Türkçe Edebiyat Kültür Eğitim Dergisi. 6/2-nji goýberiliş. – Erzurum, 2016.

6. 米娜娃儿。马赫图姆库里诗集。北京出版社，2000.

7. 谢尔达尔•马沙里科夫。马赫图姆库里诗歌选编。新疆大学出版社, 2014.

8. *Şeýh Muhsin Fanî*. Mahtumkulu Divanı ve Yedi Asırlık Türkçe Bir Manzume. İstanbul: Kâğıtçılık ve matbaatçylyk anonim şirketi, 1340.
9. *Togan, Z. V*. Mahtumkulu Divanı ve Yedi Asırlık Türkçe Bir Manzume, Şerh ve Tenkit Eden: Şeyh Muhsin Fânî, İstanbul 1340. / Ter. T. Aşirov. – Uludağ Üniversitesi İ.F. Dergisi. 22-nji goyberiliş. – Bursa, 2013.

## GÜNDOGAR DANALARYNYŇ ESERLERINDE HÄSIÝET MESELESI

**Oguljemal Jumalyýewa**

Mähriban Arkadagymyz türkmen halkynyň edebi ägirtlerine hormat goýmak bilen, öz işlerinde: «Türkmen halkynyň ençeme alymlary, şahyrlary uzak asyrlaryň dowamynda öz köptaraply ylmy we ajaýyp çeper eserleri bilen türkmeniň adyny şöhratlandyrdy. Olar ylmy we çeper döredijiligi bilen dünýä medeniýetiniň ösüşine önjeýli goşant goşdular» [1; 36] diýip belledi we türkmen halkynyň taryhda yz goýan edebi şahsyýetleriniň ençemesiniň eserlerini halkara derejesinde geçirilýän ylmy-amaly maslahatlar, terjime işleri, ylmy makalalar arkaly dünýä ýaýmaga giň mümkinçilk döretdi hem-de türkmeniň söz medeniýetini baýlaşdyrmaga, giňden ösdürmäge ýardam etdi.

Türkmen halky özüniň asylly häsiýetleri bilen dilewarlykda, suhangöýlükde özüni gadymdan bäri tanadyp gelýän halkdyr. Oguz hanyň, Gorkut atanyň, Göroglynyň, beýik şahsyýetleriň atlary bilen aýdylýan dürli legendalaryň, rowaýatlaryň poemalaryň, dessanlaryň türkmen halkynyň häsiýetli aýratynlyklaryny, dilewarlyk sungatyny–edebi mirasyny baýlaşdyrmakda uly ähmiýeti bardyr. Gorkut atanyň öýme-öý, obama-oba aýlanyp, halkyň arasynda hormatlanýan şahsyýet hökmünde bitiren hyzmatlary, Oguz hanyň adyl syýasaty, Göroglynyň dilewarlyk

bilen iş ýöredişi, türkmen halkynyň aňyrdan gelýän adamkärçilikli, ata Watanyny, il-gününi söýýän, halkyň arasynda hemişe ýagşy arzuw-islegleri wagyz-edip ýören ynsanperwer halk bolandygyna şaýatlyk edýär.

Söz sungaty ähli döwrüň edebi gymmatlygy hökmünde baky ýaşaýar. Öňki döwürlerde türkmen halkynyň arasynda wagyz-nesihat işlerini köplenç halatlarda, metjit-medrese işgärleri, mollalar, şahyrlar, bagşylar, ozanlar, derwüşler ýerine ýetiripdirler. Halk olary sylapdyr, hormatlapdyr we olaryň halka täsiri uly bolupdyr.

Türkmen halky her bir zadyň aňrysynda gowulygy görmek isleýär. Pikirini ýagşy sözleriň üsti bilen ýüze çykarmaga çalyşýar. Başyna kyn gün düşende-de, «Bähbit bolsun!» diýip, ony gowulyga ýorýar. Bu bolsa halkymyzyň häsiýetli aýratynlyklaryny, söz edebini, ynsanperwerligini ýüze çykarýar. Ýazuwly edebiýatyň bolmadyk döwürlerinde, dilewarlaryň ähmiýeti örän ýokary bolupdyr. Şahyrlar, ozanlar halkyň arasynda dilewarlyk hyzmatyny ýerine ýetirmek bilen, hemişe halk bilen bile bolupdyrlar. Olar has owadan söze, ajaýyp pikire, asylly häsiýetlere ähmiýet bermek bilen, halkyň iň ýakyn göwündeşleri, maslahatçysy hökmünde hyzmat edipdirler.

Döwletmämmet Azadynyň, Magtymguly Pyragynyň, Keminäniň Mollanepesiň we beýleki ençeme söz ägirtleriniň edebi mirasy, türkmeniň ylmy nazaryýetiniň sözleýiş medeniýetiniň, edebiýatynyň, suhangöýlük sungatynyň taryhy kökleriniň uzakdan gaýdýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Dana söz ussatlarynyň biri Döwletmämmet Azady kyn döwürlerde ýaşandyklaryna garamazdan, adamlaryň ylymly-bilimli, edepli-terbiýeli bolmagyna, olaryň köpçülik ýerlerinde özlerini ýerlikli alyp barmaklaryna uly üns beripdir. Ylymly bolmagyň ähmiýetini Güneşiň nuruna deňäpdir. Ol oglan

okatmaklyk, mollaçylyk etmeklik bilen bir hatarda, hoş sözler, gowy pikirler bilen halka täsir etmegiň zerurdygyna düşünipdir we öz döwründe derwüşleriň ylymly, maksatly bolmaklygynyň ähmiýetine göz ýetiripdir. Şahyr özüniň «Wagzy–azat» eserinde bu meseläni giňişleýin ösdürýär, ündeýär, wagyz edýär.

Hoş sözli bolmak, manyly sözlemek baradaky dana pikirler şahyryň döredijiliginiň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Şahyr [2; 86].

Köňlüm içre owwala fikir eýlegil,
Fark edib ýakşy-ýamany söylegil,
Ger ýaman bolursa söz ýumgul dodak,
Ýagşy bolsa, diýseň ony ýagşyrak –

diýmek bilen, söz medeniýetiniň ähmiýetine uly üns bermek bilen, ýagşy gylyk-häsiýetleri ündäpdir we bu işde köpçüligiň söýýän adamlaryna, şahyrlara, bagşylara, ozanlara aýratynam, derwüşlere uly bil baglapdyr. Ýaşlary, halky dogry ýola ugrukdyrypdyr.

«Akyl gämisiniň» ussady Magtymguly Pyragy bu meseläni sungat derejesine ýetiripdir we atasynyň öňe süren häsiýet aýratynlyklaryny, wagyz – nesihat meselesini ösdürip, jemgyýetiň esasy wezipeleriniň birine öwrüpdir. Ol «Syr saklaýan mähekdaş, zer ýanynda bellidir», «Kümüşe mis goşsaň, zeňi bellidir» – diýmek bilen, adam häsiýetlerini biri–birinden tapawutlandyrypdyr. Elbetde, Magtymguly Pyragy söz sungatyny ösdürmekde örän uly iş bitiren ägirtleriň biridir. Şahyr zergär hökmünde zer sungatyna nähili aýawly çemeleşen bolsa, söz sungatyna-da şonuň ýaly çemeleşmelidigini ündäpdir. Zeri artykmaç sarp etseň, oňa aýawly garamasaň, ol özüne düşýän gymmatyny ödemeýär, bu mesele söz barada hem şeýle

– köpsözlülik esasy manyny ýitirýär, gark edýär. Şu nukdaýnazardanam şahyr artykmaç sözlüligi, ýaňralygy halamandyr. Magtymguly Pyragynyň «Ne bar manysyz söz uzamak bilen», «Akyl bolsaň söz aýtmagyl, nobat berilmegen ýerde», « Ýa lal otur, ýa dür saçgyl...», «Ýagşy söz tapmasaň otur sem bolup...», «Hak pygamber halk bizardyr, sözi ygtybarsyz ärden», «Asly adamzada ajy söz urma», «Hoş sözüň diý, gahryň gizle, sözläbilseň ýagşy sözle, halk ýamanyň bizarydyr» diýen ýaly adam häsiýetlerine, olaryň köpçülikde özüni alyp barşyna saýhally we ýerini bilip gürlemegiň, sözüň hiline, gymmatyna, ähmiýetine düşünmegiň, sarpa goýmagyň zerurlygyna nýetlenen ençeme setirleri halkyň arasynda aýdym bolup, paýhasly setirlere, nakyllara öwrülip, ýaşap gelýär. Şahyr:[3; 94]

Söz bilmeseň, bileniňi aýtmasaň,
Söz sözleýip, söz aslyna ýetmeseň,
Ýaý çekeňde dogry garap atmasaň,
Ol okuň nyşanaň ýanyna degmez –

diýmek bilen, sözüň fiziki güýjüne, sözüň gudratyna, sözüň gadyr-gymmatyna sarpa goýmak bilen, onuň örän bahaly zatdygyny we ony çem gelen ýere seçip ýörmeli däldigini aýdypdyr. Sözüň, pikiriň dogrudygyna göz ýetirip, manysyny seljerip, edil nyşana ýaý çekilişi ýaly, diňe öz ýerinde sözlemegiň zerurdygyny sargyt edipdir. Bu ýerde ok-ýaý söz manysynda, nyşan bolsa, pikiriň niýetlenen adamy, (adresat), auditoriýa bolmagy mümkin. Sözüň, pikiriň märekäniň ünsüni özüne çekmegi, oňa täsir etmegi üçin ony taraşlamaly. Şonuň üçinem şahyr çem gelen gepiň-gürrüňiň tarapdary bolmandyr we «Taraşlap, şaglatgyn, köňle geleniň, senden soňkulara ýadigär bolar» diýip, açyk aýdypdyr.

Şahyryň döredijiligine ser salyp, zer ussasy bilen söz ussadynyň bir zehine, bir yhlasa birigip döreden taýsyz eserleriniň

agramynyň ölçegsizligine göz ýetirmek kyn däl. Onuň «akyl gämisi» örän köptaraply bolup, durmuşyň ähli meselelerini öz içine alýar. Olar filosofik ýorduma baý we köp pikirlenmegi talap edýär. Oňa düşünmek üçin, onuň döwrüne, «derdine», filosofiýasyna düşünmeli. Şonuň bilen bir wagtda-da, şahyryň altyna gaplaýmaly setirleri ýeňil kabul edilýär we biziň her birimize düşnükli. Munuň sebäbini onuň eserleriniň halkyň teşneligini gandyrýanlygy, halkyň ýüregine ýakynlygy, olaryň halkyň, aýratynam, ýaşlaryň arasynda höwes bilen ýat tutulýanlygy – eserleriň türkmen edebi dilinde döredilendigi bilen-de düşündürse bolar. Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy diňe bir türkmen edebiýaty üçin däl, eýsem dünýä edebiýaty üçinem egsilmez hazynadyr.

Asyrlaryň dowamynda söz medeniýetiniň mekdebi, edep-terbiýäniň gönezligi hökmünde halka hyzmat edip gelen bu eserleriň ähmiýeti örän ýokarydyr. Dilewar, halka ýolbaşçylyk edýän tire-taýpa baştutanlary, goşunbaşylar, oba ýaşululary halky agzybirlige, bir döwletlilige çagyrmak, ynandyrmak, oňa täsir etmek üçin, her bir işde Magtymguly Pyragynyň eserlerine ýüzlenipdirler. Elbetde, döwür-döwran üýtgäp, Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüne gadam basylan hem bolsa, bu gymmatly söz hazynasy özüniň bahasyny ýitirmeýär we häzirki döwürde bu eserler halkara derejesinde has-da giňişleýin öwrenilýär.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň belentliklerine tarap. Saýlanan eserler: 1-nji tom. – Aşgabat, 2010.

2. Türkmen edebiýadynyň taryhy. 2-nji tom. – Aşgabat, 1982.

3. Magtymguly. Saýlanan eserler ýygyndysy. 1-nji tom. – Aşgabat, 2014.

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖWRI WE TARYHY ŞAHSYÝETLER

**Paşaguly Garaýew**

Belli bir ýazuw çeşmeleriniň we arhiw maglumatlarynyň ýetmezçilik etmegi, türkmen nusgawy şahyrlarynyň, esasan-da XVIII–XIX asyrlarda ýaşap geçen şahyrlaryň ömür beýanyny anyklamaga doly mümkinçilik bermeýär. Munuň, elbetde, ençeme sebäpleri bar. Muny türkmen halkynyň belli bir merkezileşdirilen döwletiniň bolmanlygy we ilata baştutanlyk eden adamlar tarapyndan ýyl ýazgylarynyň nesilşalyklar hereket edýän ýurtlardaky ýaly ýöredilmänligi, arhiw işiniň bolmazlygy ýaly ýagdaýlar bilen hem düşündirip bolar. Şeýle-de bolsa, şol döwürlerde ýaşan taryhy şahslar, şol sanda, nusgawy şahyrlaryň öz ömür beýanlary baradaky maglumatlaryndan, olaryň ýazyp galdyran eserlerinden tapmak bolýar we olary beýleki arhiw çeşmeleri we ýol ýazgylary, jahankeşdeleriň ýatlamalary bilen deňeşdirip, belli bir taryhy döwürleri kesgitlemek bolýar.

1747-nji ýylda Nedir şa öldürilenden soň, Persiýada ýurt dargamaga başlaýar. Owganystanyň çäklerinde Nedir şanyň ozalky serkerdesi, asly owgan milletinden bolan Ahmet şa Dürrany öz döwletini döredýär [1, 20–24]. Ahmet şa Dürrany 1747–1773-nji ýyllarda şalyk sürüpdir. Owgan taryhçysy Mir Gulam Muhammet Gubar Ahmet şa Dürranyny Owganystan döwletiniň atasy, ýagny şonuň düýbüni tutan adam hasap edýär [5, 142–181].

1754-nji ýylyň 6-njy awgustynda ýazylan permanynda, Ahmet şa öz kabulhanasynda bolan türkmen kethudalarynyň we serdarlarynyň 28-siniň adyny tutup geçýär. Olaryň arasynda taryhy çeşmelerde mälim bolan belli şahsyýetleriň köpüsiniň ady tutulypdyr, hususan-da, Nedir şanyň döwründe onuň goşunynda

serkerdelik eden, gökleňleriň serdary Hanaly hanyň, Magtymguly Pyragynyň «Döwletalynyň» atly goşgusyny bagyşlan Döwletaly hanyň, ýomutlaryň XVIII asyrda ady belli, taryha giren tanymal serkerdeleri, uşak tiresinden bolan Muhammedaly hanyň, Begenjaly hanyň we beýlekileriň atlary bar [4, 20–23].

Türkmenler owgan şasy Ahmet Dürrany bilen hem dostlukly gatnaşykda bolupdyrlar. Magtymguly «Arşy aglaýa» atly goşgusynda şeýle belleýär:

Ýa Ahmet şa, ýerde ýaýylyp çawyň,
Adyň asman gider arşy aglaýa,
Gelen nökeriňdir, gelmeýen awyň,
Beýiklik zinesin kyl paýa-paýa.

«Çowdur han üçin» diýen goşgusynda hem Magtymguly Ahmet şany ýatlap geçýär.

Ahmet patyşadan habar almaga,
Umyt etdi iller Çowdur han üçin,
Sag-salamat baryp, gaýdyp gelmäge,
Oňmady ykballar Çowdur han üçin.

Şol galagoply günlerde gökleňlerde Çowdur han öňe saýlanyp, öz iline ýolbaşçylyk edipdir. Ol Owgan şasy Ahmet şa bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goýmak maksady bilen Owganystana giden adam näbelli sebäplere görä ýitirim bolýar. Bu barada Magtymguly özüniň ýokarda agzalyp geçilen goşgusynda şeýle ýazyp beýan edýär:

Yzyňda boldular il intizaryň,
Umyt bilen gezdi Annahal ýaryň,

Atanazar boldy çekerge zaryň,
Gözleý-gözleý ýollar Çowdur han üçin.

Etrek-Gürgende tä 1758-nji ýyla çenli türkmenleriň terbiýesini alan Muhammethasan han hökümdarlyk edýär. Ol türkmenleri goldapdyr. Bu döwür barada Magtymguly özüniň «Aly siziňdir» atly goşgusynda şeýle ýazýar:

Sür, Feth serdar ogly, geleýdir wagt,
Ýene bu döwranlar-aly siziňdir...
Dag kimin deprenmez, derýa dek dönmez,
Ähli ýomut-gökleň ili siziňdir.

Şu günlere çenli diýen ýaly, käbir taryhçylar Magtymguly «Aly siziňdir» diýen goşgusyny Eýranda patyşalyk eden gajar nebereleriniň serdarlarynyň biri Fathala bagyşlap ýazandyr öýdýärler. Fathaly şa türkmenler bilen duşmançylykly syýasat alyp barypdyr. Goşguda agzalýan Feth serdar Nedir şanyň gurnamagynda, şa Tahmasp II tarapyndan 1726–1727-nji ýyllarda öldürilen Fathaly hanyň ogly Muhammethasan han gajar bolup, ol 6–7 ýaşyndan tä ömrüniň ahyryna çenli türkmenleriň arasynda ýaşapdyr. Ol türkmenlere we gajarlara daýanyp, 1746-njy ýylda Astrabat we Mazenderan welaýatlaryny basyp alýar. Eger sowet döwründe ykrar edilen hasaplamalara görä, Magtymgulyny 1733-nji ýylda doglan hasap edilse, ol «Aly siziňdir» diýen goşgusy ýazardan has ýaş hasap ediljekdi. Şol wakalar bolanda Magtymguly, öňki senä daýansak, 13 ýaşynda bolmaly bolýar, eger soňky senä, 1724-nji ýyla esaslansak, ol 22–23 ýaşly adam bolýar. Şol ýaşda Magtymguly şeýle syýasy wakalara syn berip biljekdi.

Magtymgulynyň XIX asyryň başlarynda heniz ýaşandygy barada birnäçe çaklamalar bar. Meselem, 1895–1913-nji ýylar-

da neşir edilen «Zakaspiýskoýe obozreniýe» gazetiniň redaktory we neşirçisi K. M. Fýodorowyň «Türkmenlerde saz sungaty» atly makalasynda biz ilkinji gezek taryhymyz üçin örän möhüm seneleriň ikisine gabat gelýäris. Türkmen bagşylarynyň meşhur türkmen şahyrlarynyň goşgularyna aýdymlary aýdýandygyny nygtamak bilen, Fýodorow şolaryň içinden iň meşhur nusgawy şahyr Magtymgulynyň mundan 100 ýyl ozal ýaşap geçendigini habar berýär [3]. Şol habara esaslansaň, onda Magtymguly Pyragy takmynan, 1808-nji ýyllar töweregi aradan çykan bolmaly. Bu bolsa Magtymgulynyň XIX asyryň başlarynda aradan çykandygy baradaky çaklamalaryň üstüni ýene bir delil bilen ýetirýär. Türkmen nusgawy şahyry Magtymgulynyň XIX asyryň birinji ýarymynda ýaşandygyny akademik W.W. Bartold hem öz işlerinde ýatlap geçýär [2, 572–575]. Magtymgulynyň haýsy ýyllarda ýaşap geçendigi baradaky çaklamalar häzirki wagtda-da alymlaryň üns merkezinde galýar. Emma bu seneleri tassyk edýän taryhy subutnamalar bolmanyndan soň, olar çaklama bolmagynda hem galýarlar. Muňa garamazdan, şahyr baradaky her bir taryhy sene we maglumat onuň ýaşan döwrüni we döredijilgini öwrenmekde möhüm çeşmedir.

## EDEBIÝAT

1. *Аннанепесов М.* Махтумкули и его время. – Ашхабад, 1984.

2. *Бартольд В.В.* Сочинения. том V. Работы по истории и филологии тюркских и моногольских народов. – М., 1968.

3. Газета «Закаспийское обозрение», 1908, 15 октября, № 234.

4. *Мередов Ашырпур.* Письма-фирманы Ахмед шаха Дурраны туркменам. // Изв. АН ТССР. Сер. обществ, наук. 1977, № 5.

5. *Мир Гулам Мухаммед Губар.* Ахмед шах основатель афганского государства. – М., 1959.

6. *Магтымгулы.* Сайланан эсерлер. – Aşgabat, 1983.

# MAGTYMGULYNYŇ EDEBI MIRASYNDA YNSAN TAGLYMATY WE YNSANPERWER GARAÝYŞLAR

**Muhammet Jemilow,**
**Gülälek Annaýewa**

Köpasyrlyk taryhy bolan türkmen halky şöhratly taryhy, taryhy şahsyýetleri we milli mirasy bilen dünýä jemgyýetçiliginiň arasynda mynasyp orun tutupdyr. Şonuň üçin halkymyzyň bu gymmatlyklary hemişe adamzady kämillige çagyryjy güýç hökmünde uly ykrarnama eýe bolýar.

Berkarar döwletimizde halkymyzyň baý edebi mirasyny öwrenmäge giň mümkinçilikler döredilip, Magtymgulynyň edebi mirasy nesillerimiz üçin terbiýeleýjiligiň, ösdürijiligiň, bilim berijiligiň we ylmylygyň gözbaşynda goýulýar. Bu bolsa Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe häzirki zaman türkmen jemgyýetini kemala getirmekde gymmatly ýol-ýörelgä öwrüldi.

Türkmen halky öz beýik ogullaryna, şahsyýetlerine, söz ussatlaryna uly hormat bilen garaýar, olaryň ylmy işlerini, edebi mirasyny we galdyran merdana ýol-ýörelgelerini öwrenip, nesillerimiz üçin nusgalyk mekdebe öwürýär.

Türkmen halkynyň şan-şöhratyny has-da beýgeldýän akyldarlaryň, söz ussatlarynyň biri-de, türkmeniň akyldar şahyry Magtymguly Pyragy bolup, halkymyz onuň berkarar döwlet baradaky pikirlerine uýup, millet hökmünde özüniň bir bitewüligini saklap galmagy başarypdyr.

Üç asyra golaý wagtyň geçendigine garamazdan, şahyryň döredijiligi ynsan ýaşaýşynyň şahyrana ensiklopediýasyna öwrülmek bilen, halkyň aňynda, ruhy dünýäsinde uly orny

eýeleýär. Akyldar we onuň edebi mirasy, terbiýeçi-mugallym hökmünde döwürdeşlerini ýagşylyga, wepalylyga, ýagşy gylyk-häsiýetlere ündemek bilen, ähli göwünlere, ähli döwürlere paýhas paýlamak babatynda türkmen halkynyň ahlak ölçegine öwrüldi. Halkymyzyň we dünýä jemgyýetçiliginiň belent hormatyna, sarpasyna we söýgüsine öwrülen Magtymguly Pyragynyň ady, ynsan kalbynyň töründe uly orna eýe boldy. Söz ussadymyzyň döredijilik dünýäsi ynsan we onuň durmuş ýörelgesi hem-de estetikasy bilen berk baglanyşyklydyr. Şahyryň şygryýetiniň özenini halkymyzyň özbaşdak, berkarar döwletlilik, bagtyýar durmuş, agzybirlik, abadançylyk baradaky mukaddes arzuwlary düzýär.

Gahryman Arkadagymyz: ***«Mähriban türkmen topragymyzyň hakyky watançysy, joşgunly we şirin zybanly Magtymguly Pyragynyň şygyr diwanlary nesillerde watansöýüjiligi, ynsanperwerligi terbiýelemekde gymmatly ruhy çeşmedir»*** [1, 21] diýip nygtaýar.

Magtymguly Pyragynyň şahyrana dünýäsi türkmen halkynyň edep-ekramynyň, ruhy-ahlak gymmatlyklarynyň, edim-gylymlarynyň kämil çeşmesi bolup durýar. Şahyryň baý eserleri hemişe bakylyk ummanyna tarap akyp ýatan durmuş kimin köptaraplaýyn we joşgunly. Magtymguly Pyragynyň ynsanperwer garaýyşlary ynsanyýeti hemişe kämilligiň, bütin adamzada söýginiň, ählumumy sazlaşygyň dogry ýoluny salgy berýär.

Şahyryň edebi mirasynyň özeninde ynsanyň çeper keşbi durýar. Ol ynsanda oňat häsiýetleri terbiýelemegiň ýollaryny salgy berip, diliň dürli çeperçilik serişdelerinden ussatlyk bilen peýdalanyp, ýagşyny ýamandan açyp görkezýär hem-de ynsany kämil çeper keşpde görkezmäge çalyşýar.

Kämil (ideal) – munuň özi kämillik, gözellik baradaky düşünje, göz öňüne getirme ajaýyp arzuwdyr [5, 11]. Şonuň üçin şahyr kämil ynsany öz şygyrlarynyň sakasynda goýup, ony il-halka nusga edip görkezýär. Magtymguly jemgyýetde birek-birek bilen gatnaşyk barada söz açanda, ilkinji nobatda, jemgyýetde adamy dürli ugurlar arkaly taýýarlamagy öz öňünde maksat edip goýýar.

Beýik söz ussadynyň döredijilik dünýäsi nesiller üçin ähli-taraplaýyn kämillige çagyryş bolup ýaňlanyp, onuň eserleriniň many-mazmuny ylmy-nazary we ylmy-filosofik häsiýete eýedir. Şahyryň şygyrlarynyň süňňünde şahyrana gahrymanyň üsti bilen bir döwür üçin däl-de, eýsem ähli döwürler üçin kämilligiň gözlegi beýan edilýär.

Ynsanperwerlik ýörelgeleri, türkmeniň ruhy-ahlak gymmatlyklary, akyldaryň döredijilik dünýäsiniň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Bu barada Gahryman Arkadagymyz: ***«Ynsanperwerligiň, watansöýüjiligiň, ruhubelentligiň, bitewiligiň, agzybirligiň aýdymy bolup ýaňlanýan Magtymguly Pyragynyň şygyrlary her bir ynsanyň köňül nagşydyr»*** [1, 27] diýip belleýär.

Şahyryň eserlerinde türkmen we türkmençilik düşünjesi ör-boýuna galyp, onuň gözbaşynda türkmen halkynyň asyrlarboýy watansöýüjilik, ynsanperwerlik, il-güne hormat, ene topraga söýgi ýaly ajaýyp häsiýetler ynsanda terbiýelemek ýaly meseleler durýar. Şonuň üçin şahyryň *«Gerçe nesihatdyr illere sözüň...»* [7, 439] ýaly goşgy setiri, öwüt-ündew, nesihat arkaly bütin halkymyzda watansöýüjilik duýgulary kemala getirmekde, ynsanperwerlik ruhunda terbiýelenmekde örän ähmiýetlidir.

Magtymguly Pyragynyň döredijilik dünýäsi ynsan üçin kämilligiň esasy binýady bolup durýar. Şahyr diliň çeperçilik se-

rişdelerinden ussatlyk bilen peýdalanyp, realistik we romantik gahrymanlaryň atlaryny, olaryň öňe süren garaýyşlaryny ebedileşdirip, ynsanyň tebigat, jemgyýet we ynsan bilen gatnaşyklaryny açyp görkezýär. Bu bolsa türkmen halkynyň ruhy-ahlak gymmatlyklary, şeýle-de watansöýüjiligiň beýik nusgalary terbiýelemekde uly orna eýedir. Şeýle terbiýeleýjilik äheňli pikir ýöretmeleri şahyryň:

Ol merdiň ogludyr, mertdir pederi,
Görogly gardaşy, serhoşdyr seri... –

ýaly setirlerinde aýdyň beýanyny tapypdyr.

Magtymgulynyň eserlerindäki çeper keşpde ynsanyň belent mertebesine uly hormat goýlup, onuň ynsanyýetçilik duýgularynyň kemala gelmeginde şahsyýetiň orny kesgitlenilýär.

Şahyr jemgyýetde özüňi alyp barmak kada-kanunlaryny romantiki we realistik durmuş arkaly biri-birine gapma-garşy keşpler goýmak bilen, çeper diliň üsti bilen açyp görkezýär. Ynsan terbiýesi ynsanperwerlik häsiýetini ýagşyny ýaýyp, ýamany ýapmagy, ejizi goldamagy durmuş ýörelgesiniň baş şerti hasaplaýar. Durmuşda iliň öňüne düşýän, köpüň adamy bolmagy üçin, ozaly bilen, özüň kämil derejede bolmaly. Köpçülige nusga, il ogly bolmazdan, söz arkaly berýän öwüdiň ynsana täsir etmeýändigi şahyryň döredijiliginde:

Owwal, Magtymguly, özüň düzetgil,
Özüňki sen özgelere göz etgil,
Az iýgil, az ýatgyl, sözüň az etgil,
Ne bar manysyz söz uzamak bilen –

diýen setirler arkaly halka ýetirilýär.

Ynsan, ynsanyýetçilik baradaky şygyrlarynyň özeninde adamzat gymmatlyklaryny şygyrlarynda baýdak edinen Magtymgulynyň ynsanperwer garaýyşlary estetiki häsiýetler bilen baýlaşdyrylyp, halkylyk duýgusyna ýugrulandyr. Ol ynsanyň ahlak keşbiniň möhüm häsiýeti hökmünde ruhy dünýäsiniň gözel, sada, mertebesi belent, belent başynyň buýsançly bolmalydygyny, halkyň hem ýurduň bähbidini öz bähbidinden ýokary tutmalydygyny ündew edýär.

«Pikir derýasyna akyl gämisin: batyran» akyldar:

Ýagşynyň köňlünde kine az bolar,
Ýamanyň her günde uruşyn görüň!...

Ýa-da:

Süleýman sen, mura bir gulak goýgul,
Sözüni diňlegil, jogabyn aýgyl... –

ýaly şahyrana setirleriniň üsti bilen adamlaryň biri-birine rehimli, jemgyýetde görkezen göreldesi bilen, özüni tanadýan, ejize hossar, ýalaňaja don, aja nan berýän rehimdar ynsanyň çeper keşbini ussatlyk bilen janlandyrypdyr.

Şahyryň watansöýüjilik ýörelgeleri türkmen halkynyň asyrlarboýy akyl eleginden geçip, ruhuna siňen mertlik, merdanalyk, ar-namyslylyk, kalby päklik, ula-kiçä ýürekden hormat goýmaklyk, wepadarlyk, hoşniýetlilik, pähim-paýhaslylyk, salyhatlylyk, howandar bolmak ýaly ajaýyp häsiýetlerde jemlenýär:

Ýetimi göreňde, güler ýüz bergil,
Goldan gelse, oňa tagam-duz bergil,
Bir gamly göreňde, şirin söz bergil,
Entäni goldara hemaýat ýagşy.

Magtymguly Pyragynyň watançylyk ýörelgeleri ýaşlary döwrüň talaplaryna laýyklykda kämillige çagyrmakda uly orna eýedir. Hut şu ugurdaky işleri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe doly derejede durmuşa geçirmekde Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan kemala gelen ajaýyp eserleri örän ähmiýetli bolup durýar. Sebäbi Gahryman Arkadagymyz öz eserlerinde Magtymgulynyň we beýleki beýik şahsyýetleriň, alymlaryň atlaryny getirmek bilen, olaryň döredijilik dünýäsiniň gymmatyny açyp berýär.

Türkmenistanda XVII–XVIII asyrlarda öz döredijiliginde terbiýelemegiň baý tejribesini jemläp, edebiýatçy, pedagog we psiholog hökmünde-de il içinde tanalan Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde çagalaryň we ýetginjekleriň ýaş aýratynlyklaryna görä, terbiýeçilik ähmiýetli goşgulary-da uly orna eýedir. Akyldaryň «Nahana geldi», «Ýaşynda», «Don gerek», «Joşa ýetdiň», «Düşen günlerim» ýaly ençeme goşgularynda ynsan ömrüniň dürli ýaşlardaky döwürleri aýratynlykda häsiýetlendirilýär. Şahyr çaga dünýä inenden, ol çaganyň ösüş psihologiýasyny, fiziologiýasyny, adatlarymyzy şygyrlarynda görkezýär:

Ýaşdyň, ele ulaşdyň,
Ýörip, ýola ulaşdyň,
Sözläp, tile ulaşdyň,
Nan iýdiň, aşa ýetdiň.

Ýediňde mekdep gördüň,
Okadyň, ýoluň bildiň.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda (rejelenen görnüşe) kabul edilen «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna [2], 2021-nji ýylyň 8-nji ýanwarynda kabul edilen «Türkmenistan-

da ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» [3], 2021-nji ýylyň 5-nji iýunynda kabul edilen «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (rejelenen görnüşi) [4] we ýaşlar syýasaty çygryndaky hereket edýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda, ýaşlarymyzyň döwrebap ruhda terbiýelenmegi döwrüň wajyp meselesi hökmünde kesgitlenilýär. Hususan-da, «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» bellenilişi ýaly, «Ýaş nesilleri ýüzýyllyklaryň dowamynda halkymyz tarapyndan döredilen milli ruhy gymmatlyklaryň esasynda terbiýelemek, Watanymyzyň ýeten derejesine buýsanýan, jemgyýete wepaly, zähmetsöýer, ylymly-bilimli, kämil tehnikalardan, ösen tehnologiýalardan ussatlyk bilen baş çykarýan, ýurduň hemmetaraplaýyn ösüşine mynasyp goşant goşýan kämil şahsyýetler hökmünde kemala getirmek, Türkmenistanyň Prezidentiniň alyp barýan döwlet syýasatynyň möhüm ugry bolup durýar» [3]. Bu babatda Gündogaryň beýik akyldary, nusgawy şahyr Magtymguly Pyragynyň filosofik garaýyşlary ýaş nesli ählitaraplaýyn kämillige çagyryjy güýje eýedir. Şonuň ýaly-da, «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde ýaş nesle bilim bermegiň aýrylmaz bölegini terbiýelemegiň esasy ugurlary, ýagny ruhy-ahlak terbiýesi, raýat-watançylyk terbiýesi, harby-watançylyk terbiýesi, durmuş terbiýesi, medeni-taryhy terbiýe, sagdyn durmuş ýörelgesiniň terbiýesi hökmünde kesgitlenilýär [4]. Bu bolsa nesilleri kämil ruhda terbiýelemegiň aýdyň ýol-ýörelgesi bolup, bu babatda şahyryň döredijiliginiň içinden hem eriş-argaç bolup geçýär. Ony şahyr goşgy setirlerinde belläp geçýär:

Magtymguly, söz binýadyň,
Agzynda ýakynyň ýadyň,

Hünär ýok, söz bilen adyň,
Halk içinde belli görner.
Ýa-da:

Ýigit oldur – il üstünde,
Janyn berse din üstünde,
Goç ýigitler il üstünde,
Namys bilen ar gerekdir.

Köp asyrlaryň dowamynda kemala gelen türkmen pelsepesini, kalbynyň owazyny, isleg-arzuwlaryny dünýä ýaýan beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň agzybirlige, jebislige, ynsanperwerlige çagyrýan ajaýyp şygyrlaryny halkymyz ruhy ýörelge, durmuş kanuny hökmünde kabul edipdir. Türkmen topragynyň hakyky watançysy, joşgunly waspçysy Magtymguly Pyragynyň köňül kelamyndan kemala gelen şygyrlary häzirki zaman türkmen jemgyýetimizi ruhy kämillige, ahlak sagdynlygyna, halkymyzyň watansöýüjiligini, erkinligini, bitewüligini, agzybirligini, ýokary adamkärçilik sypatlaryny wasp edýän belent çagyryş bolup ýaňlanýar.

Magtymguly gözellik duýgusynyň tebigy kämilligine ýetmek bilen, goşgularynda çeper keşp görnüşinde ynsanlara ýokary ahlak häsiýetlerini, ruhy päkizeligi, estetiki gözelligi salgy berýär. Ynsanyň ahlak häsiýeti we garaýyşlary, durmuşda özüňi dogry alyp barmagyny, gylyk-häsiýetini, edep-ekramyny, terbiýesini, tertibini beýan edýän çäkler we kadalar bolup, adamlaryň biri-birine nähili hormat goýýandygy, onda jemgyýete, Watana, maşgala gatnaşyklaryna nähili garaýandygy ýüze çykýar. Ýokary ahlaklylygyň nusgasyny we ony dünýä ýaýyjy Magtymgulynyň şygyrlarynyň özenini düzýän kämil şahsyýeti kemala getirmek, ynsanperwerlik ýörelgelerini

ündemek baradaky pikirler biziň döwrümizde hem öz ähmiýetini ýitirmeýär.

«Tutuş bir milletiň ruhy hem akyl keşbi, görnüşi» [6, 32] bolan şahyryň goşgulary jemgyýetde adamy ahlak halallyga, adalatlylyga, ynsanperwerlige, ruhubelentlige eltýän ýollary salgy berýär. Şahyryň pelsepewi äheňlere ýugrulan öwüt-ündew häsiýetli şygyrlary adamyň paýhas duýgusyna, aň-düşünjesine täsir edip, ýagşy ýollara atarýar, halky kämillige çagyrýar.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – Aşgabat, TDND, 2014.
2. «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakyndaky» Türkmenistanyň Kanuny, // «Türkmenistan» gazeti, 2 sentýabr, 2022.
3. «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy». 2021-nji ýylyň 8-nji ýanwary.
4. «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (rejelenen görnüş). // «Türkmenistan» gazeti, 10 iýun, 2021.
5. *Gylyçdurdyýew A*. Estetiki ideal we täze adam problemasy. – Aşgabat, 1970.
6. *Ödäýew O*. Magtymguly Pyragy. – Aşgabat, TDNG, 2014.
7. *Magtymguly.* Saýlanan eserler ýygyndysy. – Aşgabat, TDNG, 2014.


## MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ KERAMATLY DIÝARY


**Kakajan Baýramow**


Türkmenistan – Merkezi Aziýanyň halkara strategik ähmiýeti diýseň uly bolan ýurdudyr. Türkmenistanda ýaşaýan, dünýä siwilizasiýasynyň ösüşine saldamly goşant goşan,

umumyadamzat ruhy-medeni gymmatlyklaryny döretmekde we baýlaşdyrmakda mynasyp orny bolan türkmen milleti dünýaniň hem-de Gündogaryň taryhynda möhüm mirasy galdyrypdyr. Ýurdumyzyň şanly Garaşsyzlygyny gazanmagy bilen, türkmen halkynyň medeni-taryhy mirasyny ylmy taýdan çuňňur öwrenmek, taryhy we ruhy-medeni miraslaryny wagyz etmek, halkara ylmy jemgyýetçiligine ýakyndan tanyşdyrmak, ýaş nesillerimize merdana ata-babalarymyzyň gymmatly ruhy-medeni mirasyna hormat goýmaklygy öwretmek hem-de olary milli Galkynyş ruhunda terbiýelemek meselesi, türkmen jemgiýetçiliginiň esasy wezipesi bolup orta çykdy. Bu meseleleriň içinde, ildeşlerimizden bolan beýik şahsyýetleriň, ýurdumyzda ýerleşen keramatly ýerleriň we beýleki mukaddesliklerimiziň öwrenilmegi hem möhüm orny eýeleýär. Türkmenistanyň şanly Garaşsyzlygyny alan döwürleriniň dowamynda, hormatly Ýurtbaştutanlarymyzyň Kararlary bilen, bu mukaddesliklerimize bagyşlanan birtopar halkara ylmy maslahatlar geçirildi.

Halkymyzyň meşhur taryhy şahsyýetleriniň biri, nusgawy türkmen şahyry we alym ulamasy – hezreti Magtymguludyr. Beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyraga bagyşlanyp, 2008-nji ýylyň maý aýynda (şol döwürde «Magtymguly aýy» atlandyrylýardy) halkara derejesindäki ylmy maslahaty geçirildi. Hormaly Arkadagymyz 2014-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygynyň halkara derejesinde bellenmegine badalga berdi: TÜRKSOÝ 2014-nji ýyly «Magtymguly Pyragynyň ýyly» diýip yglan etdi. Alym Arkadagymyzyň tagallasy bilen, Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragy» medaly döredildi (2014) we bu sylagyň ýurdumyzyň hem-de dünýä döwletleriniň medeniýet we sungat, ylym-bilim işgärlerine, edebiýatçylaryna gowşurylmagy, halkara derejede

ýola goýuldy. 2015-nji ýylda Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň merkezinde Magtymguly Pyragynyň medeni ýadygärlikler toplumy we muzeýi bina edildi.

Häzirki wagtda bolsa ak mermerli paýtagtymyzyň günorta künjeginde Magtymguly Pyragynyň medeni-seýilgäh toplumynyň gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar. Türki medeniýetiň halkara guramasy bolan TÜRKSOÝ-yň «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda (2022 ý.), Türkiýe Respublikasynyň Bursa şäherinde geçen mejlisinde, oňa gatnaşyjylar türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy mynasybetli, ýetip gelen 2024-nji ýyly – «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly», Türkmenistanyň gadymy Änew şäherini bolsa 2024-nji ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýip yglan etmek hakynda türkmen tarapynyň öňe süren başlangyçlaryny biragyzdan goldadylar. Türkmenistanyň metbugat neşirleri «TÜRKSOÝ halkara guramasyndaky bu çözgütleriň, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde kabul edilendigini hem-de onuň gözbaşynyň Alym Arkadagymyzyň 2024-nji ýylda Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny bellemek bilen baglanyşykly gol çeken taryhy Kararyndan başlanýandygyny» belleýärler.

XVIII asyrda Balkan sebitlerinde doglan we ýaşap geçen gezende şahyr Magtymguly, döwrüniň tanymal ylahyýetçi alymy Döwletmämmet Azadynyň (1695–1760 ýý.) ogly, talyby hem-de şägirt sopusy bolupdyr. Halk arasynda hormatlanyp «hezreti Garry molla» atlandyrylan şahyryň kakasy Azady «Wagzy-azat», «Behiştnama», «Hekaýat» atly eserleri we birtopar ylahy wagzyýet goşgularyny döreden alym-şahyrdyr. Sopy alym Döwletmämmet Azady Magtymguly Ýonaçynyň ogludyr.

Magtymgulynyň ejesiniň bolsa Gözli atanyň neberelerinden bolan zenandygy etnografik meýdan ýazgylarynda ýazylyp alnan gürrüňlerde agzalýar. Bilşimiz ýaly, ylym eýesi Gözli ata hem türkmen il-ulusynyň keramatly pirleriniň biri bolupdyr.

Halk içinden ýazylyp alnan rowaýatlaryň birinde: «Hezreti Garry mollanyň (Azadynyň) oguljygy doglanda iglije doglupdyr we hiç iglilikden saplanmandyr. Bir gün Garry mollanyň öýüne dosty hezreti Selim Magtym gelipdir. Çagajygyň iglilikden açylmagy niýet edinilip, tanymal ylahyýet alymy bolan Selim Magtymyň etegine atylypdyr. Halk gürrüňlerinde çagajyga «Magtymguly» adynyň dakylmagy hem bu ýagşyzada magtym bilen baglanyşyklymyş diýilýär. Azadynyň dosty bolan Selim Magtym Gaýyp Weli atanyň neberelerinden bolupdyr. (Halk tarapyndan «Gaýyp Weli ata» ýa-da «Gaýypguly Gerçek» atlandyrylýan piriň guburhana kümmeti Ymarat obasynyň ýakynynda ýerleşýär). Selim Magtym Garaoglan hanyň işany eken, ýöne, soňraky döwürlerde Maňgyşlaga gidipdir. Onuň mazary gumuň içindedir».[7]

Beýik şahyrymyz Magtymguly «Ýany biläni» atly şygrynda bu ulamany sarpa bilen ýatlaýar:

Magtymguly diýer, ýigit wagtymyň,
Towpyklyk gözgüsi syýa bagtymyň,
Atamyň dosty ol Selim Magtymyň,
Goýsalar giderin ýany biläni.

Magtymguly Pyragy XVIII asyrda ýaşan Gündogaryň meşhur şahyry, beýik danasy bolmak bilen bir hatarda, öz ýaşan döwrüniň tanymal alymy-da bolupdyr. Gündogaryň musul-

[7] Ymarat obasynyň pir magtymlaryndan bolan Çary Geldimuhammedowdan (Aşgabatda ýaşaýar, 1949-njy ýylda doglan) 2008-nji ýylda alnan maglumat.

mançylyk döwürlerinde ylma uly sarpa goýlupdyr. Sahabalaryň biri Mugaz ibn Jebel hezreti Muhammet pygamberiň aýdan şeýle sözlerini hadysy-rowaýat edipdir: «Ylym öwreniň. Ylym öwrenmek gowlukdyr. Ylym ýolunda bolmak ybadatdyr. Ylym hakda pikir alyşmak ybadatdyr. Ylymda bir meseläni çözmek jahatdyr. Bilmeýäne öwretmek sadakadyr... Ylym ýalňyzlykda ýoldaşdyr. Mysapyrlykda dostdur. Ýalňyz çagyň syrdaşdyr. Gizlin zatlara delildir. Darlykda kömekçidir. Dostlaryň ýanynda bezegdir. Duşmanlara garşy ýaragdyr. Allatagala milletleri ylym bilen beýgeldýär. Olary gowulyklary ýaýmakda ýolbaşçy eder, dolandyryjy eder. Alymlaryň eserlerinden peýdalanarlar. Işlerine uýarlar. ...Ylym ýolbeletdir, beýleki işler hem oňa tabyndyr. Ylym bagtly bendelere berler, günäkär gullar ondan mahrumdyr».[8, 78–79]

IX–XI asyrlarda türkmen il-ulusyndan çykan ynsanlar tarapyndan Ýewraziýanyň dürli sebitlerinde merkezleşdirilen ululy-kiçili döwletler gurlupdyr. Ildeşlerimiziň Gündogarda guran döwletleri has ulalypdyr, merkezleşdirilen hanlyk-soltanlyk şekilindäki hökümdarlyk has güýçlenipdir, halkara söwda we senetçilik senagaty kämil derejedäki ösüşe ýetipdir, medeniýet merkezleri bolan şäherler has giňelipdir, ylym pajarlap ösüpdir. XI asyrda Türkmenistanyň çäginde Beýik Seljuk türkmenleriniň şadöwleti (1038–1194 ýý.; paýtagty Merw, Yspyhan…) we türkmenleriň Anuşteginogullary neberesiniň guran Horezmşalar şadöwleti (1097–1231 ýý.; paýtagty Gürgenç/Köneürgenç/) ýaly imperiýalary gurlupdyr. Bu sebitlerde bolup geçen möhüm taryhy wakalarda uly wezipäni ýerine ýetiren ilat, bu döwletleriň esasy syýasy güýji bolup hereket eden oguz we garlyk türkmenleridir. Yslam halyfatyna goşulan, belli bir bölekleri häzirki Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşen we ildeşlerimiziň köpçülikleýin ýaşan ýerleri bolan Horasan, Horezm we Mawe-

rannahr sebitleri tiz wagtyň içinde musulman Gündogarynyň taryhynda möhüm roly oýnap başlapdyrlar.

Bu döwletlerde şäherleriň ösmegi, binagärçiligiň, sungatyň we ylmyň has pajarlap ösmegine-de sebäp bolupdyr. Şäherlerde medreseler (şol döwrüň uniwersitetleri), hassahanalar, rasathanalar (obserwatoriýalar), kitaphanalar has köp bolup, olar ylmyň jemlenen öýleri bolupdyrlar. Şol döwürden başlap hem biziň ildeşlerimizden çykan alymlar dünýä ylmyna dürli ugurlar boýunça ägirt goşandy goşupdyrlar. Alymlar tyb (lukmançylyk), felsepe (pelsepe, filosofiýa), ylm-i felek (pelek ylmy, astronomiýa), matematika, geometriýa, tebigy ylymlary, dermançylyk, kimýa (himiýa), fizika, ylahy ylymlar we beýleki ylym ugurlary bilen meşgullanypdyrlar. Alymlaryň meşgullanan Gündogar ylmynyň bu ugurlary ylahy ylymlaryna, edep ylymlaryna we müsbet-taglymy (tehniki) ylymlaryna degişli bolupdyr. Farapda doglan we dünýä ylmyna ägirt goşandy goşan meşhur ildeşimiz Abu Nasr Muhammet bin Muhammet bin Tarhan bin Awzalag (Uzluk) Faraby (m.874–950/h.260–339) «Ylymlaryň sanawy» («Ihsa’ül-Ulüm») atly kitabynda musulmançylyk döwrüniň ylmy barada şeýle ýazýar:

«Bu kitaby meşhur bolan ylymlary ýeke-ýekeden sanap, olaryň her biriniň içinde bar bolanlaryň ählisini, şahalaryny, şahalaryň bölümlerini we şol bölümleriň her birinde bar bolanlaryň hemmesini beýan etmek maksady bilen ýazdyk. Kitaby bäş bölüme böldük:

Dil ylmy hem-de bölümleri hakynda.

Mantyk (logika) ylmy hem-de bölümleri hakynda.

Täl’im (öwretme) ylymlary /saýy (sanama), hendese (geometriýa), menazyr, ýyldyzlar, musiki (saz), agyrlyklar / eşkäl (a: ölçegler, şekiller, gylyk-sypat) / ylymlar bilen tedbirler «hiýel» ylymlary/ hakynda.

Tebigat ylymlary, ylahyýet ylmy we bölümleri hakynda.

«Medeni» ylym we bölümleri; fykyh we kelam ylymlary hakynda – bu kitapdaky maglumatlardan peýdalanyp bilersiňiz. Çünki her bir adam bu ylymlaryň birini öwrenmek isläp, bu kitaby gözden geçirse, nämä ykjam girişýändigini, nämäni gözden geçirýändigini, bu öwreniş bilen nähili peýdany alyp biljekdigini, bularyň ählisinden gazanjynyň nähili boljakdygyny, bular bilen haýsy akyl-paýhasy (fazileti) edinip biljekdigini öwrenip biler... Ynsan bu kitabyň saýasynda ylymlaryň arasynda bir deňeşdirmäni edip biler we haýsynyň has üstün derejelidigini, haýsynyň has peýdalydygyny, haýsynyň has açykdygyny (anykdygyny), haýsynyň has ynamdardygyny we haýsynyň has güýçlüdigini, haýsynyň bolsa has gowşakdygyny, has güýçsüzdigini we has ejizdigini biler» [1, 54–55].

Kätib Çelebi bolsa, «felsefiýat» diýlen ylymlary şeýle beýan edýär:

1. *Riýazi ylymlar*. Bu ylymlar hem arifmetika, geometriýa, ylmy nüjüm ( bu astronomiýa we zeýjler (ýyldyzlar) bilen baglanyşyklydyr), müzik bolmak bilen, dört ugra aýrylar.

2. *Mantyk ylymlary.* Bular hem şygyr (goşgynyň üsti bilen öwretme), hitabe (düşündirme, ders, umumy sapak, leksiýa), jedl (jedel, çekişme), delil (fakt getirme) we mugalata bolmak bilen, bäş ugra bölünýär.

3. *Tebigy ylymlar*. Bulary hem ýedi ugra bölüpdirler, magdanlar, nebatlar (botanika), haýwan ylymlary (zoologiýa), tyb (lukmançylyk) ylmy bu ugra degişlidir.

4. *Ylahyýet ylymlary*. Kätib Çelebi muny hem bäş ugra bölüpdir».[2, 2] Ýazar ulanan edebiýatyny «Keşfüzzünun, 2-nji jilt» diýip görkezipdir.

Orta asyr alymlary bu ylymlaryň bir toparyny birlikde öwrenýärdiler we meşgullanýardylar. Hatda, diňe bir ylym ugry

bilen meşgullanan alym ýokdy diýseň hem ýalňyşmarys. Gündogarda nesilden-nesle, halypadan şägirde, mugallymdan talyba ylym geçirmäniň, öwretmäniň iki ugry ulanylypdyr. Olaryň birinjisi, medreselerde kitaplardyr ussat alymlaryň derslerinde we tälimlerinde talyplara ylym öwredilmegi, ikinjisi, şägirdiň ussat halypanyň ýanynda uzak wagtlyk bolup, onuň hyzmatyny edip, onuň bilýän ylymlaryny amaly usulda almagydyr. Elbetde, Gündogar ylmy jemgyýetçiliginde bu ylmy ýörelgeler asyrlarboýy dowam etdirilip gelnipdir, has anygy, XVIII asyrda hem bu ýörelgeler dowam edýärdi. Magtymguly Pyragy bilim alşyň iki ugry boýunça: halypa-şägirtlik ýoly bilen hem, medresede okap, mugallymlaryň derslerini diňläp, kitap açyp maglumat öwrenmek bilen hem ylym alan sowatly kişilerdendir.

Magtymguly dana atasy Döwletmämmet Azadydan oba mekdebinde, döwet-galamy, ýeterlik başlangyç bilimi alanyndan soň, ylym-bilimini artdyrmak maksady bilen, Gündogaryň dürli künjeginde syýahatda hem bolupdyr. Ol 1750-nji ýyllar töwereginde, Nyýazguly (Ýazguly) halypa ýaly meşhur ulamany ýetişdiren Lebabyň ha’alatly piri Idris babanyň ýanyna Halaja, Idris babanyň medresesinde ylym almaklyga gelipdir. Ol hezreti Idris babanyň mugallymlygynda mutassawuflyk derslerini alyp, halypa-şägirtlik bilim ulgamy esasynda hem sopuçylyk ýörelgesinden ýöräp, ymykly ylahy ýola düşüpdir. Magtymgulynyň Idris babanyň medresesinde Lebabyň tanymal şahyry Abdyrahman Zynharynyň atasy, Polat işan bilen bile okandygy hakynda hem halk içinden maglumat ýazylyp alyndy.

1754-nji ýylda Buhara baryp, Gögeldaş medresesinde bir ýyl gowrak bilim alyp, tapawutly tamamlaýar. Bu medresede bile dersleredir söhbetlere gatnaşan, «Möwlana» ylahy bilim derejesini göteren Siriýaly türkmen ildeşi Nury Kazym ibn Bahar bilen dostlaşýar. Häzirki günlerimizde Gögeldaş medrese-

siniň Magtymgulynyň gadamy düşen bir hüjresi, dana şahyryň ady bilen gelen syýahatçylara tanadylýar.

1757-nji ýylda Magtymguly Nury Kazym bilen Hywa baryp, Şirgazy medresesinde derslerini alýar. Şeýlelikde, akyldar mederese okuwlaryny tamamlaýar we bilim-ylym goruny has artdyrýar. Soňra Magtymguly we Nury Kazym Özbegistan, Gazagystan, Täjigistan, Owganystan we Hindistan ýaly ýurtlarda şol ýerli ulamalaryň ylmy söhbetlerine gatnaşmak maksady bilen, syýahatda bolupdyrlar. Gezende şahyr ömrüniň 1760-njy ýyldan soňky zamanlarynda, Maňgyşlak ýarymadasyna, Astrahana hem-de häzirki Azerbaýjanyň, Eýranyň we Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň çäklerinde ýerleşen ildeşlerimiziň ýaşaýan şäherleridir obalaryna syýahata baryp görüpdir.

Medreselerde we halypa ulamalara sopulyk edip elin ylym we bilim alan Magtymguly, kakasy Döwletmämmet Azady ýaly, döwrüniň tanymal alymlarynyň ylymlaryň dürli ugurlary boýunça beren derslerinde ýetişen «dahy» (geniý) ulamadyr. Beýik şahyr öz ylahy we dünýewi eserlerini il-ulusymyz tarapyndan ýeňil okaljak tarzda, halk dilinde ýazypdyr we onuň kitaplary halkyň kalbyna has ýakyn bolupdyr, onuň eserleri söýlüp okalypdyr.

Magtymguly Pyragy Türkmenistan ülkesiniň Taňrynyň nazary düşen mukaddes ülkesidigini we keramat eýesi bolan ulamalaryň watanydygyny buýsanç bilen nygtapdyr. Ol Balkan welaýatynyň daglarynyň hem keramatly pirleriň mekanydygyny şygrynda belleýär:

Kuh erer ýeriň soltany,
Göwsünde gurmuş dukany,
Üç ýüz altmyş pir mekany,
Görseň Hasar dagyndadyr.

Halk tarapyndan «Hakdan içen Şahyr» atlandyrylýan Magtymgulynyň bir topar şygyrlarynda ülkämiziň köp sanly öwlüýä kişileriniň atlary we ýatan zyýarat ýerleriniň atlary agzalmak bilen, sopuçylyga mahsuslykda beýik Taňrydan ylahy ruhy goltgy islenilýär we şol setirlerde halkyň ylahy ynanç-düşünjeleri teswirlenilýär. Muňa mysal hökmünde:

Soltan Weýis Pähliwany,
Hekim ata, Süleýmany,
Hoja Ýusup Hemedany
Şol şahu-zaman içinde.

Ýene:

Ýa, yklym eýesi Ahmet Ýasawy,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?!

Ýene:

Hajy Bekdaş, Abdylkadyr,
Hoja Ahmet, Ymam Ryzadyr,
Feridun bir öwüýädir,
Baryndan hümmet islärin.

Ýene:

...Ýedi weli, ýaran bolup, medet ber,
Meşhet, Gara Baba, ýa Şeýs pygamber...
...Gara Älem ata, ýa Halat Nebi,
Gözli ata, Baba Selman, şypa ber!

Ýene:

Şeblini, Mejnuny alyp gelmişem...

Hem-de:

Şyh Sengan deý uzyn gaýga ulansam,
Şibli kimin toz-topraga bulansam –

ýaly şygyr setirlerini we beýleki şygyr böleklerini görkezmek bolar.

Magtymguly Pyragynyň sarpalan ulamalarynyň biriniň Begdurdy (Bekdurdy) işan bolandygy halk arasyndan ýazylyp alnan maglumatlarymyzda nygtanylýar. Begdurdy işanyň öz döwrüniň uly pirleriniň biri bolandygy mälim. Muny dana şahyrymyzyň «Hudaý degilmi?» atly şygrynyň setirleri hem görkezýär:

Sözle, Magtymguly, aklyň ýetinçä,
Kyýamatyň gazan bikär ýatynça,
Tamugda sen tä güzerden ötinçä,
Pirimiz Bekdurdy işan degilmi?

Gündogaryň beýik sopy alymy Magtymguly:

Habar bergil, Kasym Hojam,
Ne çölüstandyr dagy bäş?

Ýa-da:

Bizden salam bolsun Durdy şahyra,
Nä mährapdyr, sözläp çykan ot nedir?

Hem-de:

Durdy şahyr, senden habar alaýyn,
Öten pygamberiň ýaşy nädendir? –

ýaly şygyr setirleri bilen ýaşan döwrüniň sowatly kişilerine ýüzlenip, ylahyýet ylymlarynyň çuňlukleri barada öz döwrüniň birnäçe ulama şahsy bilen ylmy söhbetdeşlikde hem bolupdyr. Bu setirlerde agzalýan ulamalaryň biri Kasym şyh Magtymguly (öňki Garrygala) etrabynda jaýlanypdyr, öwlat atalardan bolan

beýleki ulama Durdy şyhyň ýa-da Durdy şahyryň takwa kişi bolup, gowakda-da ýaşandygy we Magtymgulynyň uýasynyň oňa durmuşa çykarylandygy barada halk arasynda gürrüňler bar.

Halkymyz:

Azady diýr, bile sapa süreli,
Eýsem ibereli, synap göreli,
«Amin!» diý, tur oglum, pata bereli,
Bir taňry ýar olsun saňa, git, oglym!

– diýip, Magtymgulynyň ylymlar ýoluna gitmegine ak pata beren, ulama Döwletmämmet Azadynyň hem-de onuň ogly Magtymguly Pyragynyň Hakdan ha'alatlydyklaryna, keramatly kişilerdigine ýürekden ynanypdyr. Olaryň guburlaryna ybadata gelipdirler, zyýarat edipdirler. Bu beýik ulama şahyrlarymyzyň guburlarynyň Eýran Yslam Respublikasyndaky ýerleşen ýeri, ildeşlerimiziň iň sarpa goýýan ülkämiziň daşyndaky zyýarat ýerleriniň biridir. Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny gazanmagy bilen, Eýran döwleti bilen dostlukly gatnaşyklar ýola goýlup, öňden ýapyk gapylar açyldy we bu keramatly kişileriň mazarlaryna zyýarata baryp gelmek has aňsatlaşdy. Hormatly Prezidentimiziň hoşniýetli goňşuçylyk daşary syýasatynyň esasynda, her ýylyň maý aýynda, Magtymguly Pyraga bagyşlanan baýramçylyk günlerine gabatlap, bu beýiklerimiziň zyýarathanalaryna zyýarata baryp gelmeklik däbe öwrüldi.

Maglumat ýazylyp alnanynda, bu rowaýatda aýdylanlara ähmiýet bermedigem bolsak, aňymyza bu rowaýatyň aňyrsynda bir hakykat ýatan bolaýmasyn diýen pikir gelipdi. Soňra, «Şirkebir metjidini gurduran Maşat ata bir taryhy şahs bolsa, ol kim bolup biler?» diýen sorag şu setirleriň ýazarynyň aňynda galdy. Ylmy edebiýatlarda köp agzalýan we asly Dehistanly

bolan meşhur taryhy şahslary özünde jemleýän soý-nebere Süller (ýa-da Sülilerr) maşgalasydy. «Maşat ata – es-Süli soýunyň adyny göteren şahslaryň biri bolaýmasyn» diýen pikir bilen gözlege başladym we Maş'ade (ýa-da Mas'ade) es-Süli atly şahsyň üstünden bardym.

Maş'ade bin Said, öz ýaşan döwrüniň tanymal şahyrlarynyň, ediplerininiň we kätiplerininiň biri – Amr bin Maş'adeniň (Ebu'l-Fazl bin Said bin Sül) kakasydyr. Amr bin Maş'adeniň Etrek-Gürgen (Jürjan) sebitlerinde ýaşan we hökümdarlyk eden türkmen hany Süliň neberesindendigini we tanymal şahyr we kätip Ybraýym es-Süliniň bolsa agasynyň ogludygyny (doganoglanydygyny) Taberi, Ibnu'n-Nedim, el-Bagdady, es-Samany, Ýakut el-Hamawy, ibn Hallikan habar berýärler. Maş'adeniň kakasy Said bin Sül Abbasylar halypalygynyň (halyfatynyň) gurulyş ýyllarynda beýleki soýdaşlary–garyndaşlary bilen birlikde möhüm wezipeleri ýerine ýetiripdirler we taryhy çeşmelerdäki meşhur «daýylaryň» (ýa-da «daileriň»)[8] arasynda agzalýar. Kakasynyň täsir-goldawy bilen, Maş'ade halypalar (halyflar) Saffahyň we Mansuryň döwürleriniň meşhur döwlet adamy bolan wezir Halid el-Barmakiniň kätipligine geçipdir.

## EDEBIÝAT


1. *Farabi.* Ihsa'ül-Ulüm / İlimlerin Sayımı. – İstanbul, 1990.

2. *Karakaş, Mahmut.* Müsbet İlimde Müslüman Alimler (Sekizinci asyrdan on sekizinci asra kadar). – Ankara, 1991.

3. *Magtymguly.* Saýlanan goşgular. – Aşgabat, 1975.

4. *Magtymguly.* Şygyrlar. Üç tomluk. I tom. – Aşgabat, 1992.

5. *Magtymguly.* – Aşgabat, 2008.


[8] Daýy ýa-da Dai – Abbasylaryň bu ýerlerdäki wagyzçylary. Daýy adalgasynyň türkmen gyzlaryna öýlenen halypalaryň hem-de ejesi türkmen bolan halypalaryň zamanynda ulanylan bolmagy mümkin. Belki halypa Mansuryň öýlenen türk hatyny asylzada Süller maşgalasynyň gyzydyr...

6. Magtymguly Pyragynyň kämil diwany. – Aşgabat, 2008.
7. *Махтумкули.* Избранное. – М., 2008.
8. *Zamahşary, Mahmyt.* Ýagşyzadalaryň bahary. 4 tom. – Aşgabat, 2004.
9. Türkmen galalary hakynda rowaýatlar. – Aşgabat, 2004.
10. Bagdat'ta ilk Türkler. Ekrem Pamukçu. – Ankara, 1994.

## MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE ZENANLARYŇ WASPY WE SÖÝGI TEMASY

**Aýjemal Babaýewa**

Magtymguly Pyragy türkmen edebiýatynyň taryhynda ýitmejek yz galdyran, bütindünýä poeziýasynyň genji-hazynasyna giren şahsyýet, goşgy bilen gürlän şahyr. Türkmen halky üçin ol beýik dana, bütin adamzat paýhasyny ebedi döredijiligine sygdyryp bilen akyldar şahyr. Türkmen halkynyň çeperçilik medeniýetiniň ösüşinde Magtymgulynyň döredijiligi uly bir döwri gurşap alýar. Şahyryň döredijiligi köp taraplylygy bilen türkmen halkynyň durmuşynyň ähli ugurlaryny öz içine alýar. Dünýä alymlarynyň bellemeklerine görä, «Magtymgulynyň döredijiligi tükeniksiz şypa berýän, dünýä manysyny saçýan parasat çeşmesidir» [7, 110].

Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde durmuşyň dürli ugurlaryna degişli meseleler bilen birlikde, türkmen gelin-gyzlaryň waspy we söýgi temasy ähmiýetli orun eýeleýär. Akyldar şahyr gyz-gelinlere hormat goýup, olary ýaşaýşyň bezegi, maşgalanyň görki hasaplapdyr. Magtymgulynyň yşky lirikasynyň belli bir bölegini zenan gözelliginiň waspyny edýän şygyrlardan ybaratdyr. Bu hili goşgularynda şahyr özüniň sosial poeziýasyny ýüze çykarmaga ýykgyn edýär. Şahyr zenan maşgala

üçin diňe bir boý-syrat gözelligi däl, eýsem ahlak gözelliginiň hem zerur gerekdigini öwran-owran nygtamak bilen, özüniň gözellik meselesine düşünişindäki sosial garaýşyny ýaňzydyp geçýär. Şahyr gözel görküň, zyba çekilen owadanlygyň gadyr-gymmatyna sarpa goýulmagynyň tarapdary bolupdyr. Bu babatda hem Magtymguly özüniň şygra sosial äheň bermek ýörelgesine wepaly bolup galýar [3, 233].

XVIII asyryň kyn şertlerinde, ýagny türkmen halkynyň iň çylşyrymly, heniz türkmen zenanlarynyň ynsançylyk mertebeleriniň feodalizmiň zabun kada-kanunlarynyň ygtyýarynda debsilenen döwründe, Magtymguly Pyragy öz şygyrlarynda türkmen gelin-gyzlary barada söz açyp, olaryň mertebesini ýokary galdyrmagy başarypdyr. Elbetde, Magtymgulydan öň ýaşap geçen şahyrlaryň aýal-gyzlar meselesinde durup geçmäge taryhy şertleri hem bolupdyr, emma şahyryň durmuşa garaýşynda, hakykaty çeper özleşdirişinde, jemgyýeti akyl-paýhas eleginden geçirişinde Magtymguly şahyra taý geljek ýokdur [3, 233].

Şahyryň döredijiliginde türkmen gelin-gyzlarynyň ynsan durmuşyndaky ornuna uly baha berilýär, olaryň jemgyýet içindäki hormaty wasp edilýär. Beýik şahyr «Duz hem bolmasa» atly goşgusynda akylly-başly, edepli-ekramly türkmen gözelleriniň tarypyny edip, gelin-gyzlarsyz durmuşyň manysynyň ýokdugyny dogruçyl beýan etmegi başarypdyr: «Köňül joşa gelmez, dil hem sözlemez, Her ýürekde yşkdan göz hem bolmasa» ýa-da: «Dünýä ýüzi meňzär duzsuz tagama, Söz içinde gelin-gyz hem bolmasa» [8, 43].

Türkmen gelin-gyzlaryna mahsus bolan asyllylyk, agraslyk, mylakatlylyk, alçaklyk ýaly gözel ahlak häsiýetleriň waspy şahyryň döredijilinde eriş-argaç bolup geçýär. Magtymguly Pyragynyň söýgi temasynda «Gözel sen», «Gülzardan aý-

ryldym», «Uýat eýleýir», «Bu derdi», «Boýlaryňa», «Durasyň geler», «Her ýana», «Gaşy ýaý», «Näme sen», «Gördüňmi», «Islärin», «Gözüm düşdi», «Sataşdym», «Aşyk bolmuşam», «Döndi», «Ýandyrar», «Barmy, ýaranlar», «Güle meňzär», «Ýaryň ýagşysyn» ýaly ençeme goşgulary bar.

Magtymgulynyň söýgi lirikasynda, köplenç, türkmen gelin-gyzlarynyň häsiýetini we egin-eşiginiň aýratynlyklaryny görkezýän bölekler, alamatlar hem ulanylýar. Meselem, Şahyryň «Gözel sen» atly goşgusynda: «Usta Jepbar işi, senjap jüpbesi, Yspyhanda gurlan ýaýy gözel sen...» diýen setirlerinde gözel gyz adaty ýaýa däl-de, Yspyhanda gurlan ýaýa meňzedilýär. Çünki taryhdan mälim bolşy ýaly, Yspyhanda (Eýranyň gadymy şäheri) dürli ýaraglar taýýarlanypdyr we iň owadan ýaýlar ýasalypdyr. «Usta Jepbar işi» diýmek bilen, Magtymguly öz gözelini Allanyň sungaty diýip bilýär, ony ýaradylyş taýdan beýik derejä göterýär. Sebäbi ol Allanyň ýaradan zady bolany üçin, iň owadan saýýar. «Senjap jüpbesi» jümlesi hem kül reňkli awysiýdigiň (belkanyň) derisinden tikilen giň we uzyn don barada aýdylýar [11, II. 741]. Şonuň ýaly hem şahyryň «Gözel sen» atly goşgusynda ulanylýan «Saçbagyň ujunyň simdir işmesi...» diýen setirinde türkmen zenanynyň waspy ýetirilýär. Sebäbi «saçbag» türkmen zenanynyň milli bezegi, ol türkmen zenanynyň milli eşiginiň bir bölegi, ýagny saçynyň ujuna işilip dakylýan ýüpekden edilen bagjygy aňladýar. «Saçlyk», «saçujy» diýlip atlandyrylýan kümüş bezegleri türkmen zenanlary saçlaryny bezemek üçin ulanýarlar [5, 256].

Akyldar şahyr öz goşgularynda aýal-gyzlaryň edep-ekramy, olaryň gylyk-häsiýeti, iş başarjaňlygy barada birnäçe öwüt-nesihat beriji ajaýyp setirleri hem bize miras galdyrypdyr. Şahyryň «Durasyň geler» atly aýdyma öwrülen goşgusy arassaçylygy, işeňňirligi, ulyny sylap, kiçä hormat goýmagy, şeýle hem zenan maşgalanyň söýgä mynasyp bolmagy üçin edep-

liligi, mylaýymlygy, süýjüsözlüligi, mähirliligi özüne hemra edinmelidigini ündeýär. Şahyr bu goşgusynda terbiýeli, çeper elli, mylaýymzada, süýji dilli gözelleriň il içinde mertebesini hemişe belentde tutýandygy barada şu aşakdaky bent setirlerinde beýan edýär:

Gözel bardyr, gözellerden zyýada,
Anyň hyzmatynda durasyň geler,
Edepli, ekramly, mylaýymzada,
Tä ölinçäň bile ýöresiň geler.

Magtymguly zenan maşgalanyň waspyny edende, ajaýyp meňzetmelerden, edebi çeperçilik serişdelerden ussatlyk bilen peýdalanypdyr. Mysal üçin, Magtymgulynyň «Gaşy ýaý» atly goşgusynyň: «Bir dilbere duş geldim, gamzasy ok, gaşy ýaý, Gün haýrandyr görkünden, hyjalatda dogan Aý...» diýen setirlerinde gyzyň görki meňzetmeler arkaly wasp edilýär, ýagny şahyr gyzyň gaşyny ýaýa meňzedýär, onuň näzli bakyşy bolsa ok kimin ýüregine sanjylýandygy barada we hemmeleri haýrana goýýan türkmen gyzynyň utanjaň görki barada ýazýar [8, 149].

Türkmen alymy R.Mustakow özüniň «Magtymguly we Gündogar edebiýaty» diýen kitabynda, Magtymgulynyň söýgi temasyna degişli bolan «Her ýana» goşgusynda «ýar» sözi özüniň göni manysynda, ýigidiň arzuwlaýan ýaryny aňladýandygy barada ýazýar. Alymyň pikirine görä, şahyr geljekde duşup, öýlenip, maşgala gurmagy arzuw edýän ýaryna birnäçe talaplar bildirip, onuň nähili sypatlarynyň we häsiýetleriniň bolmalydygyny beýan edip, onuň beden we ruhy taýdan sagdyn, gözel görkli, owadan, akylly, düşbi bolmagyny isleýär [5, 254].

Bir ýar bergil etli-ganly,
Köňli giň, göwsi meýdanly,
Dil bilen, akly kemally,
Ýüzi hem bolsun görkana.

Bu goşguda «ýar» sözüniň adaty durmuşdaky zenan maşgalany aňladýandygy şol sözüň gurşaw manysyndan, realistik detallardan, ýagny onuň ulanylýan kontekstinden gelip çykýar. Zenanyň fiziki sagdynlygyny, onuň boýnunyň uzynlygy ýa-da pesligi ýaly hakyky durmuşyň alamatlary bu goşgyny sufistik mazmunly goşgudan bada-bat tapawutlandyrýar [5, 255].

Magtymguly, köýsem, bişsem,
Ynanmazlar oda düşsem,
Höwesim bar, bir gyz guçsam,
Diýsem sözümni erkana.

Magtymgulynyň «Nowruzdan seni», «Bagrym dilenim», «Kerem islärin», «Hökümli» we käbir beýleki söýgi temasyna degişli goşgularynda zenan keşbiniň tebigy gözelligini, onuň syratyny, ýöreýşini suratlandyrýan jümleler ulanylýar.

Magtymgulynyň dünýewi söýgi lirikasynda ynsan gözelligi we onuň durmuşdaky položitel, gowy görünýän häsiýetleri, onuň gözelligi, sagdynlygy, edep-ekramy wasp edilýär. Şahyr «Güle meňzär» atly goşgusynda owadan ýüzli, akylly-başly, boý-syratly zenanyň her bir sözlän sözüniň manylydygyny beýan edýär.

Şahyryň uly zehin siňdirip, milli ruhda ýazan «Uýat eýleýir» [2, 135] atly goşgusyndaky setirleri adamyň kalbynyň has töründäki duýgularyna aralaşýar. Çünki şahyryň bu goşgusynda liriki gahrymany hyjuwlandyrýan gözeliň häsiýetiniň,

edim-gylymynyň, edep-ekramynyň, däp-dessurynyň, hatda adynyň-da türkmene mahsusdygynyň ideýa-estetik hyzmaty bardygy duýulýar. Akyldar şahyr Meňliniň keşbinde türkmen gyzyna mahsus bolan utanjaňlyk, haýalylyk-edeplilik bilen baglanyşykly goşgy setirlerini getirýär:

Meňli hanym golun dişläp,
Bizden ki uýat eýleýir,
Kä daranyp, uz ýörişläp,
Bizden ki uýat eýleýir.

Akyldar şahyr bu goşgy setirleriniň üsti bilen türkmenleriň gadymy däp-dessury barada gürrüň berýär. Türkmen däbine görä, gyzlar erkek kişini görende goluny dişläp, ýüzüni sowa tutup, salamlaşyp geçipdirler [4, 234].

Magtymguly yşky-liriki temada ýazan goşgularynda öz söýgülisi Meňli bilen baglanyşykly öňde baryjy pikirleri öňe sürýär. Şahyr aýal-gyzlary satmak, dakylmak ýa-da köp aýallylyk ýaly zyýanly dessurlara garşy durupdyr. Şu babatda şahyr gumanistik pikirleri öňe sürýär. Ol gelin-gyzlaryň durmuşda uly hormata, söýgä mynasyp bolmalydygyny nygtaýar. Magtymguly öz şygryýetinde zenanlary, umuman, ýönekeý adamy wasp edip, halkyň bagtly durmuşyny arzuwlap, ýagşylygyň ýamanlygy hem-de adalatsyzlygy hökman ýeňjekdigi baradaky ideýalary öňe sürýär. Emma hakykaty açyp görkezmek üçin şahyryň gözlegleri, zenanyň jemgyýetdäki we durmuşyndaky ornuna, ýaşaýşyň manysyna düşünmek islegleri döredijiliginiň belli bir döwürlerinde Magtymgulyny sufizm filosofiýasyna getirýär. Magtymgulyny sufizme getiren sebäpleriň biri hem sopularyň ynsan düşünjesini öz taglymatynyň merkezinde

goýupdyr we adamy Hudaýyň ýaradan, onuň ruhy siňen iň bir gözel jandary hasaplapdyr. Sopuçylyk pelsepesi Magtymgulynyň yşk ýoluny beýan edýän şygyrlar toplumynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär [5, 250].

Magtymgulynyň söýgi temasyndaky goşgularynyň mazmuny hakyky bolup geçýän hadysalara, wakalara esaslanylandygy bilen düşündirilýär. Magtymgulynyň yşk, söýgi, gelin-gyzlar hakyndaky şygyrlarynyň naýbaşysy, onuň şahsy durmuşy bilen baglanyşykly söýen gyzy Meňlä bagyşlan goşgularydyr.

Şahyryň söýgi lirikasynda goýulýan esasy maksat, aşygyň öz söýgüsini magşugyna ýetirmek bolup durýar. Alym A. Bekmyradowyň pikirine görä, bu ýerde orta asyr rowaýatlaryndaky ýaly, dagyň üsti bilen uzak ýollary geçmek ýa-da däli-porhan bolup çöl-beýewanda gezmek ýaly hereketler barada gürrüň edilmeýär. Şahyr öz söýen gyzy Meňli bilen sazlaşykly gatnaşygy adaty däl hereketleriň üsti bilen däl-de, eýsem gündeki durmuşyndaky hereketleriniň üsti bilen gözleýär. Zehinli şahyr durmuşyň ownuk-ownuk taraplaryny beýan etmek bilen, Meňli gyzyň keşbini çeperçilik bilen üstüni ýetirýär. Şahyr Meňliniň gylyk-häsiýetini, onuň içki dünýäsini açyk görkezmäge synanyşýar. Netijede, şahyr öz söýgülisi Meňliniň doly liriki keşbini döretmegi başarýar. Magtymgulynyň köp goşgularyny rus diline terjime eden rus terjimeçi, alym Arseniý Tarkowskiniň ýazyşy ýaly, «Meňliniň keşbi yşky şygryýet äleminde iň bir ajaýyp keşpleriň biri hasaplanýar» [10, 192].

Meňliniň keşbi Magtymgulynyň «Gözüm düşdi», «Döndi», «Aýryldym», «Uýat eýleýir» ýaly goşgularynda çeperçilik bilen beýan edilýär. Şahyr «Gözüm düşdi» goşgusynda Meňliniň zülpüni, Aý ýüzüni taryplap, onuň leblerini göwhere deňeýär, söýgülisiniň umman dek päkdigini beýan edýär:

Eý, zülpi, saçy anbar!
Mehrap ki, ýüzüň menber,
Eý, lagly-lebi göwher,
Ummana gözüm düşdi.

Akyldar şahyrymyz goşgy ýazmak bilen çäklenmän, zergärçilik sungatyndan hem baş çykaryp bilipdir. Ol gymmat bahaly daşlara dürli şekiller bilen bezeg berip, nagyşlap sungat eserini döredipdir. Şahyr öz goşgy setirleriniň üsti bilen näzeniň gyzlaryň tarypyny wasp edip, olary gyzyla, kümşe, gymmat bahaly daşlara deňäpdir. Şahyr öz söýen gyzy Meňli üçin öz yhlasyny we söýgüsini siňdirip, söýgüsini oňa ýatladyp durmak niýet bilen, altyn-kümüşden ýüzük ýasaýar. Gelin-gyzlaryň ulanýan gymmat bahaly şaý-sepleri halk dilinde «altyn-kümüş» diýlip bilelikde aýdylyşy ýaly, Magtymguly Meňlini altyna, özüni bolsa kümşe deňäp, söýgi duýgularynyň hem birdigini we biri-birinden aýryp bolmaýandygyny beýan etmek isläpdir. «Söwüş bile» diýen goşgusynda şahyr şeýle ýazýar:

Ýüwrük ýetmez uzagyna,
Düşdüm pelek duzagyna,
Meňli gyzyň ýüzügine
Gaşlar goýsam kümüş bile.

Bu ýerde ýene bir zady bellemek zerurdyr. Gadymy türkmen däbine görä, Magtymguly öz magşugynyň söýgüsini gazanyp, onuň barmagyna ýüzük dakmak däbine eýerýär. Şahyryň söýgi duýgulary liriki gahrymanyň hakyky aýdyň hereketleri bilen beýan edilýär. Liriki gahrymanyň hereket örüsi, duýgulanyş gerimi, häsiýetiň çyrpy köplenç, anyklyk bile ýüze çykýar. Çünki şahyr gönüden-göni anyk öz söýen gyzy Meňli bilen bagly bolan belli bir wagtdaky oýlanmasyny suratkeşlik

bilen çyzyp beýan edýär. [3, 235]. Mysal üçin, öňki döwürlerde aşyklar öz magşuklarynyň keşbini, diňe gyzlar üýşüşip eli küýzeli suw almaga obanyň çetinde ýerleşýän çeşmä tarap ugraýan wagtlary görer ekenler. Eli küýzeli türkmen gyzlarynyň keşbi – egni al-ýaşyl keteni köýnekli, öňüne düşüp duran uzyn dört örüm saçly, gupbaly, guba ýörişli gyzlaryň bu suraty şahyryň ylhamyny joşdurypdyr:

Gyz-u juwan uz ýöreýip,
Göz gider bagryň ereýip,
Kölde guba gyz ýöreýip,
Suw seslener gamyş bile.

Magtymgulynyň Meňli gyzyň yşkyndaky joşgunly setirlerinde liriki gahrymanyň şatlygy-da, gaýgy-hasraty-da, buýsanjy-da äşgär ýüze çykýar. Sebäbi Magtymguly özüniň gam-gussaly yşky duýgularyna döwrüň agyr hasratyny siňdirip bilipdir.

Emma şahyryň «Nowruzdan seni» atly goşgusynda: «Bolmady bizde nesibiň, istedim güýzden seni...» diýmek bilen, şahyr öz söýen gyzynyň islegine seretmezden, başga birine durmuşa çykarylýandygy barada beýan edýär [2,186].

Şeýle hem:

Hak gaşynda sözüm ötmez, men ki awara ýok,
Il-gün rehm eýlemezler, men kibi biçäre ýok,
Ýüregim sed para tekdir, hiç tenimde ýara ýok,
Sen garyp sen, men pahyr men, sende mende çäre ýok,
Söwdügim, takdyry-hakdyr aýyrgan bizden seni –

– diýen ýaly sözler bilen ýazylan takdyra, boljak işe hiç hili çäre ýokdugy barada gürrüň berýär. Şahyr bu goşgusynda Meňliniň

özüne nesip etmändigini, onuň haýryny duşman görüp, özüne jebir-sütem ýetendigini nygtap ýazýar [6, 331].

Şahyr özüniň «Gözel sen» diýen goşgusynda gözel gyzlaryň şol döwrüň zabun kada-kanunlarynyň pidasy bolup ýaşandyklary barada nalap şeýle ýazýar:

Her kim güýçli bolsa oňa pir diýrler,
Dertli gülüň dermanyny biýr diýrler,
Gawunyň gowusyny şagal iýr diýrler,
Ykbally bendäniň paýy gozel sen!

Şahyryň bu goşgusynda dünýädäky ýagşy zatlaryň pes, nadan ynsanlara paý bolýandygy barada gürrüň edilýär. Türkmenlerde şagal mekir, namart haýwan hökmünde tanalýar. Bu goşguda hem gözel gyzyň ykbaly güýçli bendä paý bolýandygy barada, şeýle-de gözel gyzyň öz söýen ynsanynyň paýy bolmaýandygy barada aýdylýar.

Akyldar şahyr öz şygyrlarynda diňe söýgülisiniň tarypyny wasp etmek bilen çäklenmän, eýsem ähli asyl terbiýeli türkmen zenanlarynyň hem waspyny taryplap ýazypdyr. Şahyryň zenanlara bagyşlap ýazan goşgularynda türkmen zenanlarynyň edep-terbiýeliligi, asyllylygy, süýji sözlüligi, ar-namyslylygy, eli çeperligi şöhlelendirilýär. Bu bolsa şahyryň zenanlara bolan sylag-sarpasynyň, hormatynyň has uly bolanlygyny görkezýär.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky dil, edebiýat we golýazmalar instituty tarapyndan Magtymgulynyň eneden doglan gününiň 225 ýyllygyna bagyşlap, Aman Kekilowyň redaksiýasy bilen 1959-njy ýylda «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» atly kitap çapdan çykýar. Bu kitapda Magtymguly hakynda iş saparlarda halkyň dilinden ýygnalan dürli rowaýatlar ýazylypdyr. Olaryň arasynda «Magtymguly hem gelin» diýen rowaýatda, zenanyň

edep-terbiýesi barada gürrüň berilýär. «Günleriň bir gününde gelin-gyzlar üýşüşip, Magtymgulynyň adamkärçiligini, ahlagyny taryp edýärler. Olaryň arasynda bir bihaýa gelin bu sözlere pitiwa etmän: «Asyl Magtymguly şahyr meni görenden saýraberse nädersiň!» bezenip-beslenip, Magtymgulynyň ýanyna ugrapdyr. Gün öýläne agan wagtlary, şahyr öýüň töründe kiçijik demir sandygynyň üstünde kagyzyny goýup, çöküne düşüp, goşgy ýazyp otyrka, içerik bir näzenin gelin giripdir. Gelniň bezenişinden hem boýnuny bir gapdala gyşardyp, göz güldürip, gaş kakyşyndan many aňlan Magtymguly, ýüzüni aşak salypdyr. Gelin onuň öňünden çabydynyň apbasylaryny şaňňyrdadyp, eýläk-beýläk geçse-de, epin aralaryna bägül salnyp, telim aýlap demir sandykda ýatan keteniniň beýhuş ediji ysy burnuna ursa-da, şahyr oňa intipis etmändir. Magtymgulynyň has golaýyndan geçmekçi bolan gelniň agyr gyňajynyň uzyn seçekleri syýasy kepemedik haty zaýalapdyr. Gelniň bu gödek hereketlerine şahyryň aşa gahary gelipdir, ol ýüzüni galdyrman oturşyna, «Geçersiň, gelin» diýen goşgusyny düzüpdir. Magtymgulynyň bu goşgusyny diňläp, dürs many çykaran gelniň ýüzi çapady ýaly gyzarypdyr. Ol dodagyny dişläp, gözüne ýaş aýlapdyr-da, hamsygyp, çalt çykyp gidipdir» [9, 48].

Magtymguly öz halkynyň beýik mugallymy, pedagogy hökmünde gelin-gyzlara, umuman, her bir ynsana ýaraşykly we gerek bolan gylyk-häsiýetleri ündäp öwmek bilen bir wagtyň özünde, köpçülige we beýleki ynsanlara hem özüne ýaraşyksyz we zyýan getiriji edim-gylymlary yzygiderli hem berk ýazgarmak arkaly, il-güni terbiýelemekde, olary ruhy taýdan gözel geljek üçin taýýarlamakda alyp baran işi has-da ähmiyetli hem deňi-taýy bolmadyk derejede uludyr. Magtymgulynyň döredijilik dünýäsi bolsa, hakykat ýüzünde adamkärçiligiň ýokary nusgasy bolup durýar. Akyldar şahyryň döredijili-

gindäki yşky-liriki goşgulary barada aýtsak, ol iňňän ýokary derejede. Magtymgulynyň şahyrana döredijiliginiň esasy mazmuny hem zenanlarda, umuman, adamlarda kalby päkligi, gözelligi, mylaýymlygy, halallygy, arassalygy, birek-birege sarpany, ynsanperwerligi terbiýelemekden ybaratdyr.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ömrümiň manysy. – Aşgabat, 2022.
2. *Magtymguly.* Eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2012.
3. *Magtymguly.* Saýlanan eserler. II tom. – Aşgabat, 1983.
4. Türkmen ruhynyň almaz täji. – Aşgabat, 2014.
5. *Mustakow R.* Magtymguly we Gündogar edebiýaty. – Aşgabat, 2014.
7. Magtymgulynyň pähimleri we öwütleri // Köňül nagyşlary. – Aşgabat, 2014.
8. *Garryýew B.A.* Magtymguly. – Aşgabat, 1959.
9. Magtymguly hakynda halk rowaýatlary. (Aman Kekilowyň redaksiýasy bilen). – Aşgabat, 1959.
10. *Bekmyradow A.* Поэтический мир Махтумкули. – Ашгабат, 1993.
11. *Meredow A.* Magtymgulynyň düşündirişli sözlügi. II b. Gonbed Kabus, 1997.


## BEÝIKLIGIŇ WE PARASATLYLYGYŇ NUSGASY

**Enejan Nazarowa**

Hormatly Prezidentimiz: «Türkmen halky münýyllyklaryň ýaňyny özüne siňdiren ýüzlerçe taryhy-medeni ýadygärliklere, edebi gymmatlyklara, golýazma çeşmelerine baýdyr», diýip bellemek bilen, medeni mirasymyzy öwrenmek we özleşdirmek, döwrebap ylmyň mümkinçiliklerini ýerlikli peýdalanyp

halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşyny we jemgyýetiň aňyny kämilleşdirmeklige aýratyn üns berýär.

Bu günki günde Konstitusiýamyzda beýik şahyrymyz Magtymgulynyň, beýik şahsyýetlerimiziň arzuwlaryny, kämil pikirleriniň kemal tapandygyna hem-de geljekki ösüşlerimize ýol-ýörelge bolup durýandygyna ähli halkymyz tüýs ýürekden guwanýar.

Taryha buýsançly, şu gününe guwanýan, geljegine ynamly türkmen halky berkarar döwletiniň binýadyny gün-günden berkidýär. Çünki gazanylýan üstünlikleriň gözbaşynda halkyň guwanjy, gahryman Arkadagy bar.

Gahryman Arkadagymyz halkara derejesindäki abraýy, ýöredýän adalatly ynsanperwer içeri we daşary syýasaty bu gün taryhymyzy, beýik şahsyýetlerimizi, türkmeni dünýä tanatmaga mümkinçilik berýär.

Bu gün halkymyz, Watanymyz bilen ata-babalarymyzyň, beýik şahsyýetlerimiziň ruhy hem galkynýar.

Gahryman Arkadagymyz: «Gündogaryň beýik akyldary we danasy Magtymguly Pyragy özüniň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan goşgulary bilen ynsan kalbynda baky orun aldy. Dana Pyragynyň ynsanperwerligi, halallygy, agzybirligi ündeýän eserleri ähli adamzat üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr» diýip, türkmen halkynyň taryhynda şöhratly yz galdyran şahsyýetlerimiziň biri bolan Magtymguly Pyragynyň şahsyýeti we edebi mirasy barada guwanç bilen nygtap geçýär [1, 1].

Magtymguly watançylyk, agzybirlik, mert ýigitlerimiziň edermenlikleri, türkmen gelin-gyzlarynyň edep-ekramlylygy we başga-da ençeme temalarda eserleri döredipdir.

Şahyr «Türkmen binasy» goşgusynda türkmen taýpalarynyň birleşmek bilen, özbaşdak döwlet gurmaklarynyň mümkindigi hakyndaky ideýany öňe sürýär:

Teke, ýomut, gökleň, ýazyr ahal ili bir bolup,
Kylsa bir jaýga ýöriş, açylar gül lälesi.

XVIII asyrda türkmen edebiýatynda uly özgerişligi amala aşyran «Pyragynyň döredijiliginden nusga alan soňky döwür türkmen edebiýatynyň wekilleri edebiýaty halka ýakynlaşdyrmaga, halkyň dil baýlygyny kämilleşdirmäge, şol bir wagtda edebiýat dilini halk diline ýakynlaşdyrmaga oňyn täsir etdiler.

Ýazyjy Nurmyrat Saryhanow «Kitap» hekaýasynda türkmen klassygy Magtymguly we onuň edebi mirasy barada söz açmak bilen, hekaýanyň baş gahrymany Welmyrat aganyň obrazynda türkmen zähmetkeşleriniň Magtymgula we onuň dürdäne döredijiligine hormatyny, sarpasyny ynandyryjy suratlandyrýar. Magtymgulynyň eserlerinde halkyň adalata, parahat durmuşa teşneligi beýan edilýär. Hekaýada Welmyrat aga ýaly bir sowatsyz adamy bütin maşgalasynyň guwanjy, olaryň güzeranyny dolandyryjysy bolan düýesini kitap bilen çalyşmagy, okap bilmese-de, ony wagtal-wagtal eline alyp görmegi, tüýs ýürekden guwanmagy, onuň her bir setirini bir dünýä hasaplamagy, her bir adamy tolgundyrýar. Magtymgulynyň goşgularyndaky sözler şol wagtky kyn günlerde ýaşan halkyň ýüreklerine teselli beripdir. Magtymguly watançylyk, agzybirlik, mert ýigitlerimiziň edermenlikleri, türkmen gelin-gyzlarynyň edep-ekramlylygy we başga-da ençeme temalarda eserleri döredipdir [3, 203–218].

Öz döwrüniň sowatly adamlarynyň biri Nury Kazym bilen Özbegistana, Täjigistana, Owganystana, Hindistana, soňra Gazagystana, Gruziýa, Astrahana, Siriýa ýaly ýurtlara syýahat edipdir. Bu onuň dünýägaraýşynyň, biliminiň kämilleşmegine ýardam edipdir.

Magtymgulyny şu günlere getiren onuň hakykata, halka, haka ýakyn dürdäne pelsepe häsiýetli goşgulary we beýik şa-

hyra tüýs ýürekden hormaty, ynamy bolan türkmen halkydyr. Çünki şahyr halkyň islegini, arzuwyny pikirini şygra geçirip, halkyň ýagty geljege umydyny artdyran, halkyň kalbynda azat, erkin döwletlilige, bagtyýar zamana ynam döreden şahsyýet.

Magtymguly Pyragynyň ýaşan asyry türkmen halky üçin diňe bir daşardan gelýän howplar däl, eýsem tire-taýpalaryň arasynda hem, çaknyşyklaryň köp duş gelen döwrüdir. Sowatsyzlyk, düşünjesizlik, sadalyk bilen ýaşan halkynyň hal-ýagdaýyny, durmuşyny öz goşgularynda beýan eden Magtymguly, dagynyk ýaşan şol wagtky türkmen halkyny agzybirlige, dürli howplara birleşip, garşy durmaga çagyrýar. Magtymguly «Türkmeniň» goşgusynda türkmenleriň geljekki bagtyýarlygyny, döwletliligini şu setirlerde beýan edýär [2, 10]:

Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,
Göteriler ol ykbaly, türkmeniň.

Dünýä belli akyldar şahyrymyzyň ömri we döredijiligi hem-de onuň edebi mirasy ýaşlarda ýokary ahlaklylygy, watansöýüjiligi, ynsanperwerligi terbiýelemekde taryhy ähmiýetli milli gymmatlykdyr. Hormatly Arkadagymyzyň Permany esasynda Magtymguly Pyragynyň ýadygärligini ebedileşdirmek maksady bilen, şahyryň 290 ýyllygy mynasybetli 2014-nji ýylda «Magtymguly Pyragy» medaly döredildi. Bu medal bilen ýurdumyzyň medeniýetini we sungatyny ösdürmek, şahyryň döredijiligini öwrenmek, wagyz etmek boýunça uly hyzmatlary bitiren adamlar sylaglanylýar.

Häzirki wagtda Magtymgulynyň golýazmalary, onuň goşgularyndaky sözleriň manysy ylmy esasda öwrenilýär, onuň eserleri dünýä dillerine terjime edilýär.

Ýurdumyzyň çar künjeginde Magtymgulynyň ýadygärlikleri, Magtymguly adyndaky etrap, geňeşler, köçeler, Magtymguly adyndaky drama teatr, ýokary okuw jaýy, ýaşlar guramasy bar. Magtymguly şahyrymyza bagyşlanyp kino, sahna, simfoniki, monoopera eserleri döredildi, şahyr barada hekaýalar, powestler ýazyldy.

Suratkeşler Magtymgulynyň portretlerini çekdiler, zenanlarymyz onuň keşbini hala geçirdiler. Milli manadymyzda şahyryň şekili bar. Daşary ýurtlarda Türkiýede, Eýranda, Gazagystanda, Özbegistanda, Azerbaýjanda, Ukrainada, Russiýa döwletinde şahyryň ýadygärlikleri we onuň ady dakylan köçeler bar.

2024-nji ýylda Şahyryň 300 ýyllygyny dabaraly bellemek boýunça işler alnyp barylýar. Köpetdagyň eteginde şahyryň başyny belent tutup arzuw eden türkmen döwletiniň bagtyýarlygyna guwanyp duran täze heýkeli ýerleşýän Magtymguly Pyragynyň medeni seýilgäh toplumy gurulýar.

Ýeri gelende aýtsak, Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň ýygyndysy dünýäniň köp dillerine, şol sanda türk, rus, iňlis, azerbaýjan, arap, ermeni, belarus, gazak, özbek, täjik, gruzin, ukrain, hytaý, ýapon, rumyn we beýleki dillere terjime edildi.

Häzirki wagtda döwrebap tehnologiýalaryň üsti bilen şahyra degişli ähli maglumatlary özünde jemleýän ilkinji gezek «Magtymguly Pyragy ensiklopediýasyny» döretmek, sanly we neşir görnüşindäki «Magtymguly Pyragy diwanyny» taýýarlamak, türkmen şahyrynyň şygyrlaryny dünýäniň dürli dillerine terjime etmek hem-de olaryň tanyşdyrylyş dabaralaryny, kitap sergilerini, döredijilik duşuşyklaryny geçirmek, ylmy-barlag işlerini taýýarlamak meýilleşdirilýär.

Halkara guramalar bilen hyzmatdaşlykda akyldar şahyryň edebi mirasyny dünýä derejesinde öwrenmegi hem-de wagyz etmegi ýola goýmak maksat edinilýär. Şu maksatlar bilen, 2024-nji ýylda Aşgabat şäherinde Halkara ylmy maslahatyny geçirmek meýilleşdirilýär.

Umuman, beýik şahyrymyz Magtymguly özüniň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan eserleri bilen öz döwründe we şu günki günde beýikligiň we parasatlylygyň, halka, adalata ýakyn durmagyň nusgasydyr.

Magtymgulynyň we ata-babalarymyzyň döwletlilik ýörelgeleri, wagyz-nesihatlary bilen kämil raýat jemgyýetini kemala getirmäge aýratyn üns berilmegi bolsa agzybir, zähmetsöýer halkymyzyň dowamat dowam bolmagynyň kepilidir.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* // Türkmenistan, Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününe Gutlagy. 27.06.2022.
2. *Magtymguly.* – Aşgabat, Turan. 1991.
3. *Saryhanow N.* Ýagtylyga çykanlar. – Aşgabat, 1979.

# MAZMUNY

**SÖZBAŞY** .......... 7

MAGTYMGULY PYRAGY: "ŞAHSY HEM JEMGYÝETÇILIK KÄMILLIGINIŇ GÖZLEGINDE"
**Baýrammyrat Taganow** .......... 12

SOPUÇYLYK TAGLYMATY, MAGTYMGULYNYŇ SUFISTIK-MISTIKI HEM-DE DÜÝP YLAHY KONSEPSIÝALARY BARADA
**Baýrammyrat Taganow** .......... 26

MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE DÖWLETLILIK MESELESI
**Ata Nuryýew** .......... 49

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ KEŞBINIŇ TÜRKMENISTANYŇ ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATYNDA ŞÖHLELENDIRILMEGI
**Öwezmyhammet Mämmetnurow** .......... 58

ÖLMEZ-ÝITMEZ DANA MAGTYMGULYNYŇ ALAWY
**Juma Orazgylyjow** .......... 67

MAGTYMGULYNYŇ ZAMANASYNYŇ ŞÄHER GURLUŞYGY WE BINAGÄRLIGI
**Allaguly Berdiýew** .......... 72

MAGTYMGULY GOŇŞY HALKLARYŇ ŞAHYRLARYNYŇ DÖREDIJILIGINDE
**Kakabaý Amanmyradow** .......... 81

MAGTYMGULYNYŇ GOŞGULARYNDA WE TARYHDA WASP EDILÝÄN BAHAR BAÝRAMY
**Orazpolat Ekäýew** .......... 88

MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE TEBIGATYŇ WASPY
**Serdar Atdaýew, Bahar Mämmedowa** .......... 96

TÜRKMEN TEBIGATY – AJAÝYPLYGYŇ NUSGASY
**Annadursun Ataýewa** .......... 105

MAGTYMGULYNYŇ ÝAŞAN MEKANYNDA DÖRÄN GADYMY SUMBAR MEDENIÝETI
**Nurgözel Bäşimowa, Oraznabat Saparmämmedowa** .......... 111

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGINDE ÖZÜŇI ALYP BARYŞ MEDENIÝETI
**Mäti Annanurow, Zarina Lalakowa** .......... 119

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGINE
DÖWLETMÄMMET AZADYNYŇ TÄSIRI
**Atageldi Nepesow ........................................................................ 128**
MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ŞYGYRLARYNDA ZERGÄRÇILIK
**Aýnabat Babaýewa ........................................................................ 138**
MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGINDE
WATANÇYLYK NAMASY
**Hurma Çommadowa........................................................................ 144**
MAGTYMGULYNYŇ ŞYGYRLARYNDA ZENANLARYŇ
MAŞGALADAKY ORNUNYŇ BEÝANY
**Annajemal Orakowa ........................................................................ 150**
MAGTYMGULYNYŇ GOŞGULARYNDA GELIN-GYZLARYŇ
GÖZELLIGINIŇ WASPY
**Bahar Mämmedowa, Bossan Çakanowa ........................................ 156**
MAGTYMGULYNYŇ ESERLERINDE TÜRKMENIŇ
TÖRESINIŇ – MILLI ÝOL-ÝÖRELGESINIŇ TESWIRI
**Alparslan Baýramow, Kakajan Baýramow ........................................ 165**
MAGTYMGULYNYŇ TÜRKIÝEDÄKI ILKINJI NEŞIRI
**Tahyr Aşyrow, Serdar Maşarykow ................................................. 175**
GÜNDOGAR DANALARYNYŇ ESERLERINDE
HÄSIÝET MESELESI
**Oguljemal Jumalyýewa ................................................................ 183**
MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖWRI
WE TARYHY ŞAHSYÝETLER
**Paşaguly Garaýew........................................................................ 188**
MAGTYMGULYNYŇ EDEBI MIRASYNDA YNSAN
TAGLYMATY WE YNSANPERWER GARAÝYŞLAR
**Muhammet Jemilow, Gülälek Annaýewa ........................................ 192**
MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ KERAMATLY DIÝARY
**Kakajan Baýramow ........................................................................ 200**
MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE ZENANLARYŇ
WASPY WE SÖÝGI TEMASY
**Aýjemal Babaýewa ........................................................................ 213**
BEÝIKLIGIŇ WE PARASATLYLYGYŇ NUSGASY.................... 224
**Enejan Nazarowa ........................................................................ 224**

TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
TARYH WE ARHEOLOGIÝA INSTITUTY

# BEÝIK MAGTYMGULY WE TÜRKMEN DURMUŞY

| | |
|---|---|
| Redaktor | *J. Sapargeldiýew* |
| Teh. redaktor | *Ý. Peskowa* |
| Kompýuter bezegi | *M. Ataýewa* |

A – 111682.
Çap etmäge rugsat edildi 07.06.2023.
Ölçegi 60×84 $^{1}/_{16}$. Times New Roman.
Çap listi 14,5. Şertli-çap listi 13, 48. Neşir listi 10,97.
Neşir № 69. Sargyt 00. Sany 200.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň «Ylym» neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.